**1-nji tema: Türkmenistan iň gadymy döwürde.**

1. Kelteminar, Jeýtun we Änew medeniýetleri.
2. Altyndepe iň gadymy şäher döwletidir.
3. Marguş döwleti.
4. Otparazçylyk dini.

**1. Kelteminar, Jeýtun we Änew medeniýetleri.**

Hojalygyň täze maldarçylyk, ekerançylyk pudaklarynyň kemala gelmegi we olaryň kämilleşip başlamagy neolit döwri üçin häsiýetli alamatlaryňbiridir. Bu döwürde dünýäniň dürli regionynda ýaşaýan gadymy adamlaryňjemgyýetinde sosialykdysady, medeni gatnaşyklar dürli depginde ösüp başlapdyr. Ol Türkmenistanda hem şeýle bolupdyr. Mysal üçin, Neolit eýýamynda Günorta Türkmenistanyňdag etek zolagynda ekerançylaryňmedeniýeti ýaýran bolsa Günbatar wPe Gündogar Türkmenistanda ýygnaýjylaryň, balykçylaryň, maldarlaryň özboluşly medeniýeti dowam edipdir. Taryh ylmynda Günbatar Türkmenistanda ýaşan neolit adamlarynyň medeniýeti Merkezi Aziýanyň uly bölegini tutýan Kelteminar medeniýetine meňzeş hasap edilýär. Günbatar
Türkmenistandan Neolit eýýamyna degişli ýadygärlikler esasan Uzboýyň ýakalaryndan, Sarygamyş töwereklerinden tapyldy. Şonuňüçin bu medeniýet "Uzboý medeniýeti" ady
bilen bellidir. Uzboý medeniýetiniňdüşelgeleri biri-birinden 300-400 m. uzaklykda ýerleşipdir, düşelgelerde ýaşaýyş üznüksiz dowam etmändir. Sebäbi aw-awlamak we balyk tutmak üçin amatly ýerlere ýygy-ýygydan göçüp durupdyrlar. Uzboý medeniýetine degişli ýadygärliklerden şol döwre degişli ýaşaýyşjaýlarynyňgalyndylary, daşdan ýasalan zähmet gurallary, ýönekeýje çyzyklar bilen nagyşlanan küýze önümleri tapyldy. Olaryň ýaşaýyşjaýlarynyň ýokarsy gümmezli, uzynlygy 25 metr, ini 4 metr barabar bolup onda bir urug ýaşan bolmaly. Olar esasan awçylyk, ýygnaýjylyk we balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Şeýle-de olar iri we
ownuk şahly mallary hem eldekileşdirip başlapdyrlar. **"Jeýtun medeniýeti".** B.e. öňVII-VI müňýyllygyň sepgidinde Türkmenistanyň Günortasyndaky dag etek zolagynda awçylyk we ýygnaýjylyk bilen meşgul bolan taýpalaryň hojalyk durmuşynda düýpli üýtgeşmeler ýüze çykyp ugraýar. Olar oturymlylyga geçip ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar.
Şeýlelikde olar Ỳakyn Gündogaryň iň gadymy ekerançylyk medeniýetiniň biri bolan "Jeýtun medeniýetini" döredipdirler. Jeýtun obasy Aşgabadyň27-30 km. Dg. Gb-da ýerleşýär. Jeýtun kakynyň golaýyndaky gadymy ekerançylaryň oturymly ýeri ilkinji

bolup alymlaryň ünsüni özüne çekdi. Şonuň üçin neolit döwrüne degişli Günorta Türkmenistandaky ähli ýadygälikler “Jeýtun medeniýeti” diýip atlandyrylýar. Jeýtun ýadygärlikleriniň umumy meýdany 0,5 ga. Deň bolup, onda 40-a golaý bir otagly ýaşaýyşjaýlaryňüsti açylýar. Her otagyň ortaça meýdany 23,5 kw. metre deňbolup, her otagda 5,6 adamdan ybarat jübüt maşgala ýaşan bolmaly. Olaryň jaýlary pagsa (palçyk) jaýlar bolupdyr. Jeýtunlylaryň esasy käri ekerançylyk we maldarçylyk bolupdyr. Munuň şeýledigine şol ýerde geçirilen gazuw barlag işleri netijesinde tapylan dänäniň, samanyň yzlary, 533 sany çakmak daşyndan ýasalan Oragyň tapylmaklygy, geçiniň, itiň, goýnuň süňkleriniň tapylmaklygy şaýatlyk edýär. Şonuň ýaly-da Jeýtunlylar küýzegärçilik bilen hem meşgullanypdyrlar, toýun, palçykdan gap-gaçlar ýasapdyrlar. Jeýtun medeniýetiniň ýadygärlikleri esasan üç döwre bölünýär:

**1). Irki döwri – Jeýtun depe, Tegelek depe (Börme).**

**2). Ortaky döwri – Çopan depe, Pessejik depe**
**(Gökdepe etr.).**

**3). Giçki döwri – Çagylly depe (Kaka etr.).**

**Ç. Änew medeniýeti.**

Eneolit – täze daşasyryndan bürünç asyryna geçiş döwridir. Bu döwür Günorta Türkmenistanyň ilatynyň taryhy ösüşinde aýratyn bir eýýam bolup durýar. Türkmenistanda eneolit döwrüne degişli ýadygärliklerden 30-dan gowragy anyklandy. Olar esasan Günorta Türkmenistanda ýerleşýärler. Olara mysal edip Tilkidepäni, Owadan depäni, Änew depäni, Garadepäni, Namazgadepäni, Ỳylgynlydepäni, Göksüňri ýadygärliklerini görkezmek bolar. Şolaryň ilkinji öwrenilip başlanany Änew depedir. Şonuňüçin Eneolit zamanyna degişli Günortadaky taryhy ýadygärlikler “Änew medeniýeti” ady bilen bellidir. Änew medeniýetiniň Jeýtun medeniýetinden tapawutlylykda öz aýratynlyklary bar. Bu döwürde suwarymly ekerançylygyňösmegi netijesinde ilat oturumlylyga geçip başlaýar. Gadymy suwarymly ekerançylar b.e. öň V müňýyllygyň II ýarymynda peýda bolýarlar. Maldarçylyk we ekerançylyk hojalyga berk ornaşdyrylýar, ekin meýdanlary giňeldilýär, oturymly halkyň sany artýar, demir eretmek dokmaçylyk, küýzegärçilik ýaly hünärler özleşdirilýär. Toýun gap-gaçlarda çyzgylar peýda bolup ugraýar. Haýwanlar işçi güýji hökmünde ulanylyp başlanýar. Änew medeniýetiniň ýadygärlileri Serdar (Gyzylarbat) bilen Göksüýri (Tejen) aralygynda ýerleşip üç zolaga bölünýär:

**1). Günbatar zolok – Serdar – Änew.**

**2). Merkezi zolok – Änew – Gowşut.**

**3). Gündogar zolok – Gowşut – Göksüýri.**

Esasan hem Göksüýri oazisi has oňat öwrenilendir. Göksüýriden (Molladepede) ekerançylygyň suwarymly görnüşine degişli tapyndylar, däne saklanýan küýzeler, däne

owguçlary, saky we saky daşlary tapyldy. Şeýle-de küýzegärçilik, maldarçylyk hem bolupdyr. Änew medeniýetiniňilkinji ýadygärligi bolan Änew depede 1904-nji ýylda Amerikan alymy Rafael Pampelli arheologiki gazuw barlag işlerini geçirýär we ol ýerde b.e. öň V müňýyllyga degişli Ak bugdaýyňtohumy tapylýar. Şeýle-de Änewliler metaly gyzdyryp ýençmek usulyny işläp bilipdirler. Änewlileriň jaýlary bir otagly çig kerpiçden bolupdyr. Soňky döwürlerinde gurluşyk materially hökmünde bişen daş kerpiçler hem ulanylypdyr.

## 2. Altyndepe iň gadymy şäher döwletidir.

Türkmenistanyň bürünç asyry b.e.öň III-II müň ýyllyklary öz içine alýar. Bürünç daşdan ýasalan zähmet gurallaryny gysyp çykarýar. Magdan gözlegleri demiri işläp bejerme, çig mal we taýýar önüm çalşygy öz gerimini giňeldýär. Urug gatnaşyklarynda Materialhalda (Enelik urugy), Derek, Patriarhat (Atalyk urugy) ornaşýar, ýokary tiretaýpa birleşmeleri emele gelip ugraýar. Şeýdip ilkinji şäherler döreýär. Günorta Türkmenistandaky oturymly ýerleriň arasynda Altyndepe has öňe saýlanypdyr. Altyndepe häzirki Altyn Asyr etrap (Kaka etr.), Mäne obasynyň 3-4 km. Gündogar Köpetdagyňeteginde ýerleşýär. Ylymda Altyndepäniňtaryhyny öwrenmek işi XX Asyryň 30-njy ýyllarynda professor A.A.Semýonowyň ýolbaşçylygynda başlandy. Soňra Türkmenistanly Arhiologlar A.A.Maruşenko bilen Ganýalin (1957-63ý.), Sank peterburkly professor W.M.Masson (1965-83ý.) dagynyňýolbaşçylygyndaky ekspedisiýalar öwrendiler. Altyndepäniňtutýan meýdany 46 (50) ga. barabar bolupdyr. Altyndepede arhitektura (binagärçilik) ösen derejede bolup, ol ýerde ybadathana, ýaşaýyşjaýlary, goranyşdesgalary bolupdyr. Bu bolsa Günorta Türkmenistanda gadymy Gündogar tipli şäherleşmek prosesininiňbolandygyny görkezýär. Arheologik maglumatlar Altyndepe jemgyýetinde sosial deňsizligiň bolandygyna şaýatlyk edýär. Ýagny onuň ilaty esasan üç topara bölünipdir:

1). Serdarlar we ruhanylar.

2). Senetçiler we hünärmenler.

3). Azat obşinaçylar.

Ol toparlar öz maddy hal ýagdaýy, ýaşaýyş jaýlarynyň häsiýeti, jeset jaýlaýyş däp-dessurlary, iýmitleri boýunça biribirinden tapawutlanypdylar. Bir Ruhanynyň mazaryndan altyndan ýasalan Öküzüň we möjegiňkelleleri tapylýar. Alymlaryň pikrine görä, Altyndepäniň gülläp ösen döwründe onda bäşmüňden gowrak adam ýaşan bolmaly. Altyndepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde gadymy adamlaryň fiziki keşbi we olaryň ömri barada ençeme maglumatlar toplandy. Tapylan adam süňkleriniň galyndylaryna görä, 4-5 müň ýyl mundan ozal

Altyndepede ýaşan ilatyň 2/3 bölegi 35 ýaşa çenli ýaşapdyrlar. 60-70 ýaşyna ýeten adamlar gaty seýrek eken. Ilatyň aglaba köpüsi uzyn boýly, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýunyň uzynlygy ortaça 180 – 185 sm., aýallaryň boýy 170 sm. töweregi bolupdyr. Çaga ölümi juda köp bolupdyr. Alymantropologlaryň maglumatlaryna görä, Altyndepäniň iň gülläp ösen döwründe 5000-e golaý ilaty bolupdyr, emma olaryň ortaça ýaşy 22,6 ýaşdan geçmändir.. Altyndepede şäheriň ýüze çykmagy hem-de irki synpy jemgyýetiňkemala gelmegi jemgyýetçilik prosesine, hünärmençiligiň senetçiligiň, sungatyň ösmegine, bilimiň toplanmagyna täsir edipdir. Ol ýerden tapylan köp sanly bürünç we kümüş möhürler, daş we bürunç gaplar, başga-da ýokary ussatlyk bilen ýasalan zatlar Senetçiligiň we hünärmençiligiňösenligini görkezýär. Çyzykly belgileri bolan heýkeljikleriň(100-den gowragy), Bürünçde, kümüşden, daşdan, bişen palçykdan ýasalan, ýüzüne dürli şekiller çekilen möhürleriňtapylmagy ilkinji hat-ýazuwy alamatlandyrýar. B.e.öň II müňýyllygyňortalarynda dünýäniň gadymy siwilizasiýasynyňbiri bolan Altyndepede ýaşaýyşbirden kesilipdir. Şäher öz ugryna taşlanypdyr, ybadathana boşap galypdyr. Senetçilik we sungat pese düşüpdir. Namazgadepede hem şonuň ýaly ýagdaý bolup geçipdir.

Altyndepede bagana, deri işlemek giňden ýaýrapdyr. Baganany we derini daşdan ýa-da mermer böleginden ýasalan gyrgyç bilen eýläpdirler. Daşdan ýasalan ýylmaýjylar bolsa, deriniň ýüzüne reňk çalmak üçin hyzmat edipdir. Altyndepäniň we Namazgadepäniň aglaba köpüsi ekerançylyk işlerini alyp barmak üçin täze amatly ýerlere – Murgap derýasynyňaşak akymyna ýa-da Amyderýanyň Orta akymyna göçüp gitmäge mejbur bolupdyr. Ekerançylygyň Murgap derýasynyň jülgelerindäki hem-de Amyderýanyň orta akym ugurlaryndaky ýerleriňgiňmöçberde özleşdirilmegi b.e.öňII müňýyllygyňortalarynda Murgap derýasynyň aşak akymlarynda Marguş ýurdunyň täze merkeziniň döremegine getiripdir. Olaryňoturymly ýerleri Demirgazykda Kelleli diýen ýerden başlap, Gündogarda Tahyrýaba çenli birnäçe gadymy irrigasion jülgeleri emele getiripdir. Ol ýerlerden Marguş ýurduna degişli 150-den gowrak gadymy nokadyň

galyndylary ýüze çykaryldy.

Marguşyň paýtagty Goňurdepe bolupdyr. Goňurdepede köşk ymaratynyňbolanlygy anyklanyldy. Ol köşkde ýurda degişli meseleler bilen meşgullanan ýerli administrasiýa ýerleşipdir. Goňurdepede hünärmenleriňbirgiden kwartallary bolupdyr. Ol ýeriň ilatynyň b.e.öň II müňýyllykda zorastrizme ýakyn dine uýanlygy hem anyklanyldy. Soňra I müňýyllygyňbaşynda Murgabyň aşak akymynda oturymly ekerançylygyň merkezi Margiana döreýär. Margianada maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullananlygyna arheologiki gözlegler netijesinde tapylan zatlar şaýatlyk

edýär. Şeýlede Marglananyň mes toprakly bol hasylly bolanlygy barada Grek awtorlary Strabon we Pliniý hem ýazýar.

**3. Marguş döwleti.**

Aleksandr Makedonskiniň gündogara ýörişi mahalynda özleri üçin Merkezi Aziýany açan gadymy grek taryhçylary grek dilinde aýtmak ýeňil bolar ýaly, bu ýurdy Margiana diýip atlandyryp başlapdyrlar. Orta asyrlarda arap diliniň täsiri astynda bu ýerleri Merw diýip atlandyrypdyrlar. Bu atlar Marg ýa-da Murg sözünden gelip çykyp, bu düýp söz Murgap ("Murguň suwy") derýasynyň adynyň esasyny düzýär,Margiana ýa-da gadymy pars pahna ýazgylarynda Marguş diýlip atlandyrylýan bu gadymy ýurt günorta-gündogar Garagumyň ýarym çöllük zolagyndaky çägedir-takyrlaryň arasynda, häzirki Mary hem Baýramaly şäherleriniň demirgazyk tarapynda , Murgap derýasynyň jülgesinde ýerleşýär. Otparazlaryň mukaddes kitaby bolan "Awestada"otparazlaryň ýerleriniň arasynda Mouri atly ýurt ýatlanylyp geçilýär. Taryhçy alymlaryň pikirine görä,bu ýer gadymy Marguşdyr.

Türkmen alymlary bu ýurdy gadymy Merw diýip atlandyrýarlar. Gadymy Merw köp ýyllardan bäri arheologlar tarapyndan yzygiderli öwrenilýär. Birnäçe düýpli işler hemýazyldy. Olardan professor W.I.Sarianidiniň "Marguş ýurdunyň gadymyýeti" diýen işi aýratyn bellemäge mynasypdyr. Kitapda Marguşyň manydaş sözi hökmünde Margiana sözi ulanylypdyr we bu gadymy siwilizasiýa hakda gymmatly maglumatlar berilipdir. Bu ýerde dünýä belli alymlaryň biri W. I. Sarianidi 1972-nji ýyldan başlap birnäçe gazuw-agtaryş işlerini yzygiderli geçirdi. Geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, 2006-njy ýylyň noýabryn aýynda Aşgabatda we Maryda geçirilen "Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir" atly Halkara ylm y maslahat geçirilip, onda türkmen-rus we Günbatar ýurtlaryň alymlary Mesopotamiýa, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Gadymy Marguş dünýäniň gadymy medeniýetiniň bäşinji ojagy diýlip

ykrar edildi. Häzirki döwürde gadymy Marguşdan alnan bürünç döwrüniň tapyndylary Türkmenistanyň Milli muzeýine ýerleşdirilendir.Murgabyň mes toprakly ýerinde b. e. öňki III müňýyllygyň içinde ownuk oturymly obalar bolupdyr. Derýanyň demirgazyk çetinde, ýagny köp zähmeti talap etmeýän tarp ýerlerde ilat has hem artypdyr. Derýanyň joşan wagty bu meýdanlara suw çaýylypdyr. Bu bolsa ekin
ekmegi aňsatlaşdyrypdyr. Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagyndan: Altyndepeden, Namazgadepeden suw ýetmezçiligi sebäpli göçüp giden ilat Murgabyň gadymy akymynyň ugrunda ýerleşen Kelleli toparynyň otrumly mesgenini, ýadygärliklerini esaslandyrypdyr. Marguş ýurdunyň ilatyny Köpetdagyň eteginden hem-de Gündogar Eýrandan göçüp gelen adamlar düzüpdir.

Olaryň gatyşmagynda Marguşyň ilaty kemala gelipdir. Ilatly ýerler Murgap derýasyna gapdaldan goşulýan ýaplaryň ugrunda biri-biriniň yzyndan hatar tutup Garagumyň günorta-gündogar jümmüşinde ýerleşipdir. Oturymly ýerler demirgazykda Kelleli diýen ýerden başlap, gündogarda Tahyrbaýa çenli birnäçe gadymy irrigasion jülgeleri emele getiripdir. Ol ýerlerden Marguş ýurduna degişli 150-den gowrak gadymy mekanyň galyndylary ýüze çykaryldy. Margianada adamlaryň esasy käri ekerançylyk
bolupdyr. Kellelide galanyň içinde çig kerpiçden we pagsadan salnan ýaşaýyş jaýlarynyň bolandygy anyklandy. Jaýlaryň ýüzi saman suwag bilen suwalypdyr. Jaýlaryň içinde gündelik durmuşda ulanylan öý hojalyk gurallary tapyldy. Kähalatda aýallaryň ýörite iýer -içer ýaly zat taýýralaýan howlyjyklary hem gurlupdyr. Käbir jaýlarda gyşyna gyzdyrmak üçin diwar peçleri, käbirinde bolsa ýatylýan sekiler edilipdir. Margianada ýönekeýje ýaşaýyş jaýlarynyň orta gürpünde köşkleriň, ybadathanalaryň gurulmagy emläk deňsizliginiň bolandygyna şaýatlyk edýär. Aýratyn-da, Goňur galasynda ilatyň ýerleşişi häsiýetlidir. Gadymy Goňurdepe galasy 20 ga meýdany tutupdyr. Ol Margianada iň uly gala bolupdyr. Marguşyň gadymy paýtagty häzirki Garagum etrabynyň golaýynda

ýerleşýän Goňurdepe bolupdyr. Ol ýerde geçirilen gazuwagtaryş işleri wagtynda ululygy 125-130m bolan, gönüburçluk görnüşli, töweregine kuwwatly diwar aýlanan, burçlary minaraly ymarat ýüze çykaryldy. Goňurdepäniň 200-250 metr günortasynda kiçeňräk ybadathanaly uly toplum bina edilip, onuň töwereginde

ybadathanada hyzmat edýän adamlaryň jaýlary bolupdyr. Goňurdepeden 7 metrden hem uzyn bolan küýzegärleriň küresiniň üsti açyldy. Küreleriň üýtgeşik tarapy olaryň iki sany ot ýakylýan ojagyň bolmagydyr. Bu ojaklar köp mukdarda odun salmaga, beýleki kürelerden artyk önüm öndürmäge mümkinçilik beripdir. Gadymy Goňuryň küýzegärleriniň atabraýlary Merkezi Aziýanyň dürli ýerlerine ýaýrapdyr. Küýze

önümlerine köp nagyşlar salnypdyr. Olaryň gyralarynda egrem-bugram ýa-da tolkun şekilli ýönekeý nagyşlar hem duş gelýär. Marguşda oba ilatynyň durmuşynyň ösmegi täze şäherleriň döremegine, öňki şäherleriň bolsa has kämilleşip ösmegine getiripdir. Ol ýerde birnäçe obalar döräpdir. Her obada 100-lerçe jaýlar bolupdyr. Obalaryň ösmegi şäherleriň döremegine getiripdir. Binagärçilik ösüpdir. Jaýlar çig
kerpiçden bolupdyr.

## 4. Otparazçylyk dini

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda Günorta Türkmenistanyň gadymy ýaşaýjylary aradan çykan dogangaryndaşlaryny öz ýaşan ýerleriniň golaýyndaky gonamçylykda

jaýlapdyrlar.Bu däp b.e.öň III-II müňýyllyklaryň sepgidinden bäri saklanyp galypdyr. Marguşdaky ägirt uly ybadathanalar marguşlylaryň aň-düşünjeleriniň garaýyşlarynyň,yrymynançlarynyň ,däp-dessurlarynyň ýokary derejede bolandygyna

şaýatlyk edýär. Şolar ýaly ybadathanalaryň biri Goňurdaky köşge ýanaşyk salnan binadyr. Ybadathananyň merkezi bölegi içki howludan ybarat bolup, onuň bir böleginde dini däpdessurlary berjaý edilýän jaý, beýleki böleginde hojalyk jaýlary

bolupdyr. Ybadathanadaky ojaklar, kül dökülýän ýörite kerpiçden salnan gutular, bu ýerde ot ybadathanasynyň bolandygyna güwä geçýär. Ot ybadathanasynyň gurluşygy we içki gala özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanypdyr.

Täze arheologik açyşlar,alymlaryň otparazçylyk dininiň dörän ýeriniň Margianadygy baradaky pikirlerini doly tassyklaýar. Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllykda Marguş ýokary derejede ösen döwlet bolupdyr. Ykdysadyýet bilen ugurdaş bu ýurtda medeniýet,sungat,dini däp-dessurlar hem ösüpdir. Bu döwürde adamlar otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Ony esaslandyryjy Zaratuştra bolupdyr. Onuň ýaşan döwri

barada alymlar dürli pikirleri ýöredýärler. Iňlis professory M.Boýsuň bellemegine görä ,Zaratuştra biziň eýýamymyzdan öňki 1500-1200-nji ýyllarda ýaşapdyr. Zaratuştra ýeke-täk bir hudaýyň bardygyny, asmanda janly-jansyz ähli zatlary

döredijidigini, adamlaryň şoňa tagzym etmelidiklerini wagyz edipdir. Otparazlar ilki başlarda suwa çokunýar ekenler, soňra oda çokunmak däp bolup galypdyr. Olaryň ýörüte sežde edilýän ybadathanalary bolupdyr.

Otparazçylygyň mukaddes kitaby “Awestadyr”. Ol kitap ýazylan wagty boýunça ilkinji orunda durýan gymmatly ýygyndylar toplumydyr. “Awesta” her haýsy orta hasapdan 500 sahypalyk ,jemi 21 kitapdan ybarat bolup arameý elipbiýinde

altyn suwy çaýylan syýa bilen pergamentiň ýüzüne göçürilip ýazylypdyr. “Awestanyň” 21 kitabyndan biziň döwrümize bir kitap, beýlekilerden 180 sany bölek- büçekler gelip ýetipdir. XVIII asyrda fransuz alymy A.Dýuperron olary toplap öz diline geçirip üç tomda neşir edipdir. Soňra “Awesta” käbir beýleki ýewropa dillerine-de geçirlipdir XIX-XX asyrlarda “Awestany” düýpli öwrenmek boýunça birnäçe işler edilipdir. Ýöne otparazçylygyň pygamberi Zaratuştranyň şahsyýeti barada uzak wagtlap belli bir netijä gelmändir. Gadymy grek alymlary ony taryhy şahs hasaplan bolsalar antik döwrüniň alymlary şübhelenip oňa mif,ýagny, rowaýatlardaky bir akyldar hökmünde garapdyrlar. Meseläni düýpli öwrenen alymlaryň käbiri bu hakda töwekgel netijere gelipdirler. Mysal üçin E.O.Berziniň pikiriçe, Zaratuştra b.e.öňki II asyrda ýaşap geçipdir. Zaratuştra parsça garry ýa-da Sary düýeli adam diýmekligi aňladypdyr.

**2-nji tema: Türkmenistan gadymy döwürde.**

**Soraglar:**

1. Türkmenistan Ahameniler döwletiniň düzüminde.
2. Aleksandr Makedonskiniň basyp alyjylykly ýörüşleri.
3. Beýik Parfiýa döwleti.
4. Kaňly we Kuşan döwletleri.
5. Sasanylar, Afrigiler we Eftalylar döwletleri.

## 1. Türkmenistan Ahameniler döwletiniň düzüminde

**Ahemeniler döwletiniň döremegi.** ***Goňşy Eýranyň çäginde ýaşan gadymy pars taýpalaryny Ahemeni ogly Çişpiş birleşdirip başlapdyr we b.e. öňki 675 - 640-njy ýyllarda baştutan bolupdyr. Ahemeni nesliniň döreden birleşmesi Kir döwründe, ýagny 558 - 530-njy ýyllarda uly döwlet derejesine ýetipdir. Ahemeni döwletiniň paýtagty Persepol bolupdyr. Kir öz döwletiniň kuwwatyny götermek üçin basybalyjylykly söweşlere başlapdyr.***

Gadymy grek taryhçysy Gerodot "Taryh" diýen eserinde Gündogar Ýewropa, Kawkaz, Merkezi Aziýa hakynda we Kir II ýörişleri barada maglumatlary ýazypdyr. Kir II parslardan we golastyndaky beýleki halklardan uly goşun döredipdir. Goňşy ýurtiary Midiýany, Assiriýany, Ermeni şalygyny basyp alypdyr. B.e. öňki 538-nji ýylda Wawilona garşy uruş yglan edipdir. Wawilonyň tabyn edilmegi Pars patyşalygynyň we Kir II abraýyny has-da artdyrypdyr. ***Pars sözi bolan "Kir" türkmençä öwrülende "gahryman, batyr" diýmekdir. Ahemeniler döwletiniň taryhy Ýakyn we Orta Gündogar hem-de Merkezi Aziýa bilen baglanyşykly bolupdyr. Kir II Merkezi Aziýany basyp almak üçin harby ýörişe taýýarlanypdyr.***

**Ýerli ilatyň ahemenilere garşy göreşi.** Bol hasylly türkmen topragy, onuň baýlygy, söwda kerwenleri Kir patyşany gyzyklandyrypdyr we ol şol ýerlere eýelik etmegi ýüregine düwüpdir. Girkaniýany, Parfiýany, Baktriýany, Horezmi öz döwletine zorluk bilen birikdiripdir. Öz üstünliklerini berkitmek üçin Oks derýasynyň kenarynda ýaşaýan massagetlere garşy ýöriş edipdir. Massagetleriň patyşasy şazada Tomiris (Tumar şa) ekeni. Tumar şa: "Sen bu bet päliňden el çek! Ýörişiňi bes et-de, yzyňa gaýt. Eger-de ony etmejek bolsaň, onda biz goşunymyzy derýadan üç günlük yza çekeli welin, arkaýyn biziň ýurdumyza geç, söweşi şol ýerde başlarys. Eger-de ony islemeseň, sen üç günlük öz ýurduňa tarap yza çekil, biz seniň ýurduňda urşa girişeli" diýipdir.

Kir öz beren sözünde durman, aldaw bilen massagetleriň bir serdaryny ýesir alyp, öldüripdir we derýadan geçipdir. Ýesir düşenleriň içinde Tumar şanyň ogly hem bar

ekeni. Gerodot öz işinde massagetleriň patyşasy Tumar şanyň çapar ýollap, Kire aýdan duýduryşyny şeýle snratlandyrýar: "Indi meniň sözüme gulak goý: meniň jigerbendimi goýber we başyňyz bitinkä, ýurdumyzdan gidiň. Eger aýdanlarymy etmeseň, siziň hemmäňizi heläk etjekdigime massagetleriň keramatly howandary we hudaýy bolan mukaddes Günden ant içýärin!" diýipdir.
Massagetleriň goşuny öz Watanyny gorap, gaýduwsyz söweşe başlapdyr. Peýkam, hanjar, naýza bilen garpyşypdyrlar. Bu söweş b.e. öňki 530-njy ýylda bolupdyr. Duşman goşunlarynyň köpüsi, şol sanda patyşa Kiriň özi hem öldürilipdir. Gerodotyň ýazmagyna görä, söweşde parslaryň 200 müňüsi öldürilipdir. Şazada aýal Tomiris bir tulumy gandan dolduryp, onuň içine hem Kiriň kellesini atyp: "Gana suwsadyň, gana hem gark bol" diýenmiş. Kir II ölenden soňky ahemeni şalary hem türkmen topragyny basyp almak niýetinden el çekmändirler.

**B.e. öňki V asyrdaky halk gozgalaňlary.** ***Dariý I b.e. öňki 522-486-njy ýyllarda patyşa bolupdyr. Ol hem basybalyjylykly ýörişlerini dowam etdripdir. Biziň eýýamymyzdan öňki 521-nji ýylyň tomsunda häzirki Kaka etrabynyň çägindäki Gowşut demir ýol menziliniň golaýynda ýerleşen gadymy Patigrabana galasynyň ýanynda Dariý I parfianlary ýeňip, öz häkimiýetini dikeldipdir.***

***Gadymy Marguş - Margiana Ahemeniler döwletiniň iň mes toprakly we köp salgyt ýygnalýan welaýaty hasaplanylypdyr. B.e. öňki 522-nji ýylda ýerli ilat Fradanyň baştutanlygynda gozgalaň edipdir. Gozgalaňçylary goňşy sak taýpalary hem goldapdyrlar. Gozgalan turzanlaryň garşysyna Dariý I Baktriýanyň satraby Dadarşişi uly goşun bilen ýörişe iberipdir.***

Dariý I gozgalaňçylardan ýesir alnan 55 müň adamy jezalandyryp öldürmäge buýruk beripdir. Salgytlaryň mukdaryny has-da köpeldipdir. Gerodotyň ýazmagyna görä, şol salgytlaryň ýyllyk mukdary 400 tonnadan gowrak kümşe deň bolupdyr.

B.e. öňki 517-nji ýylda Dariý I Amyderýadan geçip, saklara garşy ýöriş edipdir. Emma çarwa halklar, sak-massagetler oňa berk gaýtawul beripdirler. Rowaýatlarda Syrak atly bir padymanyň duşman leşgerine: "Ýörüň, men size saklaryň sizden gizlenip ýatan ýerini görkezeýin" diýip, Garagumuň jümmüşine eltendigi we 40 müň leşgeri suwsuz gyrandygy barada aýdylýar.

**Ahemenilerde döwleti dolandyryş ulgamy.** Dariý I öz ägirt uly imperiýasyny 24 sany satraplyga (welaýata) bölüpdir. Onuň döwletine birleşdirilen birwagtky uly döwletler bolan Wawilon, Müsür, Siriýa, Midiýa, Kiçi Aziýa we başgalar satraplara öwrülipdirler. Satraplyklaryň başynda ahemenileriň neberesinden bolan adamlar goýlupdyr. Parfiýa, Margiana, Girkaniýa hem ahemenilere garaşly satraplyga öwrülipdirler.

***Dariý I 35 ýyllap patyşalyk sürüpdir we Ahemeniler döwletini kuwwatly gul eýeçilik döwletine öwrüpdir***. Boýun egdirilen halklar patyşa ummasyz salgyt töläpdirler we

öz ogullaryny gulluga bermeli bolupdyrlar. Gerodotyň berýän maglumatlaryna görä, patyşanyň hazynasyna 1 ýylyň dowamynda ýygnalan salgydyň umumy möçberi 7740 wawilon talantyna, ýagny 232 tonna barabar kümüş bolupdyr.
Dariý I we soňky ahemeni patyşalary öz atlaryndan altyn teňňeleri ýasadypdyrlar. Gyzyl pullary diňe merkezi hökümet zikkelän bolsa, kümüş we mis pullary satraplaryň häkimlerine zikgelemäge ygtyýar beripdir.

Dariý I öz paýtagty Suzy şäherindäki köşgüni bezemek üçin gymmatbaha daşlary hem getirdipdir. Onuň buýrugy bilen paýtagt Suza barýan ýollary gurupdyrlar we atly urşujylardan saklaw nokatlary goýlupdyr. Atlylar gije-gündiziň dowamynda "durnalardan hem çalt" tizlikde çapyp, patyşa iberilýän hatlary we onuň buýruklaryny ýetiripdirler.

Biziň eýýamymyzdan öňki IV asyryň başlarynda Ahemeniler döwleti gowşap ugraýar. Döwlet günbatarda Müsürden başlap, gündogarda Hindistana, demirgazykda Horezmden başlap günortada Pars aýlagyna çenli aralyklary birleşdirip, köpsanly halklary özüne tabyn edipdir. Şol sebäpli bu döwlete zorluk bilen goşulan halklar öz garaşsyzlygy ugrunda göreşip gelipdirler. B.e. öňki 330-njy ýyllarda Ahemeniler döwleti syýasy we ykdysady taýdan doly pese gaçýar we Aleksandr Makedonlynyň harby ýörişi netijesinde ýykylýar.

## 2. Aleksandr Makedonskiniň basyp alyjylykly ýörüşleri.

B. e. öňki 359-njy ýylda Gresiýanyň demirgazyk-gündogarynda kuwwatly Makedoniýa patyşalygy döräpdir. Onuň başyna edenli hem paýhasly Filipp II geçipdir. Filipp II güýçli goşun döretmek üçin harby özgertmeleri geçiripdir. Pyýada goşun, esasan, daýhanlardan hem çopanlardan düzülipdir. Her bir esgere kellä geýilýän tuwulga, tegelek galkan, gysgajyk gylyç we alty metrlik naýza berlipdir. Makedonlylarda 16 hatardan ybarat goşun düzülipdir. Iň oňat ýaraglanan goşun makedon aristokratlarynyň atly goşuny bolupdyr.

Makedon patyşasy pese düşen grek şäherlerini yzly-yzyna basyp alyp başlapdyr. Filipp II-niň şaherlileriň bir bölegini berim-peşgeş bilen öz tarapyna çekýän wagtlary seýrek bolmandyr.

Gündogara ýörişe taýýarlyk görülýän wagtynda b.e. öňki 336-njy ýylda Filipp II öz ýakyn adamlarynyň biri tarapyndan öldürilipdir. Patyşanyň penakärleri onuň yzyndan ýetip, ony hem öldüripdirler. Tiz wagtdan Filipp II-niň 20 ýaşly ogly Aleksandry goşun goldapdyr we tagta çykarypdyr. Ol gujurly, batyr, emma, gaharjaň adam ekeni. Aleksandr özüniň ajaýyp ukyplylygy bilen tapawutlanypdyr we örän oňat bilim alypdyr. Gadymy grek akyldary Aristotel Aleksandryň mugallymy bolupdyr. Aleksandr Makedonskiniň musulman ýurtlarynda ýörgünli ady Isgender Zülkarneýindir. Oňa bu ady araplar dakypdyr.

Şeýle ýagdaýda b.e. öňki 334-nji ýylda Aleksandr Makedonskiniň baştutanlygynda grek-makedon goşuny Egeý deňzinden geçip, Kiçi Aziýa çozup giripdir. Aleksandryň öňüni Granik derýasy baglap durupdyr. Näme etmeli? Ýaşuly serkerde Parmenion ertire çenli garaşyp, säher bilen duşmanyň üstüne çozmagy maslahat beripdir. Emma Aleksandr oňa gulak asman, Granik derýasyny böwsüp geçip, urşa girişipdir.
Şol wagt Ahemeni döwletinde tagt üstünde dawa başlanypdyr, üstesine-de ahemenileriň agyr sütemine garşy uly imperiýanyň bakna edilen halklarynyň gozgalaňlary başlapdyr. B.e. öňki 336-njy ýylda ahemeni patyşasynyň tagtyna çykan Dariý III Kodoman grek-makedoniara garşy uruş alyp barmaga ukypsyz bolup çykypdyr.

Grek-makedon goşuny söweşlerde parslary çym-pytrak edipdir. Aleksandr soňra Ortaýer deňziniň kenarýakasyny syryp, günorta tarap ugrapdyr. Finikiýanyň beýleki şäherleri Aleksandra şol bada tabyn bolupdyrlar. Ol Müsüri hem söweşsiz eýeläpdir. Müsür ruhanylary ony faraon we hudaý diýip yglan edipdirler.

B.e. öňki 331-nji ýylyň ýazynda Aleksandr Makedonskiý goşunlary bilen Müsürden Derýaaralygyna bakan ugrapdyr. Parslaryň patyşasy Dariý III golastyndaky halklardan köpsanly söweşijileri ýygnapdyr. Taraplaryň ikisiniň hem gosunlary Tigr derýasynyň golaýyndaky gadymy Ninewiýa şäheriniň ýakynynda, Gawgamel diýen ýerde, giň düzlükde duşuşypdyrlar. Söweş atly goşunyň çaknyşygy bilen başlanypdyr. Parslaryň ýiti çalgylar berkidilen onlarça söweş arabalary duýdansyz hüjüme okdurylypdyrlar. Emma makedon atyjylary söweş arabalaryny süryänleriň köpüsini gyrypdyrlar.

Aleksandr atly goşun bilen parslaryň goşunlarynyň ortarasyna, Dariniň duran ýerine aralaşypdyr. Falanga hem parslary gysyp öňe süýşüpdir. Dariý ýene-de öz adamlary bilen söweş meýdanyndan gaçypdyr. Galan goşuny hem onuň yzy bilen başagaý bolup, söweş meýdanyndan gidipdirler. Şondan soň grekler Wawilony we Suzy şäherlerini eýeläpdir.

Basylyp alnan olja şeýle bir köp ekeni, alnan altyny we gymmatbahaly zatlary daşamak üçin düýeleriň müňüsi gerek bolupdyr. Bu şäherler grek-makedon goşunlary tarapyndan 7 günläp talanypdyr. Ýeňijileriň paýyna ahemeni patyşalarynyň ähli baýlygy-gaznasy düşüpdir. Pars goşunlary howlukmaçlyk bilen yza çekilipdirler. *Emma tiz wagtyň içinde Dariý III Baktriýanyň satraby (häkimi) Besg tarapyndan öldürilýär. Bess özüni patyşa diýip yglan edýär.*

*Ägirt uly Pars patyşalygy serkerde Aleksandryň goşunlarynyň uran zarbasyndan ýykylypdyr. Aleksandry "Aziýanyň patyşasy" diýip yglan edipdirler.*

Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişi we ýerli ilatyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy göreşi. Pars patyşalygy dargan hem bolsa, onuň aýry-aýry welaýatlary garşylyk görkezmelerini dowam etdiripdirler. Aleksandr Gündogara ýörişini Girkaniýä (Kaspiý) deňziniň günortasy bilen Merkezi Aziýa tarap dowam

etdiripdir. Olar Parfiýa giripdirler. Bu ýerlerde Aleksandryň goşuny örän agyr ýagdaýa düşüpdir. Bu ýerleriň halky erkin bolup, greklere diýseň gaýduwsyz garşylyk görkezipdirler. B.e. öňki 329-njy ýylda grek goşunlary Parfiýadan çykyp, Ariý jülgesine ugrapdyr. Bu ýeriň hökümdary Satibarzan gozgalaň turzup, grekleriň galdyryp giden goşunyny ýok edipdir. Aleksandryň goşuny bilen gozgalaňçylaryň arasynda gazaply söweş bolup, olaryň baştutany wepat bolupdyr.
Grek-makedonlar köp şäherleri weýran edip, ***b.e. öňki 328-nji ýylda Baktriýa*** aralaşypdyrlar. Aleksandr bilen söweşe taýýarlanyp ýörkä, Baktriýanyň hökümdary Bess öz egindeşleri tarapyndan tutulypdyr we jezalandyrylyp öldürilipdir. Aleksandr öz goşuny bilen sogdlaryň paýtagty Marakandany (Samarkant) eýeläpdir. Tiz wagtdan Aleksandr Ýaksartyň (Syrderýa) kenarlaryna baryp ýetipdir.

Aleksandr Marakanda (Samarkant) şäherinde iki ýyla golaý ýaşapdyr. Emma tiz wagtdan Baktriýada, Sogdianada we Merkezi Aziýanyň beýleki şäherlerinde grek-makedon basybalyjylaryna garşy uly gozgalaň başlanypdyr. B.e. öňki 329 - 327-nji ýyllarda başlanan halk gozgalaňyna Spitamen baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylar Marakandada duran grek-makedon goşun bölümini dargadypdyrlar. Aleksandr kömek etmek üçin uly goşun iberipdir. Spitamen bolsa harby hile ulanyp, ilki yza çekilipdir, amatly ýagdaý bolan badyna, garşylyklaýyn hüjüme geçip, grekleri çym-pytrak edipdir. Spitameniň grek-makedon goşunlarynyň üstüne duýdansyz çozuşlary dowam edipdir. Aleksandra Spitameni söweşde ýeňmek nesip etmändir. Grekler bilen dilleşen taýpa serdarlary Spitameniň üstüne haýynlyk bilen çozup, onuň kellesini çapypdyrlar we Aleksandra iberipdirler. Aleksandr Makedonskiý gozgalaň turzanlardan rehimsiz öç alypdyr. Taryhçylaryň ýazmaklaryna görä, Sogdda öldürilenlerih sany 120 müňe ýetipdir.

Uzaga çeken we agyr ýörişler, esasan hem, Merkezi Aziýa halklarynyň garşylygy onuň söweşijilerini güýçden gaçyrypdyr.

B.e. öňki 327-nji ýylda grek-makedon goşunlary Hindistanyň üstüne ýörişe ugrapdyrlar. Hindiler basybalyjylara garşy gahrymanlarça söweşseler-de, makedonlylar olardan doly üstün çykypdyrlar. Aleksandr üstünlikden ganatlanyp, Ganga ýöriş yglan edipdir. Emma onuň goşuny şondan ahry gitmekden ýüz dönderipdir. Aleksandr yzyna gaýtmaga mejbur bolupdyr. On ýyllyk ýöriş b.e. öňki 325-nji ýylda tamamlanypdyr. Aleksandr Hindistanda ähli goşunyny ikä bölüpdir. Onuň bir bölegi çölüň üstünden özi bilen, ikinji bölegi bolsa deňiz bilen yzyna gaýdypdyr.

Bu gaýdyşlykda Aleksandryň goşunynyň 1/3 bölegi ýolda gyrlypdyr, onuň bu ýitgisi 10 ýylda geçirilen söweşleriň hiç birinde-de bolmandyr. Aleksandryň goşuny zordan Wawilon şäherine gelipdir. B.e. öňki 324-nji ýylda Aleksandr Wawilon şäherini öz imperiýasynyň paýtagty diýip yglan edipdir. Aziýanyň patyşasy täjini geýip, ýerli

halklardan bolan serkerdeleri köşgüne çagyrypdyr. Ýerli däp-dessurlary berjaý etmäge başlapdyr.

**Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň dargamagy.** Aleksandr basyp alan ýurtlarynyň ählisinde öz häkimiýetini pugtalandyrmak üçin 30-a barabar şäherleriň düýbüni tutupdyr. Ol şäherlere Aleksandryň ady dakylypdyr, olarda grek hem-de makedon söweşijileriniň bölümleri ýerleşdirilipdir.

Aleksandr öz döwletini berkitmek üçin makedonlylar bilen parslary, esasan hem, ýokary gatlak adamlaryny ýaraşdyrmaga çalşypdyr. Onuň permany bilen bir günde Aleksandryň 10 mün sany esgeri ýerli gyzlara öýlenipdir we uly toý tutupdyr. Aleksandryň özi bolsa Dariniň gyzyna öýlenipdir.

Grek-makedon basybalyşlary netijesinde Balkan ýarym adasyndan Hind derýasyna çenli aralykda ägirt uly döwlet emele gelipdir. Aleksandr Wawilony öz paýtagty diýip yglan edipdir. Gündogaryň patyşalaryna öýkünip, ol egin-eşigini gymmatbaha daşjagazlar bilen bezäpdir, kellesine bolsa täç geýipdir.

Aleksandr täze ýörişleri geçirip, köp ýerleri basyp almagy arzuw edipdir. Hemme ýerlerden goşun çekilip, gämiler gurlup başlanypdyr. Emma, b.e. öňki 323-nji ýylda onuň tutgaýy tutup, aradan çykypdyr. Käbir maglumatlara görä, oňa awy berlipdir hem diýilýär. Onuň jesedi entek jaýlanmanka,Aleksandryň serkerdeleri özara uruşlara başlap, ýer-ýurt üçin biri-birine duşman bolup galypdyrlar. Netijede, Aleksandryň döwleti birnäçe patyşalyga dargapdyr. Olaryň esasylary Makedoniýa, Müsür we Siriýa patyşalyklary bolupdyr. Bu patyşalyklarda hem Aleksandriýa ýaly şäherleriň düýbi tutulyp, ol şäherlerde makedon goşunlary, Gresiýadan göçüp gelenler we ýerli ilat ýerleşdirilipdir.

Şeýlelik bilen, Müsüriň we Alynky Aziýanyň halklary parslaryň süteminden azat bolup, grek-makedon basybalyjyiarynyň sütemine duçar bolupdyrlar.

**Grekler tarapyndan täze şäherleriň esaslandyrylmagy.** Grek makedon agalygyny berkitmek maksady bilen, ***Merkezi Aziýada Aleksandriýa diýlip atlandyrylan bimäçe şäherler gurlupdyr.*** Olaryň arasynda ***Margiana Aleksandriýasy*** öňe saýlanypdyr. Bu şäherde grek-makedonlaryň 20 müň pyýada we 3 müňe golaý atly goşuny ýerleşipdir. ***Türkmenistanyň ýerlerinde Aleksandryň döwründe salnan gala-şäherleriň biri hem gadymy Merwdäki Gäwürgaladyr***. Gäwürgalanyň meýdany 360 ga barabar boiup, taryhy çeşmelerde Antiohiýa ady bilen ýatlanýan antik döwrüniň şäheri bolupdyr. Antiohiýa-Margianasy gadymy döwrüň iň ösen şäherieriniň biri bolup, grek-mekedonlaryň Gündogardaky esasy daýanjyna öwrülipdir. Bu şäher Parhýa döwleti döwründe özüniň gülläp ösen derejesine ýetipdir.

Taryhy maglumatlar, saklanyp galan rowaýatlar Aleksandr Makedonskini edermen serkerde, şeýle hem pähimli hökümdar görnüşinde wasp edýärler. Gündogar

ýurtlarynyň taryhynda we edebiýatynda onuň ady Isgender Zülkarneýin diýlip tutulýar we köp ýurtlaryň hökümdarlary bu ady dereje hökmünde özlerine dakypdyrlar.

### 3. Beýik Parfiýa döwleti.

**Parfiýanyň özbaşdaklygyny gazanmagy.** Biziň eýýamymyzdan öňki III asyrda Selewkiler döwleti gowşap başlaýar. Selewki patyşalygynyň düzümindäki Baktriýa we Parfiýa ondan bölünip aýrylyp, özbaşdaklygyny yglan edipdirler. Baktriýa topragynda Diodotyň hökümdarlygynda Grek-Baktriýa patyşalygy emele gelipdir. Parfiýanyň hökümdary Andragor hem özüni patyşa diýip yglan etse-de, uzak wagt dolandyryp bilmändir. Parfiýa bilen goňşuçylykda ýaşap, göçüp-gonup ýören çarwalar (parnlar-parlar, dahlar) Köpetdag eteklerine süýşüp başlapdyrlar. Olar ilki Parfiýena (häzirki Bereket, Serdar, Baharly) aralaşýarlar. Andragoryň gowşaklygyndan peýdalanyp, parn taýpasynyň serdary Ärsak goňşy grek-baktriýa patyşasy Diodot II bilen ylalaşyk baglaşyp, b.e. öňki 247-nji ýylda selewkileriň elinden döwletiniň gündogar bölegini basyp alýar we özbaşdak Parfiýa döwletini döredýär. Parfiýa döwletiniň düýbüni tutan parn taýpasynyň serdary Ärsak patyşa diýlip yglan edilipdir. Ýyl ýazgylarynda "Ärsakylar asyry" atlandyrylan döwür başlanypdyr.

Täze dörän döwletde parn-parlar taýpasyna aýratyn orun degişli bolandygy sebäpli, bu döwlete Parfiýa ady berlipdir. Ärsak şa öz dolandyran döwründe köp şäherleri saldyrypdyr, obalary gurdurypdyr, goşunyny artdyrypdyr. Ärsak söweşde wepat bolandan soň, dogany Tridat tagta çykypdyr. Aşgabadyň etegindäki häzirki Bagyr obasynyň ýanyndaky Nusaý galasy Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty bolupdyr.

Parfiýa Aleksandr Makedonskiniň döwleti çagşandan soň dünýäniň iň kuwwatly döwletine öwrülipdir. Parfiýa b.e. öňki II - I asyrlarda Rim imperiýasy we Hytaý bilen bäsleşýän uly, ykdysady hem medeni taýdan ösen döwletleriň biri bolupdyr. Parfiýa Gündogar we Günbataryň arasynda möhüm söwda merkezi bolup, ýurtlaryň we halklaryň ösüşine öz täsirini ýetiripdir.

Parfiýanyň daşary syýasaty. Parfiýa patyşalary öz ýerlerini giňeltmäge, täze ýurtlary basyp almaga başlapdyrlar. Parfiýa şalary Artaban I (b.e.öňki 211-196 ý.), Mitridat I (b.e.öňki 171-138 ý.), Frat II(b.e.öňki 138 - 128 ý.) öz döwletiniň çaklerini günbatara has uzaklara giňeldipdir. Eýrany, Wawilony, Mesopotamiýany, demirgazyk Hindistany eýeläp, ägirt uly imperiýany - Parfiýa şalygyny döredipdirler. Antik awtorlary Parfiýanyň 18 şalykdan ybarat bolandygyny ýazýarlar. B.e. öňki 123-nji ýylda Parfiýa tagtyna Mitridat II geçipdir we öz döwletini "Patyşalaryň patyşasy" ady bilen dolandyrypdyr. Mitridat II döwründe parfiýalylar Rimiň gündogar serhetlerine baryp ýetipdirler. Rim konsuly Korneliý Sulla Parfiýa bilen şertnama baglaşyp, bu döwletleriň serhedi Ýewfrat derýasy diýip yglan edilipdir.

Parfiýa öz döwründe günbatarda Rim imperiýasynyň, gündogarda Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr. Parfiýanyň Rim imperiýasy bilen bäsdeşligi, uzaga çeken

uruşlar bilen dowam edipdir. Diňe biziň eýýamymyzyň 53-nji ýylynda bolup geçen Harran (Karry) söweşinde Rim goşuny çym-pytrak edilenden soň, Rim imperatorlary özleriniň Aziýadaky uly mülkleriniň köpüsiniň Parhýanyň elinde bolmagyna razy bolupdyrlar we "hoşniýetli goňşuçylyk" ýaraşygyny baglaşypdyrlar. Ýewfrat derýasynyň kenarynda bolan Harran söweşinde parfiýaly serkerde Süren tarapyndan Spartagy ýeňen rim serkerdesi Mark Krass heläk edilipdir we rimlileriň 10 müňüsi ýesir alnypdyr. Bu söweş barada gadymy grek taryhçysy Plutarh (b.e. 46 -120 ý.) öz ýazgylarynda jikme-jik beýan edipdir.
Kuşan imperiýasynyň kuwwatlanan döwründe (b. e. II asyry) Parfiýa - Hytaý gatnaşyklary başlanypdyr. 107-nji ýylda Hytaý ilçisi Çžan Szýan Parfiýa gelipdir we oňa belent mertebeli myhman hökmünde hormat edilipdir. Ilçini Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň goşun garşylapdyr we paýtagta çenli ugradypdyr. Hytaý Parfiýa döwletinden üzüm, ýorunja tohumyny äkidipdir. Parfiýa şasynyň Hytaý imperatoryna sowgat beren bedew atlary ol ýurtda "asman atlary" hökmünde saklanylypdyr. Hytaýdan Parfiýa ýüpek, polat ýaly birnäçe zatlar getirilipdir.

Parfiýa döwletiniň paýtagty dürli döwürlerde çalşyp durupdyr. Gekotompil (Eýranyň Kumis şäheriniň golaýynda), Ekbatana (Hemedan şäheriniň golaýynda), Ktesifon (Tigr derýasynyň kenarynda) ýerleşipdir.

Biziň eýýamymyzyň başynda, I asyrda Parfiýa döwleti gowşap başlaýar we ondan peýdalanyp, Parfiýa degişli gündogardaky welaýatlaryň köpüsini Kuşanlar döwleti basyp alypdyr. Şol bir wagtyň özünde çarwa sak taýpalary hem Parfiyanyň şäherlerine öz çozuşlaryny dowam etdiripdirler.

*B.e. II asyrynyň başynda Parfiýa gowşap, dürli welaýatlar özbaşdak hereket etmäge başlapdyrlar. Yurduň içinde emele gelen ýagdaýy düzetmäge indi Parfiýa patyşalygynyň güýji ýetmändir. Tiz wagtdan Pars welaýatynyň hökümdary bolan Ardaşir sasanylar döwletini döredipdir. Ardaşir 224-nji ýylda Parfiýa garşy ýöriş edipdir we iň soňky parfiýa patyşasy Artaban V-ni ýeňipdir. Şeýlelikde, dünýä taryhynda imperiýa derejesine ýeten döwlet hökmünde Parfiýa ýaşamagyny bes edipdir.*

## 4. Kaňly we Kuşan döwletleri.

**Kaňly döwletiniň döremegi.** ***Taryhy düşünjeler boýunça Türkmenistanyň demirgazyk etraplary Horezm diýlip atlandyrylýar.*** Gadymy wagtlardan bäri bol suwly, ösen ekerançylykly, baý medeniýetli ýurduň içinden Amyderýa (Oguz derýasy) we Uzboý şahasy akyp geçipdir. Gadymy Amyderýanyň Sarygamyş kölüne we Uzboýuň ugry bilen Hazar deňzine akan ugrunda köpsanly ekerançylyk obalary, çarwaçylyk mekanlary ýerleşipdir. Derýanyň ugrunda kämilleşen suw desgalary gurlupdyr, ýaplar, kanallar gazylypdyr.

*Demirgazyk Türkmenistan b.e. öňki I asyrdan b.e. I asyryna çenli aralykda kaňlylaryň - arabaçylaryň döwletiniň düzümine giripdir. Oguz türkmenleriniň bu gadymy döwletiniň ady Hytaý dilinde "kangýuý" diýlip, türkmen dilinde "arabaçy" diýen manyny berýär*. Kaňlylaryň döwleti Oguz türkmen taýpalarynyň syýasy birleşmesi bolup, taýpa geňeşi tarapyndan dolandyrylypdyr. Geňeşde taýpa han- begleri, harby serdarlar möhüm meseleleri cözüpdirler. Aksakallaryň geňeşi bilen hökümdar saýlanypdyr. Arabaçylaryň her bir maşgalasy ykjam ýaraglanan söweş tälimini bilýän bir atly nökeri goşuna bermäge borçly edilipdir. Arabaçylaryň oňat ýaraglanan, söweşjeň tälim berlen 120 müň atly goşuny bolupdyr. Arabaçylar harby güýje daýanyp, Merkezi Aziýanyň demirgazyk-günbatar bölegini özlerine garaşly edipdirler.
***Kaňly-arabaçy*** döwrüne degişli bolan suw desgalary: bentleri, gaçylary, uly ýaplary Amyderýanyň aşak akymyndaky ekerançylyk obalary barlananda, üsti açylypdyr. Arabaçylar maldarçylyga uly üns beripdirler. Dowarlary, gylýal sürülerini, düýeleri bakmak bilen meşgullanypdyrlar. Arabaçylar mis, bürünç, demir metallaryny eredip, ekerançylyk üçin zähmet gurallaryny, esgerler üçin sowutlary, galkanlary, demir sagdaklary, gylyçlary, aýpalta, naýza wc peýkain uçlary ýaly ýaraglary ýasapdyrlar. Toýun palçykdan gap-çanaklary, kümüş we mis bölеklerinden altyna çaýyp, örän täsin şaý-sepleri ýasapdyrlar. Zynatly nepis lybaslary, goýun we düýe ýüňünden syk dokalan dürli reňkdäki owadan matalary, teletin gönleri öndüripdirler.

Çarwa ilat bilen oturymly ekerançylaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar şäherlerde senetçiligiň, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegine amatly şertleri döredipdir.

Goýungyrlan galasynyň içinden arabaçylaryň sežde eden hudaý heýkelleriniň köpsanlysy tapyldy. Alymlaryň pikirine görä, arabaçylarda merhumlary ýakmak däbi bolupdyr. ***Arabaçylaryň dininde asman baş hudaý hasaplanypdyr. Adamlar Güne, Aýa hem-de ýyldyzlara sežde edipdirler, olara sadaka bagyşlapdyrlar. Ýedigen ýyldyzy arabaçylaryň düşünjesine görä, haýyr-sogap işiniň dörän mekany hasaplanypdyr. Ülker ýyldyzy bolsa adamzadyň ilki dörän mekany hökmünde adamlaryň aňyna siňipdir. Wagtyň geçmegi bilen arabaçylaryň köphudaýlylyk dini ýitipdir. Onuň ornuna otparazçylyk dini agalyk edip başlapdyr.***

**Gadymy Horezmiň ýadygärlikleri.** Türkmenistanyň demirgazyk etraplarynda Kangýuý döwletiniň maddy medeniýetine degişli köpsanly ýadygärlikler saklanyp galypdyr. Amyderýanyň gadymy akymlarynyň birine Kangaderýa ýa-da Tünüderýa diýilýär. Şol deryanyň boýlarynda oturymly obalar köp bolupdyr. Kangagyr diýlip atlandyrylýan belentlikde "Gaňňagala" atiy uly gala bar. Çermenýap kanalynyň boýunda gadymy Şasenem, Galalygyr I, Galalygyr II diýip atlandyrylýan şäherler bar. Şonuň ýaly-da, Köne Was, Maňňyr diýen ýerlerdc derýanyň uly bentleri bar ekeni.
***Bu şäher-galalar b.e. öňki IV asyrdan b.e. IV asyryna çenli ýaşan şäherlerdir. Şäher-galalar berk we beýik diwarlar bilen gurşalyp salnypdyr. Şol döwre degişli***

***Goýungyrlan galasy te- gelek ymarat gömüşinde salnyp, onuň içki diametri 42 metre, daşky diametri 87,5 metre barabar bolupdyr.***
***Galalygyr, Küýzeligyr, Toprakgala, Akjagelin, Şasenem, Köne Was we beýleki galalar Kangýuý döwrüniň syýasy, medeni, hojalyk merkezleri bolupdyr. Olaryň köpüsinde orta asyrlar döwründe-de ýaşaýyş saklanyp galypdyr***.

***Galalygyr şäheri taraplary 1000x720 metr bolan gönüburçluk görnüşinde salnypyr. B.e. öňki V - IV asyrlarda bu ýerde ýaşaýyş gülläp ösüpdir. Galanyň dört tarapy öwrümli diwarlar bilen gurşalypdyr. Galanyň diwarlarynda gönüburçly diňler ýerleşdirilipdir. Her diwarda ötlem-ötlem jaý görnüşli derwezeler gurlupdyr.***

***Küýzeligyr galasynyň taraplary 100x400 metr bolup, tebigy belentlige utgaşyp gider ýaly edip salnypdyr. Bu gala hem b.e. öňki VI - IV asyrlara degişlidir. Gadymy Horezmdäki salnan Toprakgala Kuşan şäherleriniň nusgasyna meňzedilip gurlupdyr. Ol 12 ga meýdany tutýar. Onuň içki galasy, hökümdaryň üç diňden ybarat köşgi, ot ybadathanasy bolupdyr.***

Gadymy Horezmiň özboluşly suratkeşlik, heýkeltaraşlyk sungaty bolupdyr. ***Goýungyrlan galadan tapylan şeýle suratly diwarlaryň birinde eli ýaýly adamyň şekili bar***. Diwara çekilen bu surat Horezmde iň gadymy nusgalaryň biri hasaplanýar. Şeýle suratlar humlaryň ýüzüne-de çekilipdir. Toprakgaladan tapylan horezm şasy Wazamaryň aýalynyň heýkeliniň kellesiniň owadan şekili, Wazamaryň täjindäki guşuň suraty, gadymy Horezmiň özboluşly sungatynyň bolandygyny görkezýär. Horezmli gurluşykçy ussalar äpet köşkleri, ybadathanalary, jaýlary bezemek üçin ýörite galyplarda gežden hyýaly guşuň (Grifon) sekilini taýýarlapdyrlar. Gežden dürli heýkeljikleri, şol sanda erkek hem aýal adamlaryň şekillerini ýasapdyrlar.

Hasyllylygyň, ekerançylygyň we suwuň hudaýy diýlip Anahita diýlen owadan gyz hasap edilipdir. Anahitanyň maňlaýy altyn egmeli, gulagy teneçirli, boýny monjukly, sugunyň derisinden tikilen baý eşikli keşbi heýkeltaraşlykda beýan edilipdir. Horezmiň öz gadymy hat-ýazuwy we nakgaşlyk sungaty bolupdyr.

**Kuşan döwletiniň döremegi.** *B.e. I - IV asyrlar aralygynda Kuşan patyşalygy Baktriýany (Owganystan), demirgazyk Hindistany, Merkezi Aziýanyň köp bölegini, şol sanda Horezmi we Amyderýanyň orta akymlaryny (Lebap welaýaty) öz içine alan uly döwlet bo- lupdyr.*

Kuşan döwletini esaslandyran *çarwa taýpalaryna hytaý ýazuw çeşmelerinde gowşuanlar* diýlip at berlipdir. Gowşuanlar Merkezi Aiýanyň çäklerine aralaşyp grek-baktriýa döwletine gutarnykly zarba urupdyrlar.

*Kuşanlaryň merkezi ilki Kabulyň töwereklerinde bolup, soňra bolsa häzirki Päkistanyň Peşewar şäherine geçirilipdir. Kuşan döwletiniň dili baktriýa dili, dini bolsa budda bolupdyr. Kuşanlylaryň ilkinji patyşasy Kudzula Kadhz bolupdyr*. Kadhz I, Wima Kadhz II, Kanişka döwrün- de Kuşanlar örän kuwwatly atly we pyýada goşun

ýygnapdyrlar. Goňşy ýurtlary basyp alyp, kuwwatly imperiýa öwrülipdir. Kuşanlaryň kuwwatyndan howatyr edip, öň bäsdeşlik edip ýören Parhýa we Hytaý öz aralarynda şertnamalary baglaşyp, Kuşanlara garşy birleşip göreşmäge başlapdyrlar.
*Kuşan patyşalygynyň iň kuwwatlysy Kanişka (78-123 ý.) Araldan Hindistana çenli ýerleri birleşdiripdir. Patyşa Kanişka döwründe Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplary, Amyderýanyň iki kenary Kuşan döwletiniň düzüminde bolupdyr.* Kuşanlaryň zikge etdiren altyn dinarlarynyň agramy 8 g ýetipdir. Şeýle köp altyn Rim imperiýasynda hem ýok ekeni. Häzir dünýäniň muzeýlerinde Kanişkanyň adyndan zikge edilen altyn dinarlarynyň 200-e golaýy saklanylýar. Gadymy galalardan kuşanlylaryň mis pullarynyň hazynasy tapyldy.

Arheologik maglumatlara görä, *biziň eýyamymyzyň başlarynda Amul şäheriniň (Türkmenabat) düýbi tutulypdyr.* Kuşan döwründe Amuldan Hindistana, Horezme we Gündogar Ýewropa ýurtlaryna söwda ýollary gidýän ekeni. Amulda hünärmentçilik giň gerime eýe bolupdyr we onuň ilaty halkara söwdasyna gatnaşypdyr. Amul diňe bir Hytaýdan gelýän harytlaryň ýerleşdirilýän ýeri bolman, eýsem daşary ýurt söwdagärleri ýerli hünärmenleriň öndürýän önümlerini hem başga ýurtlara äkidipdirler. Beýik Kuşan döwletiniň iň uly şäherleriniň biri Termez şäheri bolupdyr. Kuşanlylar Beýik Ýüpek ýoly boýunça Hytaý, Parhýa we Rim bilen söwda gatnaşyklaryny saklapdyrlar. Hytaýdan Merkezi Aziýa ýupekden başga-da, ýüz görülýän aýnalar, lak önümleri getirilipdir.

Kuşanlaryň agalyk eden döwründe Amyderýanyň orta akymlaryndaky Kerki, Beşir, Mürzebeg we Köýtendag ekerançylyk oazislerini özleşdirilipdir. Beşir oazisinde ýedi sany, Kerki oazisinde bäş sany, Mürzebeg oazisinde on ýedi sany, Köýtendag oazisinde bäş sany gür ilatly obalar bolupdyr. B.e. I - III asyrlarynda Türkmenistanyň demirgazyk etraplary, ýagny Horezm ýerleri Kuşanlaryň golastynda bolupdyr. Amyderýanyň boýlaryndaky Gandymgala, Toprakgala, Köne Was, Maňňyrgala, Gaňňagyrgala ýaly gadymy şäherler has- -da giňelipdir**.** Toprakgaladan tapylan arheologik tapyndylar gadymy Horezmiň durmuş we medeni taýdan ösendigine güwä geçýär. Mysal üçin, Horezmiň Kuşan döwrüniň gadymy ilatynyň öz haty bolupdyr. Goýungyrlan galanyň harabaçylyklaryndan alymlar Horezm hatynyň üstüni açdylar. Ol Merkezi Aziýada Kuşan döwrüne degişli tapylan hatlaryň ilkinjisi hasaplanýar. Eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan bu hat gadymy arameý hatyna ýakyn bolupdyr. Gadymy horezmlilerde merhumy jaýlamagyň özboluşly däbi bolupdyr, merhumyň jesedini däl-de, onuň diňe süňklerini jaýlapdyrlar. Onuň üçin jeset gaby (ossuariý) ýasalypdyr. Olar her hili görnüşde daşdan ýa-da alebastr bilen suwalan adaty palçykdan taýýarlanypdyr. Jeset gaplary aýal ýa-da erkek adamyň şekilindäki heýkel görnüşinde bolupdyr. Gadymy horezmlilerde jesedi ýakmak däbi-de bolupdyr. Onuň külüni ýörite gaba salyp saklapdyrlar. Kuşanlar döwründe täze diniň, buddalara sežde etmekligiň ýaýramagy netijesinde öňki däp-dessurlar hem kem-kemden üýtgäpdir.

*Kuşanly dindarlar budda taglymatyny ýaýratmakda köp işleri edipdirler. Asly parfiýaly iki dogan An Şi Gao we An Sýuan kuşanlaryň hyzmatynda durup, Gündogar Türküstanda (Hytaýda) buddaçylygy wagyz etmek we Buddanyň kitaplaryny hytaý diline terjime etmek bilen meşgul bolupdyrlar.*

Kuşanlarda ylym, aýratyn hem astrologiýa, mifologiýa, şekillendiriş sungaty ösdürilipdir. Bu ugurda Hindistanda gazanylan üstünlikler Merkezi Aziýa ýurtlaryna uly täsir edipdir. Kuşanlar döwletiniň öz haty - ýazuwy hem bolupdyr.

Kuşanlar döwrüniň ýadygärlikleri. Patyşa Kanişka döwründe (II a.) Türkmenistanyň gündogary, ýagny Lebap etraplary Kuşanlaryň golastynda bolupdyr. Türkmenabat - Atamyrat aralygynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde Amyderýanyň kenarynda Beşir, Kerki, Mürzebek, Köýten diýen gadymy galalaryň Kuşanlar döwrüne degişlidigi anyklanylypdyr. Akgala ýadygärliginden bolsa Kuşanlar döwrüne degişli budda aýalyň palçyk heýkeli tapyldy. Kuşan imperiýasynyň düzüminde bolan döwründe Amul uly söwda merkezi hasaplanyp, 175 ga meýdany tutupdyr. Amul Beýik Ýüpek ýolunda ýerleşip, onuň ilaty halkara söwdasyna gatnaşypdyr.

*Beýik Kuşanlaryn döwrüne degişli Demirgazyk Türkmenistanda has içgin öwrenilen ýerleriň biri Toprakgaladyr. Onuň daşy çig kerpiçden galdyrylyp, galanyň içinde uly iki gatdan ybarat horezmşalarynyň köşgi ýerleşdirilipdir. Horezmiň Kuşan döwrüniň gadymy ilatynyň öz haty bolupdyr. Gadymy Goýungyrlan galanyň harabaçylygyndan alymlar eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan horezm hatynyň üstüni açdylar.*

*Kuşanlar döwründe buddaçylyk Margiana hem ýaýrapdyr.* Gadymy Merwiň Gäwürgalasyndan budda ybadathanasynyň jaýy we Budda hudaýynyň ägirt uly (75 sm) kelle heýkeli tapyldy.

*Kuşanlar döwleti III asyrda gowşap başlaýar. Eýranda dörän kuwwatly Sasanylar döwleti ilkibada Parfiya şalygyny, soňra bolsa Kuşan patyşalygyny hem basyp alypdyr. IV - V asyrda öňki Kuşanlaryň hökümdarlyk eden ýerlerini eftalylar-abdallar eýeläpdirler we sasanylary ol ýerlerinden kowup çykarypdyrlar. Kuşanlaryň döwri Türkmenistanyň taryhynda gul eýeçilik gurluşynyň dargap, feodalçylyk düzgünleriniň başlanan döwri hasaplanylýar.*

## 5. Sasanylar döwleti. Afrigiler we Eftalylar döwletleri

Sasanylar döwletiniň emele gelmegi. *III asyryň başynda Parfiýa döwleti gowşapdyr we onuň ornuna Sasanylar döwleti emele gelipdir. Sasanylar döwletini esaslandyryjy Ardaşir I 226-njy ýylda tagta çykýar we "şalaryň şasy" adyny alypdyr. Tiz wagtdan Eýran, Owganystan, Mesopotamiýa, Merkezi Aziýa sasanylar tarapyndan basylyp alnypdyr. Margiana, Köpetdag etekleri, Etrek derýasynyň kenarlary hem sasanylaryň golastynda bolupdyr.*

Sasany şalary özlerinden öňki Eýran şalarynyň däp-dessurlaryny, zoroastrizm dinini gaýtadan dikeldipdirler. Sasany şalary Şapur I (242 ý.), Warahran I (276 - 293 ý.), Hosrow (531 - 578 ý.) ýurdy dolandyrmak üçin dürli däpleri, salgytlary girizipdirler. Patyşalaryň hormatyna paýtagtda hemişelik ot ýakylyp goýlupdyr we ýörişe gidilende, ýany bilen äkidilipdir. Patyşalara Nowruz güni uly dabara bilen täç geýdirer ekenler.

Sasanylar döwleti Margianany, Köpetdagyň demirgazyk eteklerini, Dehistany, Amyderýanyň çep kenarlaryndaky ýerleri hem özüne birikdirýär. Emma Horezm ýerlerini we Beýik Kuşanlar döwletini basyp almak olara başartmandyr.

III asyryň ahyrynda Kuşan döwleti dargandan soň, Amyderýanyň çep kenaryndaky giň welaýatlar sasanylara birikdirilipdir. Emma IV asyryň ortalarynda eftalylaryň harby ýörişleri netijesinde sasanylar Türkmenistanyň ýerlerinden gysylyp çykarylypdyr.

Afrigiler döwletiniň döremegi. Biziň eýýamymyzyň 344-nji ýylynda Afrig diýen patyşanyň tagta geçmegi bilen Amyderýanyň aşak akymlarynda täze Afrigiler nesilşalygy döreýär. Bu döwletiň başynda Afrigiler neberesinden bolan Horezmşa durupdyr.

*Gündogaryň belli alymyAbu Reýhan Biruny (IX asyr) "Horezmliler ýyl hasabyny Afrigiden we onuň nesillerinden başlap ýöredipdirler" diýip ýazýar. 01, şeýle hem, Afrigiler döwletinde hökümdarlyk eden şalaryň 22-siniň atlaryny agzap geçipdir.*

*Afrigiler döwletiniň paýtagty ilkibaşda Toprakgala, soňra bolsa Kät şäheri bolupdyr. Şol eýýamyň has gadymy ýadygärliklerinden Gabatgala, Pilgala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly galalar orta asyrlarda-da saklanyp galypdyr.*

Bu ýerde salnan Toprakgala giçki Kuşan şäheriniň nusgasy hasaplanýar. 0l 12 ga golaý meýdany tutýar. Galanyň bir burçunda içki gala bolup, onda hökümdaryň köşgi ýerleşipdir. Bu galada ot ybadathanasy bolupdyr.

Gazuw-agtaryş işleri netijesinde afrigiler döwrüniň ýadygärliklerinden el degirmenleri aýratyn köp tapylýar. 01 bolsa hojalykda ekerançylygyň esasy orun tutandygyna şaýatlyk edýär. Emma V - VII asyrlarda Horezmde çarwa taýpalarynyň zor salmagy netijesinde ekerançylyk meýdanlary azalypdyr, käbir ýerlerde ýaşaýyş kesilip, şäherler weýran bolupdyrlar. Kerwen ýollary gözegçilikden galypdyr. Toprakgala, Dumangala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly şäherler we galalar çarwa taýpalarynyň çozuşlary netijesinde boşap galypdyr.

Afrigiler döwrüniň özboluşly hünärmentçiligi we çeper sungaty bolupdyr.
Eftalylar döwletiniň döremegi. *IV asyrda taryhda "Halklaryň beýik göçüşi"ady bilen belli bolan çarwa taýpalarynyň (hunlaryň) köpçülikleýin göçi başlanýar. Hunlaryň çozup gelmegi oturymly ilaty çarwa taýpalaryň hereketine garşy syýasy taýdan*

*birleşmäge mejbur edýär. Şeýle ýagdaýda Merkezi Aziýada hionitleriň we abdallaryň (eňalylar) kuwwatly birleşmesi döräpdir.*
*Taryhy çeşmelerde eftalylar diýen at patyşa Eftalynyň adyndan galypdyr diýilýär. Bu döwlete häzirki Türkmenistanyň ähli ýerleri diýen ýaly, şeýle-de häzirki Owganystanyň, Eýranyň ýerleri, Hindistanyň demirgazyk bölekleri giripdir. Taryhy maglumatlara görä, eftalylar döwletiniň paýtagty Paýkent şäheri (Buharanyň golaýynda), başga bir maglumatlara görä, Balh şäheri bolupdyr hem diýilýär. Eftaly patyşalaryndan Akşuňkaryň 457-nji ýylda Balhy we Badahşany eýeländigi, Töreamanyň Hindistana ýörişe başlandygy, onuň ogly Mihraguluň 510-njy ýylda Penjaby we Kaşmiri eýeländigi aýdylýar.*

Eftalylar goňşy Sasany döwleti bilen köp söweşleri edipdirler. Şeýle söweşleriň biri V asyrda häzirki Baýramaly şäheriniň golaýyndaky Kişmeýhan diýen gadymy galanyň ýanynda bolupdyr. Sasany şalary Bahram Gur (421 - 438 ý.), Peroz (459 - 484 ý.) eftalylar bilen söweşleri alyp barypdyrlar.

VI asyryň ortalarynda Eftalylar döwleti goňşy türk hanlyklarynyň uran zarbasy netijesinde ýaşamagyny bes edipdir.

**3-nji tema: Türkmenistan b.e. öň VI - IV asyrlarda.**

**Soraglar:**

1. Araplaryň Türkmenistany eýelemegi.
2. Yslam dini we gurhan.
3. Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy gozgalaňlary.

**1. Araplaryň Türkmenistany eýelemegi.**

Bitewi arap döwleti emele gelenden soň, täze ýerleri eýelemek we yslam dinini ýaýratmak üçin ýörişler başlanýar. Araplaryň atly goşunlary Wizantiýa tarap hüjüm edipdirler we Siriýany, Palestinany we Müsüri alypdyrlar, birneme soňrak bolsa bütin Demirgazyk Afrikanyň deňiz kenarlaryny eýeläpdirler. Şol bir wagtyň özünde Eýran hem basylyp alnypdyr. 711-714-nji ýyllarda araplar bütin Ispaniýany diýen ýaly alypdyrlar, diňe 732-nji ýylda Puatýeniň eteginde araplaryň hüjümleri franklar tarapyndan togtadylypdyr.

Gündogarda araplar Hind deryasynyň kenaryna ýetipdirler. Merkezi Aziýany eýeläp, arap goşunlary 751-nji ýylda Talasyň ýanynda hytaý goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. Şeýlelikde, yslam dini alyslara ýaýrapdyr we köp halklaryň ösüşine uly täsir edipdir. Basylyp alnan ýerlerde kuwwatly arap halyfaty kemala gelipdir.

Araplar Eýrana girende, sasanylaryň patyşasy Ýezdigert III paýtagtyny taşlap, Merwe gaçyp gelipdir we şol ýerde öldürilipdir. 651-nji ýylda araplar Türkmenistanyň günorta etraplarynda peýda bolýarlar. Horasany tutuşlygyna eýeläp, Nusaý. Abiwert. Sarahs şäherlerini gabapdyrlar. Şäher ilaty garşylyk görkezmezden boýun egip, köp mukdarda paç tölemeli bolupdyr.

Merwiň häkimi Mahyýa araplar bilen şertnama baglaşyp, 2 mln 200 müň dirhem (pul birligi), köp mukdarda galla, gul we at beripdir. Halyf Alynyň edara eden döwründe (656-661 ý.), Merwiň häkimi Kufa şäherine çagyrylypdyr. Aly oňa "Merw welaýatynyň hökümdary" diýen kepilnama - ynanç hatyny beripdir.

639 - 643-nji ýyllarda arap serkerdesi Suweýt Ibn Mukarrak iki gezek ýöriş edip, Jurjany (Gürgeni) we Dehistany eýeläpdir.

Muňa garamazdan, Türkmenistanyň käbir ýerlerinde birnäçe ýyllap araplara garşy söweşipdirler. 709-njy ýylda Sarahsyň ilaty Nyzak Tarhanyň ýolbaşçylygynda araplara garşylyk görkezipdir. Arap goşunlary şäheri zabt edip alypdyrlar. 716-njy ýylda araplar 100 müň goşuny bilen Dehistanyň üstüne ýöriş edipdirler. Dehistanyň patyşasy Sul öz ýurduny araplara bermek islemändir. Araplar alty aýlap galany gabawda saklapdyrlar. Galany goraýjylar berk garşylyk görkezipdirler. Emma suw ýetmezçiligi Suluň araplar bilen ýaraşyk baglaşmagyna getiripdir.

Türkmenistanyň demirgazyk welaýaty bolan Horezm VIII asyryň başyna çenli özbaşdaklygyny saklapdyr. Horezmde başlanan gozgalaňlar sebäpli, horezmşa haraý isläp araplara ýüz tutupdyr. Çagyryş bilen birlikde Horezmiň paýtagty bolan Kät şäheriniň altyn açaryny iberipdir. 712-nji ýylda arap hökümdary Kuteýba Ibn Musa Merwden Horezme tarap ugraýar we ony basyp alýar. Araplar Türkmenistanyň ähli ýerlerine öz döwletiniň düzgünlerini, yslam dinini, arap dilini girizipdirler.
Ekilýän ýerlerden alynýan salgyda - hyraç, her adam başyna alynýan salgyda jyza diýipdirler. Musulmançylygy kabul edenleri ilkibada şol salgytlardan boşadýan ekenler. Her welaýatda özlerine hyzmat etjek adamlara wezipe we ýer-mülk paýlap beripdirler. Ýer eýelerine "dehhanlar" diýipdirler. Deh - oba, han — oba hany diýen manysynda. Basylyp alnan beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, türkmenlerde hem yslamlaşdyrylmak geçirilipdir. Ilatyň yslam dinini kabul etmeginde ýöredilýän döwlet syýasatynda ikta eýeçiliginiň girizilmegi hem adamlara täsir edipdir. Ikta ýerli han-beglere, serkerdelere, döwlet emeldarlaryna ýer mülki görnüşinde berlipdir. X asyrdan başlap olara iktany satmaga, satyn almaga we miras goýmaga ygtyýar berlipdir.

Ozal dowam edip gelen otparazçylyk (zoroastrizm), maniheýçilik, hristiançylyk, butparazçylyk dinleri yslamyň zor salmagy netijesinde kem-kemden gysylyp çykarylypdyr.

Türkmenlerden Gorkut ata ilkinjileriň biri bolup yslamy kabul edipdir, Mekge-Medinä gidip haj parzlaryny bitiripdir. Taňra, asmana uýýan türkmenler, musulmanlaryň uýýan Allasynyň hem asmandadygyna göz ýetirip, yslamy ak ýürek bilen kabul etmäge ýol açypdyrlar. Türkmen yslam dinini öz göwnüne jaý edip tutupdyr we ata-babalaryndan galan däp-dessurlary bilen baýlaşdyrypdyr (Öwlüýälere, keramatly ýerlere sežde etmek, pirlerden medet dilemek we ş.m.). Yslamyň hem halallyk, ynsanperwerlik, adalatlylyk ýaly gowy pikirleri türkmenleriň göwnüne jaý bolupdyr. Yslam dininiň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanda ylmyň we medeniýetiň ösmegine uly mümkinçilikler döräpdir.

## 2. Yslam dini we gurhan.

Arabystanda yslam dinini esaslandyran Muhammet Pygamber bolupdyr. Hezreti Muhammet 570-nji ýylda Arabystanyň Mekge şäherinde araplaryň küreýiş taýpasynyň haşym urugynda ýönekeý maşgalada eneden bolýar. Muhammet ýaşlykdan ýetim galypdyr we çagalyk döwründe köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Ýaşlykdan söwda işleri bilen meşgullanyp, köp ýurtlary görüpdir, goňşy halklaryň däp-dessurlary, dini ynançlary bilen tanyş bolupdyr.

610-njy ýyldan başlap Muhammet pygamber Mekgede on üç ýyllap birhudaýlygy wagyz edipdir. Şeýdip, onuň töwereginde adamlar jemlenip ugrapdyrlar. Olary "musulman" (Alla boýun bolanlar), täze dini bolsa "yslam " (Alla boýun synmak) diýip atlandyryp ugrapdyrlar.

Muhammet pygamberiň wagyzlary güýçlendigiçe. onuň hereketlerine garşylyklar hem güýçlenipdir. Şonuň üçin hem ol oz tarapdarlary bilen 622-nji ýylda Mekgeden Ýasryba (Medinä) gitmäge mejbur bolýar. Yslam taryhynda bu waka “hijret” (göçmek) ady bilen bellidir. Musulman senenamasynyň ýa-da ýyl hasabynyň birinji ýyly şu waka bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.
Medinede köp adamlar Muhammet pygamberiň yzyna eýeripdirler. Bu ýerde ýerleşmek bilen. Muhammet pygamber Mekgäni gaýdyp almak ugrunda göreşipdir. 630-njy ýylda musulmanlar araplaryň mukaddes şäheri Mekgäni eýeläpdirler. Pygamber Käbäni butparazlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir.

Musulmanlaryň gazanan ýeňşiniň netijesinde Arabystanda, Muhammet pygamberiň baştutanlygynda bitewi musulman döwleti döräpdir. 632-nji ýylda Pygamber aradan çykyar. Onuň ýerine pygamberiň orunbasaryny halyflary saýlap başlaýarlar. Başky halyflar Abu Bekr (632 634 ý.), Omar (634 644 ý.), Osman (644-656 ý.) we Aly (656 661 ý.) bolupdyrlar. Türkmenler olary “Dört Çaryýarlar" diýip atlandyrýarlar. Halyflar Muhammet Pygamberiň oruntutarlary hasaplanyp, hem dini, hem dünýewi häkimiýeti öz ellerinde jemläpdirler. Arap halyflarynyň dürli döwürlerde 3 sany paýtagty bolupdyr: Medine, Damask we Bagdat şäherleri.

Muhammet pygamberiň iň ýakyn egindeşi. ýakyn maslahatçysy we gaýynatas Abu Bekr (632-634 ý.) birinji halyf bolupdyr. Abu Bekr iki ýyl halyflyk edipdir. Şol iki ýylyň içinde yslam dini Arabystanyň öz içinde ymykly ornaşypdyr. Abu Bekr 634-nji ýylda, 66 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

lkinji halyf' Omar (634 644 y.) görnükli döw let işgäri, yslama ak ýürekden hyzm at eden, adyl hökümdar bolupdyr. Omaryň häkimlik eden 10 ýylynyň içinde yslam Yraga, Siriýa Müsüre, Liwiya ýaýrapdyr. Omar 644-nji ýylda bir gul tarapyndan öldürilýär.

Üçünji halyf Muhammet pygamberiň giýewisi Osmandyr (644-656 ý.). Osman halyflyga 70 ýaşlarynda saýlanyp,12 yyl häkimlik edipdir. Hezreti Osman Muhammet pygambere iberilen Gurhan sürelerini we aýatlaryny ýygnadyp, bir ýere jemläpdir. Olary doly gözden geçirip, 640-njy ýyllaryň ahyrlarynda bitewi bir Gurhan kitabyny çykarýar we halka ýaýradýar. Emma hezreti Osman hem 656-njy ýylda dildüwşüjileriň elinden heläk bolýar.

Dördünji halyf Muhammet pygamberiň doganoglany we gyzy Patmanyň adamsy hezreti Aly (656 - 661 ý.) bolupdyr. Ol halyflygyň paýtagtyny Medineden Yrakdaky Kufe şäherine geçiripdir. Alynyň halyflyk eden dowründe häkimlik ugrunda özara göreşler bolupdyr. Hezreti Aly 661-nji ýylda Kuf şäherindäki metjide girip barýarka, duşmanlarynyň biri ony agyr ýaralaýar. Aly aradan çykandan soň, musulmanlar şaýylar we sünnüler diýen iki topara bölünýär.

Dördünji halyf Alynyň döwründe döwletde agzalalyk güýçlenipdir. 661-nji ýýdda Aly öldürilenden soň, araplaryň Siriýadaky dikmesi Muawiýa özüni halyf diýip yglan edýär. Ol Mekgä-de, Medinä-de gitmän, Damaskda galypdyr we Omeýýalar nesilşalygyny (661 - 750 ý.) esaslandyrypdyr.

**Gurhany Kerim. Muhammet pygamberiň öwüt-nesihatlary.**

Türkmenler Gurhany Kerimi “Gurhan” diýip atlandyrýarlar. “ Kuran” sözi arapçadan türkmençä geçirilende “okamak” diýmegi aňladýar. Din alymlarynyň aýtmagyna görä, Alla Muhammet pygambere Jebraýyl perişdäniň üsti bilen öz wahyýlaryny - habarlaryny iberip durupdyr. Muhammet pygamber şol habarlary egindeşlerine aýdyp beripdir.

Muhammet pygamber dünýäden ötensoň, dört çaryýarlar pygamberiň aýdan süreleriniň, aýatlarynyň baryny toplapdyrlar. 640-njy ýyllaryň ahyrlarynda halyf Osmanyň tagallasy bilen bitewi bir kitap gömüşinde çykarylypdyr. Gurhan kitaby jemi 114 sürä we 6666 aýada bölünipdir. Süreler öz içinde aýry-aýry aýatlara bölünýär. Süreleriň döreýiş wagtyna görä olar ikä - irkilere we giçkilere bölünýär. Olaryň 190 süresine Mekge süreleri, 24 süresine bolsa Medine süreleri diýilýär. Mukaddes Gurhan kitaby “Fatyha” süresi bilen açylyp, “Nas” süresi bilen tamamlanýar.

Mukaddes kitapda dünýäniň emele gelşi, onuň gurluşy, Allatagalanyň asmany-zemini alty günüň içinde ýaradanlygy barada aýatlar bar. Allalagalanyň adamy ruhdan, toprakdan döredendigi barada aýdylýar.

Gurhanda ýagşylyk-ýamanlyk, haýyr-şer, utanç-haýa, adalatlylyk- adalatsyzlyk, borç, jogapkärçilik ýaly düşünjelere uly üns berilýär. Din adamlardan ýagşylygy, adalatlylygy, sahylygy, päkligi, garyp-gasarlara kömek bermekligi, maşgalada agzybirligi saklamagy wesýet edýär.

Gurhanda ene-ata hormat goýmak barada aýatlar köpdür: “Ene-atalaryňyza ýagşylyk ediň. Olar garrasalar, sizden ýadadym diýmäň, olara igençli gürrüň etmäň, olar bilen mylakatly gürleşiň ”. Mukaddes kitapda garyndaşlara, ýoksullara kömek etmegiň zerurdygy barada nygtalýar.

Yslam dininde perzendi ulaldyp ýetişdirmek, oňa ýagşy terbiýe bermek, hünär öwretmek ata-enäniň borjy hasaplanylýar. Gurhanyň mukaddes sahypalarynda, pygamberiň hadyslarynda ylma-bilime aýratyn üns berilýär. Olarda her bir musulmanyň ylymly-bilimli bolmagy, şeýle hem sowat, bilim öwredýänlere, alymlara aýratyn hormat goýmagy ündelýär. Muhammet pygamberiň hadyslarynda ylym barada şeýle diýilýär: “Eger ylym gözleginde bolsaňyz, Hytaýda bolsa-da gidiň. Çünki ylym öwrenmek her bir musulmanyň borjudyr".

MUHAMMET PYGAMBERIŇ ÖWÜT-NESIHATLARY:

- Bir ýere baranyňyzda “essalamu aleýkum” diýip baryň, bu bolsa “Men size dynçlyk dileýärin" diýmekdir. Dynçlyk bolsa ýer ýüzünde iň gymmatly nygmatdyr.

- Ata-eneňize hemişe mähriban boluň.
- Dogan-garyndaşlaryňyza kömek ediň.
- Gysganç bolmaň, ýöne isripçilige hem ýol bermäň.
- Utançsyz-haýasyz. edepsiz bolmaň.
- Ýersiz ýere gan dökmäň.
- Söwdagär bolsaňyz, dogry ölçäň, dogry çekiň.
- Tekepbir, şöhratparaz, öwünjeň bolmaň.

Musulmanlar Muhammet pygamberiň dilinden aýdylýan pähimlere we onuň ömür ýoly barada gürrüň berýän "Hadyslara" hem uly hormat goýýarlar.

Gurhanyň esasynda kanunçylar musulmanlar üçin ýörelge düzgünleri - şerigaty (halal ýol) işläp düzüpdirler. Bu bolsa yslamyň musulmanlar üçin diňe bir din bolman, eýsem onuň durmuş ýörelgesi hem-de uly bir gymmatlyk bolup durýandygyny hem görkezýär.

Musulman hukugynyň esasynda jenaýat we raýat işini kazy alyp barypdyr. Kazy halyf tarapyndan bellenilipdir. Ilkinji kazy Omaryň halyflyk döwründe (634 - 644 ý.) bellenilipdir. Arap halyfaty dargandan soňra, kazy bellemek hukugy ýurduň soltany ýa-da hökümdary tarapyndan amala aşyrylypdyr.

**Yslam dininiň esasy parzlary.** Yslam dini musulmançylyk hökmany bäş şert bilen berjaý bolýar diýip hasaplaýar. Olar aşakdakylardan ybarat:

**Keleme öwürmek** - manysy “Alladan başga alla ýokdur, Muhammet bolsa Allanyň resuly-wekilidir” diýip ykrar etmekdir.

**Namaz okamak** - her bir musulman günde bäş wagtyna: ertir, öýle, ikindi, agşam we ýassy namazyny okamaly.

**Oraza tutmak** - musulman senenamasynyň dokuzynjy aýy bolan Remezanyň bütin dowamynda alnyp barylýar. Oraza tutýan dindar, günuzyn hiç zat iýmeýär-içmeýär, çilim çekmeýär, nas atmaýar, agzyna hiç zat almaýar. Gündiz ol adam öz işini edýär, namaz okaýar. Gurhan okaýar, gowy arzuwlar, Hudaýdan ýagşy dilegler edýär. Iýmek-içmeklige Gün ýaşandan, Gün dogmanka (şol aralykda) rugsat edilýär.

**Sadaka** - Hudaý ýoluna aýdylan zady bermek, haýyr-yhsan, hüşür-zekat bermek. Sadakanyň düýp manysy zadyňy garyp-gasarlar, köpçülik bilen paýlaşmak, jem gyýete peýdaly iş etmek.

**Zyýarat etmek** - gurby we mümkinçiligi bolan her bir musulmanyň Mekgä gitmek borjy hasaplanýar. Zyýarata gidip gelen “hajy” diýen hormatly ada eýe bolýar.
Arabystanyň Mekge şäherinde musulmanlaryň baş mesjidi Käbe ýerleşýär (araplar oňa al-Kaaba diýipdirler). Käbäniň gündogar çüňkünde “Garadaş” durýar. Käbe sözi

“kub” sözünden, ýagny şol daşyň görnüşiniň kub şekilli bolmagyndan gelip çykypdyr. Muhammet pygamber Käbäni butparazlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir.

### 3. Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy gozgalaňlary.

**Abu Muslimiň gozgalaňy.** Araplar Horasany, Horezmi, Mawerannahry eýelemek bilen, hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Ilat araplara dürli görnüşli salgytlary: ýer-hasyl salgydyny, jan salgydyny we başga-da birnäçe salgytlary tölemeli bolupdyrlar. Araplar uly şäherleriň daşyny gabap, boýun egmegi, yslam dinini kabul etmegi, jan salgydyny tölemegi, arap goşunyny jaý, at, ulag, azyk bilen üpjün etmegi talap edipdirler. Araplar ýerli ilatdan altyn - kümüş we gul-gyrnak hem ýygnapdyrlar. Ilatyň üstüne gazuw işlerini, ýol çekmekligi, gala salmaklygy hem ýükläpdirler.

Bu ýagdaý basylyp alnan ýerlerde araplara garşy närazylygy güýçlendiripdir. VIII asyryň 30-njy ýyllarynda Horasanda Haris ibn Sureýji araplaryň häkimiýetine garşy gozgalaň turzupdyr. Emma bu gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr.

Arap halyfatynyň öz içinde hem nebere göreşi ýaýbaňlanypdyr. Omeýatlar neberesi (651 - 750 ý.) bilen apbasylaryň (749-1258 ý.) neberesiniň arasynda ýiti göreş bolupdyr. Omeýatlara garşy närazylygyň güýçlenmeginden peýdalanyp. apbasylar Merkezi Aziýada we oňa goňşy ýurtlarda wagyz-nesihat işlerini alyp barypdyrlar. Apbasylar Muhammet Pygamberiň urugyndan bolandyklary üçin,

halyflyk ilkinji nobatda özlerine degişli diýip hasap edipdirier.

Öz döwrüniň görnükli diplomaty Abu Muslim apbasylaryň adyndan hereket etmek üçin 747-nji ýylda Horasana gelipdir we Merwden 20 km günbatardaky Mahuwan obasynda saklanypdyr. Orta asyr taryhçysy her gün Merwiň obalaryndan Abu Muslimiň ýanyna müňe golaý pyýada we atly goşunlaryň gelýändiklerini ýazypdyr. Bu ýerde apbasylaryň tarapdarlary ilkinji gezek öz geýimlerini gara reňke boýapdyrlar we şol gara reňk apbasylaryň nyşany hökmünde kabul edilipdir. Gozgalaňa jemi 100 müňe çenli adam gatnaşypdyr. Abu Muslimiň gozgalaňy Merkezi Aziýada bolan gozgalaňlaryň iň ulusy hasaplanýar.

Apbasylar gozgalaňçylary öz tarapyna çekmek umydy bilen, salgytlaryň we borçlaryň möçberini kesgitlemek, ýurdy dolandyrmak işine ýerli han-begleri çekmek, daýhanlary mejbury işlerden boşatmak ýaly wadalary beripdirler. Abu Muslim 748-nji ýylda Merwi basyp alýar. Horasanyň hökümdary gaçyp gidýär. Abu Muslim soňra Eýrana, Yraga ýöriş edip, halyf Merwan II-niň goşunyny derbi-dagyn edýär. 750-nji ýyldaky halk gozgalaňynyň netijesinde omeýatlaryň neberesi ýykylyp, häkimiýet apbasylaryň eline geçipdir. Apbasylar halyflygyň paýtagtyny Damaskdan Bagdada geçiripdirler. Apbasylar döwründe (750 - 1258ý.) Bagdat halyflygy ady ýörgünli bolupdyr. Emma apbasylar ozalky beren wadalarynda tapylmandyrlar. Abu Muslim

Horasana häkim bellenipdir. Abu Muslim Merkezi Aziýada apbasylaryň bähbidini arap birnäçe işleri edendigine garamazdan, halyf oňa içini ynanmandyr. 755-nji ýylda Halyf A1 Mansur (754 - 775 ý.) Abu Muslimi köşge çagyrypdyr we şol ýerde hem öldüripdir.

**Haşym ibn Hakimiň (Mukannanyň) gozgalaňy.** VIII asyrda Merkezi Aziýanyň köp ýerlerinde araplaryň agalygyna garşy halk gozgalaňlary bolup geçipdir. 776-njy ýylda başlanan şeýle gozgalaňlaryň birine Mukanna lakamly Haşym ibn Hekim ýolbaşçylyk edipdir. "Mukanna" diýmek "ýüzi perdeli" diýmegi aňladypdyr. Mukanna Abu Muslimiň goşun başlyklarynyň biri diýip çaklanylýar. Horasanda başlanan Mukannanyň gozgalaňy Mawerannahra we Sogdy ýurduna hem ýaýrapdyr. Mukannanyň tarapdarlaryna "ak lybaslylar" diýip at beripdirler. Gozgalaňa, esasan, daýhanlar we senetçiler gatnaşypdyrlar. Gozgalaňçylar deňsizligiň ýok edilmegini we araplaryň agalygyndan azat bolmagy maksat edinipdirler.

Halyf al Mähdi Merkezi Aziýa ýörite goşun ugradypdyr. Özi hem goşuna baş bolup, gozgalaňy basyp ýatyrmaga gelipdir. 760-njy ýylda Buharanyň golaýyndaky Narşah obasynda Mukannanyň "ak geýimli" nökerleri bilen araplaryň arasynda uly çaknyşyk bolupdyr. Mukanna söweşi uzaga çekdirmän ýaraşyk teklip edip, öz tarapdarlaryny öýli-öýüne dargadýar. Emma soňky ýyllarda Mukanna ýene-de gozgalaňa gaýtadan başlapdyr. 783-nji ýylda bolan söweşde Mukannanyň tarapdarlary araplardan ýeňlipdir. Diri ele salnanlary rehimsiz jezalandyrypdyrlar. Mukanna ýesir düşmejek bolup özüni oda urup ölüpdir.

VIII asyryň ortalarynda bolup geçen iki sany uly gozgalaň – Abu Muslimiň we Mukannanyň gozgalaňlary araplaryň Merkezi Aziýadaky agalygyny gowşadypdyr. Emma halk köpçüliginiň ýaşaýyş-durmuşy agyr ýagdaýda galypdyr.

**4-nji tema: Türkmenistanyň ýerleri VII – X asyrlarda.**

**Soraglar:**

1. Beýik ýüpek ýoly.
2. Göktürkmenleriň döwleti.
3. Araplaryň basypalyjylykly ýörüşleri. Yslam dininiň ýaýaramagy.
4. Tahyrylar we Garahanlylar döwleti.

**1. Beýik ýüpek ýoly.**

Adamzat jemgyýeti döräli bäri, onuň ösüşi hiç wagt aragatnaşyksyz bolmandyr. Gadymy ýollardan biri Günbatar bilen Gündogary birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda biri-birine baglaşdyryp gelen Ýüpek ýoludyr. “Beýik ýüpek ýoly” Hytaýy Alynky Aziýa we Ýewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýoludyr. Hytaýyň daşary ýurtlara çykarýan harytlary diňe ýüpek matadan ybarat bolman, eýsem çaý, farfor, bezeg üçin boýag, kagyz önümleri çykarypdyr. Bu harytlar Ýewropanyň bazarlarynda geçginli eken. Ýöne Hytaýyň esasy harytlarynyň ýüpekdigini nazara alyp bu söwda ýoluna “Beýik ýüpek ýoly” diýip at beripdirler.

Hytaý harytlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda Parfiýa döwletiniň üstünden geçýän söwda ýollary arkaly grek-rim dünýäsine äkidilipdir. Bu söwda ýolunyň başlangyjy Hytaý täjiri, syýahatçysy Sžan Szýanyň ady bilen baglanşykly bolupdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki II asyrda ol Merkezi Aziýa syýahat edipdir. Şol asyryň 50-40-njy ýyllarynda Hytaý Gündogar Türküstany basyp alypdyr. Şondan soňra Hytaý bilen Merkezi Aziýanyň söwda, medeni gatnaşyklary barha ösüpdir. Hytaý söwdagärleri Merkezi Aziýadan owadan ýyndam atlary, ýorunja, üzüm we pagta tohumlaryny äkidipdirler. Hytaý täjirleriniň esasy harytlary ýüpek bolupdyr. Şol döwürde ýüpek matanyň taýýarlanyşynyň syry ýewropalylara belli bolmandyr. Hytaýlylar bolsa ony örän gizlin saklapdyrlar. Taryhçy alymlaryň ýazmaklaryna görä, hytaýlylar

mundan 5 müň ýyl ozal ýüpek gurçugyndan ýüpek almagyň usulyny tapypdyrlar. Rowata görä, ilkinji ýüpegiň alynmagy imperator aýal Si Ling-Çi tarapyndan üsti açylypdyr. Ol çaý içip otyrka käsesine agaçdan ýüpek gurçugynyň pilesi gaçypdyr. Haçan-da, ol käseden çykarjak bolup piläni çekende, pileden ýüpek sapagy çözülip başlapdyr we ilkinji gezek ýüpek sapagy alnypdyr.

Hytaý täjirleri öz harytlaryny Merkezi Aziýanyň bazarly şäherleri bolan Samarkantda, Buharada, Amulda, Horezmde, Merwde we beýleki şäherlerde ýerleşdiripdirler. Adatça hytaýly täjirler Merwden günorta-günbatara Nişapura

(Eýrana) ertipdirler, Ýerli täjirler bolsa, harytlary Siriýa, ondan aňryk gämilere ýükläp Müsüre, Wizantiýa, Italiýa ýetiripdirler. Hytaýlylar ýüpegi öndürmekligiň usulyny köp asyrlap gizläp saklan bolsalar-da, Merkezi Aziýa we Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlaryna ýüpekçilik dürli ýollar bilen ýaýrapdyr. Taryhy ýazuw çeşmeleriniň şaýatlyk etmegine görä, b. e. VI asyrynyň 50-nji ýyllarynda Wizantiýanyň imperatory Ýustinian I dolandyran ýyllarynda Wizantiýa syýahatçylary Hytaýdan öz hasalarynyň içini köwüp, ýüpek gurçuklarynyň tohumyny gizlinlikde Wizantiýa getiripdirler. Şondan soň ýüpek Wizantiýada hem öndürilip başlanypdyr.

Beýik ýüpek ýolunyň birnäçe şahalary bolup, olar dünýäniň dürli künjegine uzapdyr. Olaryň biri Owganystanyň üsti bilen Hindistana giden bolsa, beýlekisi Wolga derýasynyň üsti bilen Gündogar Ýewropa ýurtlaryna gidipdir. Ýüpek ýolunyň şahalary bilen Hytaýyň, Hindistanyň we Merkezi Aziýanyň harytlary Kiýew, Nowgorod, Moskwa ýaly gadymy rus şäherlerine hem ýetipdir. Şeýlelik bilen, Beýik ýüpek ýoly alkara söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde,halklaryňýakynlaşmagynda ýüpek ýoly möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Biziň eýýamymyzyň I-II asyrlarynda Ŷüpek ýolunyň ugrunda uly we kuwwatly Parfiýa döwleti ýerleşipdir. Söwda ýolunyň Parfiýanyň üstünden geçmegi Rim bilen Hytaýyň aralygynda Parfiýa döwletiniň kerwen ýollarynyň üstünden agalyk etmegine oňaýly şert döredipdir. Parfiýa täjirleri diňe bir Hytaý harytlaryny satyn almak

ýa-da ony günbatar ýurtlaryna äkitmek bilen meşgul bolman, eýsem öz harytlaryny hem satypdyrlar. Parfiýa täjirleri öz harytlaryny Siriýaly, Gresiýaly, Rimli we beýleki Ýewropaly täjirlere satýan ekenler. Parfiýa kerwenleri günbatarda Siriýa, Ermenistana, Palestina we Müsüre çenli baryp ýetipdirler. Bu döwürde Türkmenistanyň ýerlerindäki beýleki şäherler hem söwda ýolunyň ugrunda ýerleşip uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

“Ýüpek ýoly” Hytaýyň gadymy merkezi Siandan başlanyp Dunhuana gelýär. Dunhuanda ol ikä bölünýär. Ýüpek ýolunyň günorta-günbatar şahasy Takla Makan çöli arkaly Hotana, ondan Ýarkende gelip Pamir dagynyň jülgeleri bilen Baktriýa gelýär. Balhda bolsa ýol üç şaha: onuň günbatar şahasy Merwe, günorta şahasy Hindistana, demirgazyk şahasy bolsa Termeziň üsti bilen Samarkanda tarap gidipdir. Samarkantdan günbatara Buhara, ondan Warahşa arkaly Faraba, ondan hem Amula barypdyr. Amuldan Merwe we Amyderýanyň ugry bilen Ürgenç tarapa gidipdir.

Gadymy ýüpek ýoly Merwe çenli köp şäherleri geçip, ýagny “Lazurit ýolunyň”, “şa ýolunyň” üsti bilen Merwden günbatara tarap uly kerwen ýoly Hytaý, Hindistan, Orta we ýakyn gündogary hatda Orta ýer deňziniň kenarlary bilen birikdiripdir. Taryhy ýazuw çeşmelerine we arheologiki tapyndylara esaslanyp, Merwden

günbatara tarap gidýän Ýüpek ýoly Parfiýa döwletiniň Nusaý şäheri arkaly Eýranyň Hemedan şäherine baryp ýetipdir we olardan geçip Mesopotamiýanyň Ktesifon we Bagdat şäherlerine barypdyr. Ondan Tigr derýasynyň sag kenary boýunça demirgazyga gidip Antiohiýa arkaly Damaska, ondan Tir we Nuddus şäherleri arkaly Müsüre geçipdir. Merwden çykan kerwen demirgazyk Kaspi boýunça demirgazyk Kawkaza, soňra Gara deňiziň demirgazygyndan Konstantinopola baryp, Bosfor we Dardenal arkaly Orta ýer deňizine geçip, Wizantiýanyň şäherlerine baryp ýetipdir. Hytaý imperatory ýüpek ýoly arkaly günbatardaky döwletler bilen söwda we diplomatiki gatnaşyklaryýola goýupdyr. Olar öz ilçilerini uly sowgat bilen Merkezi Aziýa, Eýrana, Mesipotamiýa we Kiçi Aziýa döwletlerine iberipdirler. Meselem Hytaý syýahatçysy Gan In 97-nji ýylda Pars aýlagyna çenli barypdyr. Makidoniýaly Maý Tisian bolsa, 100-nji ýylda Lançmoda çenli baryp ýetipdir. Emma, Merkezi Aziýalylar hem-de Eýranlylar hiç-haçan Hytaý bilen Wizantiýa ýa-da Hytaý bilen Ýakyn Gündogar döwletleriniň arasynda gös-göni söwda gatnaşyklarynyň bolmagyna razy bolmandyrlar. Çünki bu hereketiň "aňyrsynda" iňňän uly ykdysady syýasat ýatyrdy.
Ýüpegi parfiýalylar hem ulanypdyrlar, hususan-da, söweş baýdaklaryny etmek üçin ýüpek ulanylypdyr. Hytaý ýüpeginiň "Ýüpek ýoly" boýunça söwdasy b.e.öňki II asyryň ahyrynda başlanýar. Muňa, köp babatda, Çjan Szýanyň hytaý imperatorynyň tabşyrygy boýunça geçirilen ilkinji syýahaty sebäp bolupdyr.Syrderýanyň, Amyderýanyň boýlarynda we Parfiýada ýaşaýan halklar bilen Hytaýyň arasynda söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak hakdaky teklipler gyzgyn garşylanypdyr. Halkara ugurlar boýunça söwda dolanşygynda Parfiýanyň öz önümleri uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Parfiýalylaryň halkara söwdasyna giňden gatnaşandygyny Parfiýanyň kümüş teňňeleriniň dürli ýerlerden tapylmagam tassyklaýar. Ferganadan we Gündogar Türkmenistandan tapylan şol tapyndylar, megerem, harytlaryň meşhur "Ýüpek ýoly"

boýunça hereket edendigine, şeýle teňňeleriň orta Wolgadan tapylmagy, parfiýaly täjirleriň Wolganyň kenarlarynda oturan halklar bilen hem söwda aragatnaşyklaryny edendiklerini görkezýär.

Eftalylaryň elinde "Ýüpek ýolunyň" bir bölegi bolupdyr we şonuň ücin olaryň söwda işleri tranzit häsiýetini göteripdirler, onda şäherleriň ilaty araçylylar roluny oýnapdyr. Ýüpekden başga bu ýoldan beýleki harytlar hem daşalypdyr. Aýna, naz-nygmatlar, gymmat bahaly daşlar, deriler, kosmetiki harytlar, şeýle-de Merwde taýýarlanan ýeňil matalar satylypdyr. Hünärmentçilik önümçiligi özüniň ýokary derejesine ýetdi we sasany Eýranyň maddy medeniýetiniň ýadygärlikleri şol döwrüň hünärmenleriniň ýokary ussatlyklarynyň birnäçe nusgalaryny berdiler. Şa Hysrow Perweziň eýeçilik eden beýik hazynalarynyň hatarynda bahasy ýokary ussatlykda suratlandyrýan haly bolupdyr, ony tebigatyň janlanyş göz öňüne

getirmegini döretmek üçin gyşyna köşgüň kabul ediş otagyna ýazypdyrlar. Eýrandan Hytaýa "Ýüpek ýoly" boýunça oba hojalyk önümlerini-de çykarypdyrlar: şerap, gök önümler, hozlar we ş.m. Şäherde hünärmentçilik öz alyjylaryny hünärmenleriň öz ellerinden we araçy söwdagärleriň üsti bilen alnan önümleri beripdir. Şäher hünärmentçilikleri bilen bir hatarda, şa ussahanalary hem belli bir orun eýeläpdir.

**2. Göktürkmenleriň döwleti.**

Gadymy türki taýpalary türkmen halkynyň kemala gelmeginde ep-esli yz galdyrypdyrlar. *Altaý we Mongoliýa sebitlerindäki tapylan Orhon-Ýeniseý ýazgylarynyň türkmen dilindeligi oňa şaýatlyk edýär.* VI asyryň ortalarynda Merkezi Aziýanyň, Gazagystanyň we Altaýyň dürli taýpalary uly hanlygy- - *Göktürkmen döwletini (Türk Kaganatlygyny)* döredýärler.

*Göktürkmenler VI asyryň ortalaryna çenli Orhon, Ýeniseý derýalarynyň jülgelerinde ýaşapdyrlar. Olaryň hökümdary Bumyn han bolupdyr. Emma ol zamanda göktürkmenler güýçli žužanlar döwletine garaşly bolup, agyr salgytlary töläpdirler.*

545-nji ýylda göktürkmenler žužanlara garşy uruş yglan edipdirler. Uzaga çeken uruşda Bumyn han üstün çykýar we Žužan döwletini basyp alýar. Netijede, 552-nji ýylda oguzlardan bolan Bumyn han Göktürkmen döwletini esaslandyrýar. Özbaşdak döwleti döretmekde Bumyn hana onuň inisi Istemi han ýakyndan kömek beripdir. *Bumyn han 552-nji ýylda aradan çykýar. Sol ýyldan başlap, tä 572-nji ýyla çenli Bumyn hanyň kiçi ogly Kuşu han "Muhan han" lakamy bilen Göktürkmenler döwletini dolandyrýar.*

Muhan han edermen hem batyr, syýasy, diplomatik tarapdan sowatly adam bolupdyr. Muhan hanyň 553 - 560-njy ýyllarda geçiren ýörişleriniň netijesinde Sary deňiz bilen Wolga derýasynyň aralygynda ýaşan ähli çarwa taýpalar göktürkmenleriň döwletine birikdirilipdir.Şeýlelikde, Merkezi Aziýany hem öz içine alan Hytaýdan Wolga çenli aralykda uly Göktürkmenler hanlygy döreýär. Olaryň döwleti Sasanylar, Rumystan hem-de Çyn-Maçyn bilen araçäkleşipdir.

**Ilatyň kärleri we dini düşünjeleri.** Göktürkmen hanlygyna giren halklaryň bir bölegi ekerançylyk, başgalary maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Demir magdanyny gözläp, ony işläp bejermek boýunça uly tejribeli adamlar bolupdyr. Olaryň arasynda ökde demirçi, kümüşçi ussalar bolupdur. Altaý sebitindäki ussalar diňe bir demri däl, eýsem altyn, kümüş, gurşun, mis magdanlaryny hem işläpdirler. Olardan şaý-sep, ýarag, gap-gaç we öý harajatlary üçin zerur zatlary ýasapdyrlar. Demirden pyçak, palta, üzeňňi, gama, gylyç, naýza we peýkam çişleri, asma we aýakly gazanlary ýasapdyrlar.

*Göktürkmenlerde Asmana-Taňra sežde etmek we yzygiderli sadaka bermek däp bolupdyr. Soňra at çapdyrylyp, altyn-gabak atdyrmak, düýe ýaryşdyrmak ýaly dabaralar guralypdyr. Şol ýerde diňe sadaka sowulman, onda ýer-ýurt, uruş-ýaraşyk, wezipä bellemek, jeza çäresini bermek ýaly meseleler maslahatlaşylýar eken.*

O dünýä we hudaýyň gudraty baradaky düzgünleri güýçli bolupdyr. Kimdir biri ölse, hyzmatkärini, gowy görýän aýalyny, münýän atyny bile jaýlaýarlar ekeni. Adam jaýlanan ýere Kurgan (gör) diýipdirler.
Bumyn han 20 adamdan ybarat döwlet edarasyny döredipdir. Göktürkmenler döwletiniň baýdagynda möjegiň kellesiniň altyndan edilen şekili ýerleşdirilipdir. Bumyn hanyň girizen kanunlaryna görä, jenaýatyň iň ýamany dönüklik etmek, adam öldürmek, kesekiniň atyny ogurlamak, topalaň etmek bolup, şol jenaýatkärlere ölüm jezasy berlipdir.

*Göktürkmen döwletiniň Kültegin, Bilge han, Tonýukuk ýaly sowatly, akylly-başly hanlary, edermen serkerdeleri bolupdyr*. Olar döwleti güýçlendirip, agzalalygy ýeňip, goňşy döwletleriň köpüsini boýun egdirip, kuwwatly döwlete öwrüpdirler.

*Bilge han daşa ýazdyran ýazgysynda "Türkmen - oguz begleri, halk eşidiň! Üstüňden asman basmasa, aşakda ýer dilinmese, türkmen halky, iliňi-ýurduňy, töräni (kanuny) kim bozup biler?" diýip, ol kuwwatly döwletiň döränini belläpdir*.

Göktürkmenleriň goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary. Muhan hanyň (553 - 572 ý.) hanlyk eden döwründe Göktürkmen döwleti özüniň gülläp ösen derejesine ýetýär. 01 güýçli döwletleriň hatarynda bolup, olar bilen hemmetaraplaýyn güýç synanyşyp we bäsleşip biljek döwlete öwrülýär.

Göktürkmenleriň hökümdarlary Wizantiýa, Hytaý, Eýran we ençeme döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barypdyrlar.

Göktürkmenleriň hökümdarlary özleriniň oguz - türkmen ilinden bolandyklaryny mazar daşlaryndaky ýazgylarda, gadymy oguz dilinde ýazdyrypdyrlar. Bilge han, onuň inisi Kültegin han "Oguz ili meniň öz ilimdir" diýipdirler. Ýazgylarda dokuz oguz, sekiz oguz, üç oguz ýaly türkmen taýpalarynyň atlary agzalýar. 01 ýazgylaryň dilleri-de oguz dilidir, ýagny gadymy türkmen dilidir. Göktürkmenleriň bitewülik zamany Bumyn Kagandan başlanyp (582 ý), Muhan Kagan aradan çykandan soň tamamlanýar.

581-nji ýylda Tobo han ölenden soňra, Göktürkmenleriň döwleti agzalalyk, duşmançylyk we gozgalaňlar sebäpli pese düşýär we iki bölege: Gündogar Göktürkmen hanlygyna hem-de Günbatar Göktürkmen hanlygyna bolünýär. Dagynyk ýurdy Hytaýdaky Tan döwleti basyp alýar we 50 ýyllap baknalykda saklap, köp halkyny gyryp ýok edýär.

682-nji ýylda Hytaý agalygyna garşy göktürkmenleriň kuwwatly gozgalaňy bolup, hytaýlylary çym-pytrak edýärler. Göktürkmenleriň öňki ady we öňki çawy gaýtadan dikeldilip başlanýar. Bu göreşe *Ilteriş han* serkerdelik edýär.

*Ilteriş han aradan çykandan soň, yzynda 2 sany ýaşajyk ogly galýar (Mogilýan we Kültegin). Olaryň ornuna daýysy Gapagan han bolupdyr. 716-njy ýylda 32 ýaşynda Mogilýan kaganlyga saýlanýar. Mogilýan Bilge kagan adyny alypdyr. Bilge we*

*Kültegin gündogarda Hytaýa, günbatarda Eýranyň we Wizantiýanyň agalygyna garşy köp söweşleri başdan geçiripdirler.*
*734-nji ýylda Bilge han aradan çykandan soň, ýurt dargamaga başlaýar. Göktürkmen hanlarynyň soňkusy Ozmuş han uýgurlaryň baştutany Moýun Çör tarapyndan öldürilýär. Moýun Çör özüne göktürkmenleriň malyny-mülküni alypdyr. Türkişynas alymlar Moýun Çörüň hem aslynyň dokuz oguz ilindendigini belleýärler. Moýun Çör 756-njy yylda Hytaýa goşun çekip, hytaý goşunlaryny ýeňýär we imperatoryň 1 ogluny, 8 gyzyny ýesir alypdyr.*
**3. Araplaryň Türkmenistanyň ýerlerini eýelemegi. Yslam dininiň ýaýaramagy.**
Muhammet pygamber we onuň egindeşleri. *Arabystanda yslam dinini esaslandyran Muhammet Pygamber bolupdyr. Hezreti Muhammet 570-nji ýylda Arabystanyň Mekge şäherinde araplaryň küreýiş taýpasynyň haşym urugynda ýönekeý maşgalada eneden bolýar. Muhammet ýaşlykdan ýetim galypdyr we çagalyk döwründe köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Ýaşlykdan söwda işleri bilen meşgullanyp, köp ýurtlary görüpdir, goňşy halklaryň däp-dessurlary, dini ynançlary bilen tanyş bolupdyr.*

*610-njy ýyldan başlap Muhammet pygamber Mekgede on üç ýyllap birhudaýlygy wagyz edipdir. Şeýdip, onuň töwereginde adamlar jemlenip ugrapdyrlar. Olary "musulman" (Alla boýun bolanlar), täze dini bolsa "yslam" (Alla boýun synmak) diýip atlandyryp ugrapdyrlar.*

Muhammet pygamberiň wagyzlary güýçlendigiçe, onuň hereketlerine garşylyklar hem güýçlenipdir. Şonuň üçin hem ol öz tarapdarlary bilen 622-nji ýylda Mekgeden Ýasryba (Medinä) gitmäge mejbur bolýar. Yslam taryhynda bu waka "*hijret" (göçmek)* ady bilen bellidir. Musulman senenamasynyň ýa-da ýyl hasabynyň birinji ýyly şu waka bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Medinede köp adamlar Muhammet pygamberiň yzyna eýeripdirler. Bu ýerde ýerleşmek bilen, Muhammet pygamber Mekgäni gaýdyp almak ugrunda göreşipdir. 630-njy ýylda musulmanlar araplaryň mukaddes şäheri Mekgäni eýeläpdirler. Pygamber Käbäni butparazlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir.

Musulmanlaryň gazanan ýeňşiniň netijesinde Arabystanda, Muhammet pygamberiň baştutanlygynda bitewi musulman döwleti döräpdir. *632-nji ýylda Pygamber aradan çykýar. Onuň ýerine pygamberiň orunbasaryny - halyflary saýlap başlaýarlar. Başky halyflar Abu Bekr (632 - 634 ý), Omar (634 - 644 ý.), Osman (644- 656 ý.) we Aly (656 - 661 ý.) bolupdyrlar. Türkmenler olary "Dört Çaryýarlar" diýip atlandyrýarlar. Halyflar Muhammet Pygamberiň oruntutarlary hasaplanyp, hem dini, hem dünýewi häkimiýeti öz ellerinde jemläpdirler. Arap halyflarynyň dürli döwürlerde 3 sany paýtagty bolupdyr: Medine, Damask we Bagdat şäherleri.*
Muhammet pygamberiň iň ýakyn egindeşi, ýakyn maslahatçysy we gaýynatasy *Abu Bekr (632 - 634 ý.)* birinji halyf bolupdyr. Abu Bekr iki yyl halyflyk edipdir. Şol iki

ýylyň içinde yslam dini Arabystanyň öz içinde ymykly ornaşypdyr. Abu Bekr 634-nji ýylda, 66 ýaşynyň içinde aradan çykýar.
*Ikinji halyf Omar (634 - 644 ý.) görnükli döwlet işgäri, yslama ak ýürekden hyzmat eden, adyl hökümdar bolupdyr. Omaryň häkimlik eden 10 ýylynyň içinde yslam Yraga, Siriýa, Müsüre, Liwiýa ýaýrapdyr. Omar 644-nji ýylda bir gul tarapyndan öldürilýär.*

Üçünji *halyf Muhammet pygamberiň giýewisi Osmandyr (644- 656 ý.). Osman halyflyga 70 ýaşlarynda saýlanyp, 12 ýyl häkimlik edipdir. Hezreti Osman Muhammet pygambere iberilen Gurhan sürelerini we aýatlaryny ýygnadyp, bir ýere jemläpdir. Olary doly gözden geçirip, 640-njy ýyllaryň ahyrlarynda bitewi bir Gurhan kitabyny çykarýar we halka ýaýradýar. Emma hezreti Osman hem 656-njy ýylda dildüwşüjileriň elinden heläk bolýar.*

*Dördünji halyf Muhammet pygamberiň doganoglany we gyzy Patmanyň adamsy hezreti Aly (656 - 661 ý.) bolupdyr. 01 halyflygyň paýtagtyny Medineden Yrakdaky Kufe şäherine geçiripdir. Alynyň halyflyk eden dowründe häkimlik ugrunda özara göreşler bolupdyr. Hezreti Aly 661-nji ýylda Kuf şäherindäki metjide girip barýarka, duşmanlarynyň biri ony agyr ýaralaýar. Aly aradan çykandan soň, musulmanlar şaýylar we sünnüler diýen iki topara bölünýär.*

Dördünji halyf Alynyň döwründe döwletde agzalalyk güýçlenipdir. 661-nji ýylda Aly öldürilenden soň, araplaryň Siriýadaky dikmesi Muawiýa özüni halyf diýip yglan edýär. Ol Mekgä-de, Medinä-de gitmän, Damaskda galypdyr we Omeýýalar nesilşalygyny (661 - 750 ý.) esaslandyrypdyr.

Gurhany Kerim. Muhammet pygamberiň öwüt-nesihatlary. Türkmenler Gurhany Kerimi "Gurhan" diýip atlandyrýarlar. *"Kuran" sözi arapçadan türkmençä geçirilende "okamak" diýmegi aňladýar. Din alymlarynyň aýtmagyna görä, Alla Muhammet pygambere Jebraýyl perişdäniň üsti bilen öz wahyýlaryny - habarlaryny iberip durupdyr. Muhammet pygamber şol habarlary egindeşlerine aýdyp beripdir.*

Gündogarda araplar Hind derýasynyň kenaryna ýetipdirler. Merkezi Aziýany eýeläp, arap goşunlary 751-nji ýylda Talasyň ýanynda hytaý goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. Şeýlelikde, yslam dini alyslara ýaýrapdyr we köp halklaryň ösüşine uly täsir edipdir. Basylyp alnan ýerlerde kuwwatly arap halyfaty kemala gelipdir.

Araplar Eýrana girende, sasanylaryň patyşasy Ýezdigert III paýtagtyny taşlap, Merwe gaçyp gelipdir we şol ýerde öldürilipdir. 651-nji ýylda araplar Türkmenistanyň günorta etraplarynda peýda bolýarlar. Horasany tutuşlygyna eýeläp, Nusaý, Abiwert, Sarahs şäherlerini gabapdyrlar. Şäher ilaty garşylyk görkezmezden boýun egip, köp mukdarda paç tölemeli bolupdyr.
*639 - 643-nji ýyllarda arap serkerdesi Suweýt Ibn Mukarrak iki gezek ýöriş edip, Jurjany (Gürgeni) we Dehistany eýeläpdir.*

Muňa garamazdan, Türkmenistanyň käbir ýerlerinde birnäçe ýyllap araplara garşy söweşipdirler. 709-njy yylda Sarahsyň ilaty Nyzak Tarhanyň ýolbaşçylygynda araplara garşylyk görkezipdir. Arap goşunlary şäheri zabt edip alypdyrlar. 716-njy ýylda araplar 100 müň goşuny bilen Dehistanyň üstüne ýöriş edipdirler. Dehistanyň patyşasy Sul öz ýurduny araplara bermek islemändir. Araplar alty aýlap galany gabawda saklapdyrlar. Galany goraýjylar berk garşylyk görkezipdirler. Emma suw ýetmezçiligi Suluň araplar bilen ýaraşyk baglaşmagyna getiripdir.

Türkmenistanyň demirgazyk welaýaty bolan Horezm VIII asyryň başyna çenli özbaşdaklygyny saklapdyr. Horezmde başlanan gozgalaňlar sebäpli, horezmşa haraý isläp araplara ýüz tutupdyr. Çagyryş bilen birlikde Horezmiň paýtagty bolan Kät şäheriniň altyn açaryny iberipdir. 712-nji ýylda arap hökümdary Kuteýba Ibn Musa Merwden Horezme tarap ugraýar we ony basyp alýar. Araplar Türkmenistanyň ähli ýerlerine öz döwletiniň düzgünlerini, yslam dinini, arap dilini girizipdirler.

*Ekilýän ýerlerden alynýan salgyda - hyraç, her adam başyna alynýan salgyda jyza diýipdirler.* Musulmançylygy kabul edenleri ilkibada şol salgytlardan boşadýan ekenler. *Her welaýatda özlerine hyzmat etjek adamlara wezipe we ýer-mülk paýlap beripdirler. Ýer eýelerine "dehhanlar" diýipdirler. Deh - oba, han - oba hany diýen manysynda. Ozal dowam edip gelen otparazçylyk (zoroastrizm), maniheýçilik, hristiançylyk, butparazçylyk dinleri yslamyň zor salmagy netijesinde kem-kemden gysylyp çykarylypdyr.*

Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy gozgalaňlary.*Abu Muslimiň gozgalaňy. Araplar Horasany, Horezmi, Mawerannahry eýelemek bilen, hökümdarlyk edip başlapdyriar. Ilat araplara dürli görnüşli salgytlary: ýer-hasyl salgydyny, jan salgydyny we başga-da birnäçe salgytlary tölemeli bolupdyrlar. Araplar uly şäherleriň daşyny gabap, boýun egmegi, yslam dinini kabul etmegi, jan salgydyny tölemegi, arap goşunyny jaý, at, ulag, azyk bilen üpjün etmegi talap edipdirler. Araplar ýerli ilatdan altyn - kümüş we gul-gymak hem ýygnapdyrlar. Ilatyň üstüne gazuw işlerini, ýol çekmekligi, gala salmaklygy hem ýükläpdirler.*

*Bu ýagdaý basylyp alnan ýerlerde araplara garşy närazylygy güýçlendiripdir. VIII asyryň 30-njy ýyllarynda Horasanda Haris ibn Sureýji araplaryň häkimiýetine garşy gozgalaň turzupdyr. Emma bu gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr.*

Arap halyfatynyň öz içinde hem nebere göreşi ýaýbaňlanypdyr. Omeýatlar neberesi (651 - 750 ý.) bilen apbasylaryň (749 - 1258 ý.) neberesinin arasynda ýiti göreş bolupdyr. Omeýatlara garşy närazylygyň güýçlenmeginden peýdalanyp, apbasylar Merkezi Aziýada we oňa goňşy ýurtlarda wagyz-nesihat işlerini alyp barypdyrlar. Apbasylar Muhammet Pygamberiň urugyndan bolandyklary üçin, halyflyk ilkinji nobatda özlerine degişli diýip hasap edipdirler.
Öz döwrüniň görnükli diplomaty Abu Muslim apbasylaryň adyndan hereket etmek üçin 747-nji ýylda Horasana gelipdir we Merwden 20 km günbatardaky Mahuwan

obasynda saklanypdyr. Orta asyr taryhçysy her gün Merwiň obalaryndan Abu Muslimiň ýanyna müňe golaý pyýada we atly goşunlaryň gelýändiklerini ýazypdyr. Bu ýerde apbasylaryň tarapdarlary ilkinji gezek öz geýimlerini gara reňke boýapdyrlar we şol gara reňk apbasylaryň nyşany hökmünde kabul edilipdir. Gozgalaňa jemi 100 müňe çenli adam gatnaşypdyr. *Abu Muslimiň gozgalaňy Merkezi Aziýada bolan gozgalaňlaryň iň ulusy hasaplanýar.*

Apbasylar gozgalaňçylary öz tarapyna çekmek umydy bilen, salgytlaryň we borçlaryň möçberini kesgitlemek, ýurdy dolandyrmak işine ýerli han-begleri çekmek, daýhanlary mejbury işlerden boşatmak ýaly wadalary beripdirler. Abu Muslim 748-nji ýylda Merwi basyp alýar. Horasanyň hökümdary gaçyp gidýär. Abu Muslim soňra Eýrana,Yraga ýöriş edip, halyf Merwan II goşunyny derbi-dagyn edýär. 750-nji ýyldaky halk gozgalaňynyň netijesinde omeýatlaryň neberesi ýykylyp, häkimiýet apbasylaryň eline geçipdir. Apbasylar halyflygyň paýtagtyny Damaskdan Bagdada geçiripdirler. Apbasylar döwründe (750 - 1258 ý.) Bagdat halyflygy ady ýörgünli bolupdyr. Emma apbasylar ozalky beren wadalarynda tapylmandyrlar. Abu Muslim Horasana häkim bellenipdir. Abu Muslim Merkezi Aziýada apbasylaryň bähbidini arap birnäçe işleri edendigine garamazdan, halyf oňa içini ynanmandyr. 755-nji ýylda Halyf Al Mansur (754 - 775 ý.) Abu Muslimi köşge çagyrypdyr we şol ýerde hem öldüripdir.

*Haşym ibn Hakimiň (Mukannanyň) gozgalaňy*. VIII asyrda Merkezi Aziýanyň köp ýerlerinde araplaryň agalygyna garşy halk gozgalaňlary bolup geçipdir. 776-njy ýylda başlanan şeýle gozgalaňlaryň birine Mukanna lakamly Haşym ibn Hekim ýolbaşçylyk edipdir. *"Mukanna" diýmek "ýüzi perdeli"* diýmegi aňladypdyr. Mukanna Abu Muslimiň goşun başlyklarynyň biri diýip çaklanylýar. Horasanda başlanan Mukannanyň gozgalaňy Mawerannahra we Sogdy ýurduna hem ýaýrapdyr. Mukannanyň tarapdarlaryna "ak lybaslylar" diýip at beripdirler. Gozgalaňa, esasan, daýhanlar we senetçiler gatnaşypdyrlar. Gozgalaňçylar deňsizligiň ýok edilmegini we araplaryň agalygyndan azat bolmagy maksat edinipdirler.

Halyf al Mähdi Merkezi Aziýa ýörite goşun ugradypdyr. Özi hem goşuna baş bolup, gozgalaňy basyp ýatyrmaga gelipdir. 760-njy ýylda Buharanyň golaýyndaky Narşah obasynda Mukannanyň "ak geýimli" nökerleri bilen araplaryň arasynda uly çaknyşyk bolupdyr. Mukanna söweşi uzaga çekdirmän ýaraşyk teklip edip, öz tarapdarlaryny öýli-öýüne dargadýar. Emma soňky ýyllarda Mukanna ýene-de gozgalaňa gaýtadan başlapdyr. 783-nji ýylda bolan söweşde Mukannanyň tarapdarlary araplardan ýeňlipdir. Diri ele salnanlary rehimsiz jezalandyrypdyrlar. Mukanna ýesir düşmejek bolup özüni oda urup ölüpdir.

VIII asyryň ortalarynda bolup geçen iki sany uly gozgalaň - Abu Muslimiň we Mukannanyň gozgalaňlary araplaryň Merkezi Aziýadaky agalygyny gowşadypdyr. Emma halk köpçüliginiň ýaşayyş-durmuşy agyr ýagdaýda galypdyr.

IX asyrdan başlap Merw arap halyfatynyň paýtagt şäheriniň biri bolupdyr. Halyf Harun ar-Reşidiň ogly al-Mamun Merwdekä halyf diýlip yglan edilýär we 813-nji ýyldan başlap 6 ýylyň dowamynda Merw arap halyflygynyň paýtagt ornuny eýeleýär.
Merw diňe bir syýasy merkez bolman, eýsem musulman Gündogarynyň ylmy merkezi hem bolupdyr. Merwde Gündogaryň birentek uly alymlary işläpdirler. Soňra olaryň birnäçesi arap ýurtlaryna, şol sanda Bagdada gidip, medreselerde sapak beripdirler. *Merwli alymlardan hasapçy Habaş al-Hasib, geografiýaçy Jepbar ibn Ahmet al-Merwezi, matematik we şahyr Omar Haýýam, taryhçy Abdylkerim as-Samany we başgalar dünýä möçberinde tanalypdyrlar.*

*Merwde baý kitaphana bolup, onda ylmyň köp pudaklary boýunça kitaplar saklanypdyr.*

Araplaryň gelmegi bilen ýaýrap başlan yslam dini adamlara ahlak taýdan päkligi, ýetim-ýesirlere hossarlygy, ejize hemaýat etmegi, ogry-jümürlige garşy göreşmegi wagyz-nesihat beripdir. Merwde, Gürgençde, Dehistanda we beýleki ençeme şäherlerde mekdep-medreseler açylypdyr, köpsanly talyplar dini we dünýewi bilim alypdyrlar.

Araplar kitabyň gadyryny bilipdirler. Halyf al-Mamun 832-nji ýylda Bagdatda "Bilimler öýüni" döredipdir. O1 özboluşly akademiýa bolup, dürli ugurlar boýunça ylmy-tejribe işleri alnyp barlypdyr. Hat- da al-Mamun Wizantiýadan salgyt almagyň deregine kitap berilmegini sorapdyr.

Dini ymaratlaryň: medreseleriň, metjitleriň we minaralaryň salynmagy şäher gurluşygynda arassaçylyk ýagdaýynyň gowulanmagyna ýardam edipdir.

Araplaryň gelmegi bilen, Merkezi Aziýada ylmyň we medeniýetiň ösmegine giň mümkinçilikler döräpdir. Ekerançylygyň, suwaryş ulgamynyň, senetçiligiň, söwdanyň ösmegi, beýleki ýurtlar bilen söwda, medeni we diplomatik gatnaşyklaryň ösmegine ýol açylypdyr.

## 4. Tahyrylar we Garahanlylar döwleti.

Tahyrylar döwletiniň döremegi. Horasanda we Merkezi Aziýanyň basylyp alnan ýerlerinde araplaryň tabynlygyndan çykmak, özbaşdak döwlet bolmak üçin başlanan hereket güýçlenipdir. IX asyrda Bagdat halyňygynyň kuwwaty pese düşüp başlapdyr. Gozgalaňlar, agzalalyklar ýygy-ýygydan bolup durupdyr. Bagdat halyfy islese-islemese-de ýerli han-beglere eglişik etmäge mejbur bolupdyr. Emma bu hereket halyfatyň agalygynyň synmagyna we ençeme özbaşdak döwletleriň emele gelmegine getiripdir.

*Halyf Mamun 812-nji ýylda Horasanyň hökümdary edip Hyrat welaýatyndan bolan Tahyr ibn Hüseýini belläpdir. Sebäbi Tahyr halyf Mamuna doganyna garşy göreşde köp kömek beripdir. Şondan soňra Mamun ony ýokary wezipelere işe çekipdir. Tahyr Horasana gelenden bir ýyl geçip-geçmänkä garaşsyzlygyny yglan edipdir. Döwletiň*

*paýtagty Nişapur şäheri bolupdyr. 822-nji ýylda metjitlerde juma namazynda halyfyň adyny tutmak (hutba) gadagan edilýär. Emma Tahyr tiz wagtdan halyf tarapyndan awy berlip öldürilipdir.*
Tahyr ibn Hüseýinden soň, onuň ogly Abdylla ibn Tahyr hökümdar bolýar. Onuň hökümdarlyk eden döwründe döwletiň ykdysady ýagdaýy gowulaşypdyr, hökümdar, esasan, söwda üns beripdir, söwda kerwen ýollaryny abadanlaşdyrypdyr.

Tahyr ibn Hüseýin öz ogly Abdylla raýatyndaky ilatdan salgyt ýygnanynda adalatly bolgun diýip maslahat berer ekeni: *"Daýhanlaryň göwnüne degmegin, olarsyz döwlet hazynasyna salgytdan zat girmez"* diýip öwüt-nesihat beripdir.

Abdylla Tahyrylar döwletiniň häkimligini Mawerannahra, Horezme, Gürgene hem ýöredipdir. Bu döwürde ekerançylygy giňeltmek, suwaryş desgalaryny gurmak boýunça köp işler başlanypdyr. Suwdan ýerlikli peýdalanmak kadalary barada "Kärizler hakynda kitap" işlenilip düzülipdir. Tahyrylar bilim ulgamynyň ösmegi barada alada edip, şäherlerde metjitler, mekdepler, medreseler saldyrypdyrlar. Tahyr ibn Hüseýin öz ogly Abdylla: *"Baýlyk hazynada üýşüp durany bilen girdeji getirmeýär, ony halka paýlap berseň, ajy doýrup, ýalaňajy geýindirseň, şonça-da zadyň berekedi artar"* diýip öwüt berýän ekeni.

Tahyrylaryň edara eden döwründe kerwen ýollary abadanlaşdyrylyp, birnäçe kerwensaraýlar gurlupdyr. Olaryň arasynda Dehistan, Paraw, Kufen, Daýahatyn kerwensaraýlaryny görkezmek bolar. Daýahatyn kerwensaraýy orta asyr ýazuw çeşmelerinde "*Tahyryň kerwensaraýy" diýen at bilen ýatlanylýar. Tahyrylar döwleti 873-nji ýylda Saffarylar döwletiniň zarbasy netijesinde synypdyr.*

Saffarylar döwletiniň döremegi. *Saffarylar neberesini esaslandyran Ýakup ibn Leýs (861 - 878 ý.) bolupdyr. Maglumatlara görä, Ýakup kümüş ussasy bolupdyr. «Kümüş» sözi bolsa arapça "saffar" diýmek ekeni. Şoňa görä bu dinastiýanyň adyna "Saffarylar" diýlipdir. Saffarylar ýurduň çägini giňeltmek maksady bilen, köpsanly ýörişleri gurapdyrlar.*

Ýakup ibn Leýs Bagdat halyfynyň adyndan hereket edip, Tahyrylar döwletine garşy uruşlary alyp barypdyr. 863-nji yylda Hyrady eýeläpdir we juma namazynda öz adyna hutba girizipdir. Munuň özi ýurduň hökümdarynyň ykrar edilmegi hasaplanypdyr. 873-nji ýylda Ýakup ibn Leýs Tahyrylar döwletiniň paýtagty bolan Nişapura girip, tahyrylaryň iň soňky hökümdary Muhammet Tahyry tagtdan düşürip, onuň ornuna özi geçýär. Şondan soň Ýakubyň Horasanda at-abraýy has hem ýokary göterilipdir. Bagdat halyfy Horasanda saffarylaryň barha güýçlenýändigini görse-de, aýgytly hereket edip bilmändir. 874-nji ýylda Bagdat halyfy Ýakubyň hökümdarlygyny ykrar edipdir. Sebäbi Ýakup ibn Leýsiň "gazylar" diýilýän örän berk tertip-düzgünli atly goşuny bolupdyr.
*"Yakubyň özi elmydama goşunynyň ýanynda bolup, atynyň eşigini düşenipdir, galkanyny ýassyk, baýdagyny bolsa ýorgan edinipdir" diýlip ýatlanylýar.* Saffarylaryň

sany 15 müň atla ýetipdir. Goşun gullugyna daýhanlar, ýer eýeleri, hatda gullaram alnypdyr. Söweşe pilli goşun hem gatnaşýan eken. Harby güýjüne göwni ýeten Ýakup 876- njy ýylda Bagdat halyflygyny basyp almaga synanyşyp, ýöriş edipdir. Emma Bagdadyň etegindäki söweşde halyfyň goşunlary tarapyndan kül-peýekun edilipdir. Bu şowsuz ýörişden köp wagt geçmänkä, Ýakup ibn Leýs aradan çykypdyr. Tagty onuň dogany Emir ibn Leýs eýeläpdir we halyf bilen ýaraşyk baglaşypdyr.
Samanylar döwletiniň döremegi. *818-nji ýyldan başlap Mawerannahryň dürli welaýatlarynda samanylar neberesinden hökümdarlar peýda bolupdyr. Emma olar Tahyrylar döwletine tabyn ekenler. 873-nji ýylda tahyrylaryň synmagy samanylaryň özbaşdak döwlet bolmagyna amatly şert döredipdir. Döwleti Ysmaýyl ibn Ahmet (874 - 907 ý.) esaslandyrypdyr. Samanylaryň paýtagty Buhara şäheri bolupdyr*. Ysmaýyl häkimiýeti ele alandan soň, basybalyjylykly ýörişlere başlapdyr. 01 Mawerannahry Samanylar döwletine birleşdiripdir. Merkezi Aziýada agalyk etmek ugrunda samanylar bilen saffarylaryň arasynda ençeme çaknyşyklar bolupdyr. 900-nji ýylda Ysmaýyl Samany Saffarylara garşy ýöriş edip, Nişapury eýeläpdir. Emir ibn Leýsi ýesir alyp, Bagdada iberipdir we halyf ony jezalandyryp öldüripdir.

Samanylar döwletine Mawerannahrdan daşarda Horasan, Horezm hem degişli edilipdir. *X asyrda oguz türkmenleri hem yslam dinini kabul edipdir. Samanylar 100 ýyldan gowrak wagt höküm sürüpdirler. Samanylar döwründe seljuk türkmenleri yslamy kabul edip, Buharanyň golaýyndaky Nurbaýyr daglaryna göçüp gelipdirler.*

*Emma X asyryň ahyrlarynda Samany döwleti pese düşüp başlapdyr. Köşkde höküm süren göriplik, şugulçylyk, goşundaky närazylyklar Samany döwletini halys güýçden gaçyrýar. Netijede, Garahanly hany Nasyr ibn Aly Mawerannahryň görnükli adamlaryny öz tarapyna çekip, hiç hili garşylyk görmezden, 999-njy ýylda Buharany eýeleýär. 1006-njy ýylda bolsa Mahmyt Gaznalynyň goşunlary garahanlylary Buharadan kowup çykarýarlar. Öň samanylara degişli ähli şäherler Mahmyt Gaznalynyň eline geçýär.*

Samanylar döwründe Türkmenistanda hojalygyň we medeniýetiň ösüşi. Samanylaryň hökümdarlygy döwründe ýurda asudalyk aralaşyp, şäherleriň, obalaryň we söwdanyň ösmegi üçin şertler döredilipdir. Hojalygyň iň möhün pudagy suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Etrek derýasynyň aşak akymyndaky Dehistan, Murgap jülgesi, Horezm ekerançylygyň ösen ýerleri bolupdyr. Uly ýaplar, bentler, gatlalar gurlupdyr. Merwiň suwaryş desgalaryna gözegçilik etmek we desgalary gurmak işleri bilen 10 müň adamyň meşgul bolandygy hakynda ýazylýar. Merw sebitlerinde pagta öndürilendigi sebäpli, dokmaçylyk hem ösdürilipdir. Hatda tutuş Horasandaky matalaryň hemmesine "Merw matalary" diýlen wagty-da bolupdyr.
Merwde, Abiwertde, Nusaýda, Dehistanda we Horasanda ýüpekçilige aýratyn orun berlipdir. Horezm ýerlerinde üzümçiligiň, gawun-garpyz, künji ýaly ekinleriň möhüm rol oýnandyklary barada maglumatlar bar.

Samanylaryň paýtagty Buhara yslamyň ruhy daýanç şäherlerinden biri bolupdyr. Bu şähere arap halyfatynyň köp ýerlerinden yslam taglymatçylary jemlenipdir. Dini mekdep-medreseler açylyp, halyflygyň ähli ýurtlary üçin yslamyň dürli sopuçylyk ugrundan işgärler taýýarlanypdyr. Köneürgençde we Buharada medreseler halyflygyň paýtagty Bagdatdakydan bir asyr öň açylypdyr. Musulman dini taglymaty şeýle bir ösüpdir, hatda şol döwürde halyflygyň özünde-de şeýle ýokary derejä ýetip bilmändirler.

Ylym we diniň dili hökmünde arap dili, döwlet dili we edebi dil hökmünde pars dili giňden ulanylypdyr. Merw, Buhara, Samarkant, Köneürgenç ýaly orta asyr şäherleri öz döwrüniň ylmy we medeni merkezleri bolupdyr.

Garahanly we Gaznaly türkmen döwletleri

Beýik Oguz türkmen döwleti. VIII asyrda dörän Beýik Oguz türkmen döwleti Hazar deňziniň gündogar kenarlaryndan başlap Balhaş kölüne çenli bolan aralyklarda höküm sürüpdir. Oguz türkmenleri göktaňry dinine, ýeke taňrylyga ynanypdyrlar. Oguz döwletiniň adynyň yzynda "ýabgu", "ýabgy" sözleri durýar, ol "beýik" diýen türkmen sözüni aňladýar.

"Ýabgu" adyny göterýän Oguz hökümdary Ýaňykentde oturypdyr. Şol ýer oguzlaryň gyşyna oturýan mesgenleri bolupdyr. 01 döwletde esasy iki sany ýokary wezipe bolup, birinjisi ýabgunyň wekili (weziri) - "kölerkin", ikinjisi bolsa goşun başlygy - "sübaşy" diýlip atlandyrylypdyr. Ýabgularyň möhürlerini we permanlaryny "tugrag" (tugra) diýip atlandyrypdyrlar. Döwlet işini oguzlar ýygnak geçirip, geňeş arkaly çözüpdirler. Oguz türkmen döwletiniň Ýaňykent, Jent, Ishjap, Balaj, Urdu, Sygnak, Kamak, Sauran, Süýtkent, Garajyk, Berukent we Barçynlykent atlary bilen tanalýan birnäçe şäherleri-de bolupdyr.

Oguz türkmenleri özleriniň süri-süri goýun, at, düýe ýaly mallaryny Merkezi Aziýanyň sähralyklarynda bakypdyrlar. Oturymly ilaty "ýatyk" diýip atlandyrypdyrlar. Oguzlar ekerançylyk, balykçylyk bilen birlikde senetçiligiň dürli görnüşleri bilen hem meşgul bolupdyrlar. Olaryň öndürýän ak keçeleri, halylary, kilimleri dünýä belli bolupdyr. Oguzlar keçeden, gaýyşdan ädik tikipdirler, zergärçilik bilen hem meşgullanypdyrlar. X asyrda oguzlar bilen söwda edilýän esasy söwda merkezleriniň biri Syrderýanyň orta akymynda ýerleşýän Sabran şäheri bolupdyr. 01 ýere dürli ýurtlardan täjirler gelipdirler. Oguz türkmenleriniň harytlary Mawerannahryň üsti bilen Hytaýa, Hindistana, Horezmiň üsti bilen bolsa Eýrana, Kiçi Aziýa äkidilipdir.

Oguzlar özleriniň jemgyýetçilik gurluşy boýunça 24 taýpadan (boýdan) ybarat bolup, döwleti taypa birleşigi boýunça edara edipdirler. Oguz taýpalary ikä bölünip, sag ganatynda 12 taýpa bolup, olara *"bozok*", çep ganatynda hem 12 taýpa bolup, olara *”üçok’’* diýlipdir.

Her taýpanyň ýolbaşçysy *’’beg”*derejesini göteripdir. Döwleti edara etmäge emeldarlar şol taýpalaryň asylzadalaryndan seçilip alnypdyr.

Beýik Oguz türkmen döwleti içki agzalalyklar we goňşy döwletler bilen dörän garşylyklar sebäpli, XI asyryň başynda synypdyr.

**Garahanly türkmenleriň döwleti.** Garahanly türkmenleriň döwletini esaslandyran dokuzoguz türkmemeriniň üç taýpasy bolan *garlyk, ýagma, çigil(jyky)* taýpalary bolupdyrlar. Olaryň arasynda garlyklar esasy orun tutupdyrlar. *Garlyk hanynyň (ýabgusynyň) merkezi Çu derýasynyň boýundaky Suýab şäheri bolupdyr. Garlyklar 766-njy ýyldan 940-njy ýyla çenli Ýedisuwuň (Ýediderýanyň ) kenaryndaky ýerlerde özleriniň agalygyny ýöredipdirler. Olaryň ýurdundaky bol suwly derýalaryň boýlarynda köpsanly obalardyr şäherler bolupdyr. Garlyklar altyn, kümüş, mis känlerinde reňkli magdanlary gazyp almak işi bilen hem meşgullanypdyrlar.*

*Çigil (jyky) taypasy çarwaçylyk bilen meşgul bolup, süri-süri goýunlary we iri şahly mallary köpeldipdirler. Yssyk kölüň günorta kenarynda ýerleşen Ýar şäheri olaryň merkezi bolupdyr.*

Garahanly türkmenleriň taýpa birleşigini döreden ýagmalar Naran derýasynyň boýunda ýaşap, maldarçylyk bilen meşgullanyp, olaryň gylýal we ownuk mal surüleri köp bolupdyr.

Garahanly türkmenleriň hökümdarlarynyň ilkinjilerinden *Bilge Kül Kadyr han* Mawerannahrda hökümdarlyk edipdir. Onuň Bazar Arslan han atly uly ogly Balasagunyň hökümdary bolupdyr. Ikinji ogly Ogulçak Talasyň hany ekeni.

Garahanlylaryň döwleti güýçlenip başlan wagty Bilge Kül Kadyr döwletiniň merkezini Kaşgar şäherine geçiripdir. *Bilge Kül Kadyr han ýogalandan soň, ogly Bazar Arslan han tagta çykypdyr. Bazar Arslan hanyň ölüminden soňra, Satuk Bugra 924-nji ýylda han bolandan soň, hanlygy yslam döwleti diýip yglan edipdir. Gündogar Türküstanda we Yedisuwda türkmenlerden 200 müň öýli musulmançylygy kabul edipdir.*

*Agzalalyklar sebäpli Garahanly türkmenleriň döwleti XI asyryň ortalarynda Gündogar Garahanly türkmenleriň we Günbatar Garahanly türkmenleriň hanlyklaryna bölünipdir.*

Gündogar Garahanly türkmenleriň hanlygynyň merkezi Balasagun bolup, onuň hanlygyna Isfijap, Talas, Çaş, Kaşgar we Fergana welaýatlary giripdir. Şol hanlykda Bugra hanyň nesilleri hanlyk edipdirler. Günbatar Garahanly türkmenleriň hanlygynyň paýtagty Buhara şäheri bolup, hanlyga Mawerannahr tutuşlygyna giripdir.

Seljuk türkmenleriniň döwründe garahanlylaryň hökümdary Şemsilmülk Nasyr han bolupdyr. Soltan Alp Arslan 1072-nji ýylda 200 müň goşuny bilen Mawerannahra ýöriş edip, 24 gün diýlende Amyderýadan geçip, Barzan galasyna ýetýär. Galanyň şihnesi Ýusnp Horezmli duýdansyz ýagdaýda hanjar bilen Alp Arslany öldüripdir. Onuň

mirasdüşeri Mälik şa goşuna baştutan bolup, ýörişi dowam etdirip, Samarkandy eýeläpdir.
Soltan Sanjaryň döwründe Günbatar Garahanly hanlygy Seljuk türkmenleriniň imperiýasynyň garamagynda durupdyr. 1141-nji ýyldaky Katwan söweşinde Soltan Sanjaryň ýeňilmegi netijesinde Mawerannahr Garahytaýlylaryň eline geçip, Garahanly türkmenler baknalyga düşüpdirler.

XIII asyryň başynda Günbatar Garahanly türkmenleriň döwleti gysga wagtlaýyn Köneürgenç türkmenleriniň (Horezmşalar) döwletiniň garamagynda bolupdyr. Muhammet şa Mawerannahrdan Garahytaýlylary gysyp çykarypdyr. 1212-nji ýylda Muhammet şa ägirt uly goşun bilen Samarkanda gelip, iň soňky Garahanly hökümdary bolan giýewsi Osmany öldüripdir. Şeýlelikde, Garahanly türkmenleriň döwleti dargapdyr.

Gaznaly türkmenleriň döwleti. Oguzlaryň Gaýy taypasyndan bolan *Alp tegin* Samanylar döwletinde täsirli goşunbaşy bolupdyr. Alp tegin özüniň tarapdarlary bilen 963-nji ýylda Gazna şäherini eýeleýär. Şol ýerde hem Alp tegin Gaznaly türkmenleriniň döwletini yglan edýär. Alp tegin Owganystany we Hindistanyň demirgazygyndaky welaýatlary eýeleýär. Alp tegin 963-nji ýylda aradan çykýar. Onuň ornuna ogly *Abu Yshak (963 - 966 ý.)* geçýär. Samanylar döwletiniň patyşasy Gaznaly türkmenleriň döwletini ykrar edipdir.

*977-nji ýylda döwlet başyna Söbük tegin (977 - 997 ý.) geçýär. Samanylar döwletiniň emiri Nuh I Söbük tegine "Diniň we dünýäniň howandary" diýen dereje beripdir.*

Nyzamylmülk özüniň meşhur "Syýasatnama" işinde Söbük tegine akyl-paýhasda, batyrlykda, geçirimlilikde, sahawatlylykda, takwalykda, gulluga wepalylykda taý gelip biljegiň bolmandygyny belleýär.

Söbük tegin Gaznaly türkmenleriň döwletiniň çäklerini has-da giňeldipdir. Yslam dinini ýaýratmak maksady bilen, Penjaba, Sind derýasynyň ýokary akymyndaky ýerlere ýöriş gurapdyr.

Söbük teginden soň 27 ýaşly uly ogly *Mahmut (998 - 1030 ý.)* Gaznaly türkmenleriň döwletiniň tagtyna 998-nji ýylda geçýär. Şol wagt döwletiň has güýçlenip, imperiýa derejesine ýeten döwri bolupdyr. Samanylar döwleti soltan Mahmydyň garşysyna söweşmäge gelýärler. Şol söweşde soltan Mahmyt uly ýeňiş gazanýar. Samany döwletiniň 2 müň esgeri gyrlyp, 2500 esgeri bolsa ýesir düşüpdir. *Soltan Mahmyt hiç hili garşylyk görmezden, 1006-njy ýylda Buharany eýeleýär. Bagdat halyfy soltan Mahmyda "Döwletiň sag eli we milletiň ynamdary"diýen hormatly at dakypdyr*. Şol wagta çenli beýle mertebäni, şeýle sylagy köp hökümdarlar tama eden hem bolsalar, hiç haçan şol derejä mynasyp bolup bilmändirler.
Soltan Mahmyt 17gezek Hindistana ýöriş geçiripdir. Şol ýörişleriň netijesinde Demirgazyk Hindistanyň ilatynyň köp bölegi yslam dinini kabul edipdir. Mahmyt

Hindistandan köp baýlyk toplapdyr, döwlet hazynasyny baýlaşdyrypdyr. Paýtagt şäher bolan Gaznada köpsanly kaşaň ymaratlar saldyrypdyr.
1017-nji ýylda Horezmde Horezmşa garşy gozgalaň başlanýar. Horezmde bolýan ýagdaýdan habarly soltan Mahmyt 1017-nji ýylda goşun bilen Gürgenje gelip, serkerdelerinden Altyndaşa (1017 - 1032 ý.) "Horezmşa" lakamyny berip, Horezme şa edip belleýär. Horezm Gaznaly döwletine tabyn edilýär.

Soltan Mahmydyň döwründe Gaznaly döwleti Hazar deňzinden Hindi ummanynyň kenarlaryna çenli aralykda ýerleşen giň meýdany öz içine alýar. Soltan Mahmyt ömrüniň köp ýyllaryny söweş meýdanynda geçiripdir. Mahmyt Gaznaly ylma, sungata we edebiýata sahylyk bilen hemaýat edipdir. 01 Gaznada ýokary mekdebi esaslandyrýar, onuň sahylygy bilen ajaýyp edebi zehinler (olaryň arasynda Ferdöwsi hem bar) döreýär. Gazna şol döwürdäki ähli şäherlerden özüniň köşkleri we metjitleri, suwaryş we jemgyýetçilik desgalary babatda tapawutlanypdyr.

Soltan Mahmyt Gaznada 1030-njy ýylda, elli dokuz ýaşynda aradan çykýar. Şondan soň onuň ogly Masut (1030 - 1041 ý.) soltan diýlip yglan edilýär. Emma soltan Masuda kakasynyň döwründäkisi ýaly soltanlyk etmek başartmandyr. Onuň döwletiniň düzümindäki ýurtlar özbaşdaklyga başlapdyrlar. Ilki bolup Horezm Gaznalylaryň tabynlygyndan çykýar. 1036 - 1038-nji ýyllarda Seljuklar bilen Gaznalylaryň arasynda ençeme gezek söweş bolupdyr. 1040-njy ýylda Daňdanakan söweşinde seljukly serkerdeler gaznalylary ýeňipdirler. Soltan Masut Gazna tarap gaçýar. 01 Hindistana tarap ýola düşýär, emma ýolda soltanyň gaznasy talanyp, özi-de tussag edilýär we öldürilýär. Masudyň ogly Maudud Gaznada döwletiň tagtyna geçse- de, şondan soňra gaznalylar seljuk soltanlarynyň golastynda bolupdyrlar. *Gaznaly döwletiniň iň soňky hökümdary Hysrow Mälik (1160- 1186 ý.) bolupdyr.*

**5-nji tema: Beýik Seljuk türkmen döwleti.**

**Soraglar:**

1. Seljuk-gaznaly gatnaşyklary.
2. Seljuk türkmen döwletiniň döremegi.
3. Seljuk türkmen döwletiniň gülläp ösen döwri.
4. Seljuk türkmen döwletiniň dargamagy.

## 1. Seljuk-gaznaly gatnaşyklary.

**Gaznaly türkmenleriň döwleti.** Oguzlaryň Gaýy taypasyndan bolan ***Alp tegin*** Samanylar döwletinde täsirli goşunbaşy bolupdyr. Alp tegin özüniň tarapdarlary bilen 963-nji ýylda Gazna şäherini eýeleýär. Şol ýerde hem Alp tegin Gaznaly türkmenleriniň döwletini yglan edýär. Alp tegin Owganystany we Hindistanyň demirgazygyndaky welaýatlary eýeleýär. Alp tegin 963-nji ýylda aradan çykýar. Onuň ornuna ogly *Abu Yshak (963 - 966 ý.)* geçýär. Samanylar döwletiniň patyşasy Gaznaly türkmenleriň döwletini ykrar edipdir.

***977-nji ýylda döwlet başyna Söbük tegin (977-997 ý.) geçýär. Samanylar döwletiniň emiri Nuh I Söbük tegine "Diniň we dünýäniň howandary" diýen dereje beripdir.***

Nyzamylmülk özüniň meşhur "Syýasatnama" işinde Söbük tegine akyl-paýhasda, batyrlykda, geçirimlilikde, sahawatlylykda, takwalykda, gulluga wepalylykda taý gelip biljegiň bolmandygyny belleýär.

Söbük tegin Gaznaly türkmenleriň döwletiniň çäklerini has-da giňeldipdir. Yslam dinini ýaýratmak maksady bilen, Penjaba, Sind derýasynyň ýokary akymyndaky ýerlere ýöriş gurapdyr.

Söbük teginden soň 27 ýaşly uly ogly *Mahmut (998-1030 ý.)* Gaznaly türkmenleriň döwletiniň tagtyna 998-nji ýylda geçýär. Şol wagt döwletiň has güýçlenip, imperiýa derejesine ýeten döwri bolupdyr. Samanylar döwleti soltan Mahmydyň garşysyna söweşmäge gelýärler. Şol söweşde soltan Mahmyt uly ýeňiş gazanýar. Samany döwletiniň 2 müň esgeri gyrlyp, 2500 esgeri bolsa ýesir düşüpdir. *Soltan Mahmyt hiç hili garşylyk görmezden, 1006-njy ýylda Buharany eýeleýär. Bagdat halyfy soltan Mahmyda "Döwletiň sag eli we milletiň ynamdary"diýen hormatly at dakypdyr.* Şol wagta çenli beýle mertebäni, şeýle sylagy köp hökümdarlar tama eden hem bolsalar, hiç haçan şol derejä mynasyp bolup bilmändirler.

Soltan Mahmyt 17gezek Hindistana ýöriş geçiripdir. Şol ýörişleriň netijesinde Demirgazyk Hindistanyň ilatynyň köp bölegi yslam dinini kabul edipdir. Mahmyt Hindistandan köp baýlyk toplapdyr, döwlet hazynasyny baýlaşdyrypdyr. Paýtagt şäher bolan Gaznada köpsanly kaşaň ymaratlar saldyrypdyr.

*1017-nji ýylda Horezmde Horezmşa garşy gozgalaň başlanýar. Horezmde bolýan ýagdaýdan habarly soltan Mahmyt 1017-nji ýylda goşun bilen Gürgenje gelip,*

*serkerdelerinden Altyndaşa (1017-1032 ý.) "Horezmşa" lakamyny berip, Horezme şa edip belleýär. Horezm Gaznaly döwletine tabyn edilýär.*

*Soltan Mahmydyň döwründe Gaznaly döwleti Hazar deňzinden Hindi ummanynyň kenarlaryna çenli aralykda ýerleşen giň meýdany öz içine alýar.* Soltan Mahmyt ömrüniň köp ýyllaryny söweş meýdanynda geçiripdir. Mahmyt Gaznaly ylma, sungata we edebiýata sahylyk bilen hemaýat edipdir. Ol Gaznada ýokary mekdebi esaslandyrýar, onuň sahylygy bilen ajaýyp edebi zehinler (olaryň arasynda Ferdöwsi hem bar) döreýär. Gazna şol döwürdäki ähli şäherlerden özüniň köşkleri we metjitleri, suwaryş we jemgyýetçilik desgalary babatda tapawutlanypdyr.

Soltan Mahmyt Gaznada 1030-njy ýylda, elli dokuz ýaşynda aradan çykýar. Şondan soň onuň ogly Masut (1030-1041 ý.) soltan diýlip yglan edilýär. Emma soltan Masuda kakasynyň döwründäkisi ýaly soltanlyk etmek başartmandyr. Onuň döwletiniň düzümindäki ýurtlar özbaşdaklyga başlapdyrlar. Ilki bolup Horezm Gaznalylaryň tabynlygyndan çykýar. 1036 - 1038-nji ýyllarda Seljuklar bilen Gaznalylaryň arasynda ençeme gezek söweş bolupdyr. 1040-njy ýylda Daňdanakan söweşinde seljukly serkerdeler gaznalylary ýeňipdirler. Soltan Masut Gazna tarap gaçýar. Ol Hindistana tarap ýola düşýär, emma ýolda soltanyň gaznasy talanyp, özi-de tussag edilýär we öldürilýär. Masudyň ogly Maudud Gaznada döwletiň tagtyna geçse- de, şondan soňra gaznalylar seljuk soltanlarynyň golastynda bolupdyrlar. Gaznaly döwletiniň iň soňky hökümdary Hysrow Mälik (1160-1186 ý.) bolupdyr.

**Seljuk türkmenleri.** Seljuk türkmenleri oguzlaryň kynyk taýpasyndan, Aý hanyň neberelerinden bolup, X asyryň ortalarynda **Seýhun** (Syrderýa) we **Jeýhun** (Amyderýa) arasynda Mawerannahrda ýaşapdyrlar. Olaryň esasy şäherleri Ýaňykent, Garajyk, Saýram, Jent bolupdyr. Kynyklaryň baştutany Dukak serkerde **"Demir ýaly "** lakamyny alyp, oguzlaryň kaganyna (patyşasyna) garşy çykýar. Dukagyň ogly Seljuk, takmynan, 900-nji ýylda dogulýar. Birnäçe wagtdan soň, hökümdar ony goşun başlygy wezipesine belleýär.

Ýaş, gujur-gaýratly Seljugyň özbaşdak hereket etmegi ýurduň hökümdarynda gorky döredipdir.

Seljuk beg Ýaňykentden gaýdyp 100 atlysy bilen Jent şäherine gelýär. Bu ýerde Seljuk begiň maşgalasy we ýanyndakylar yslam dinini kabul edip, musulman bolýarlar.

Seljuklylar döwletini esaslandyran Seljuk begiň Mikaýyl, Arslan, (Ysraýyl), Ýunus we Musa diýen 4 ogly bolupdyr. Mikaýyldan Dawut Çagry beg we Muhammet Togrul beg atly 2 ogly galýar. Olary Seljuk beg terbiýeläp ýetişdiripdir.

Seljuk beg 1007-nji ýylda Jentde ýogalýar. Şondan soň Arslan seljuklaryň baştutany bolup "ýabgu" diýlip yglan edilýär. Uzak wagt geçmänkä, seljuklylar Jendi terk edip, Mawerannahra gelýärler. Seljuklar Buharanyň golaýyndaky Nurbaýyr diýen ýerde mekan tutunýarlar.

999-njý ýylda samanlylar döwleti synýar we Mawerannahr ilki Garahanlylaryň soňra bolsa Mahmyt Gaznalynyň gol astyna düşýär. Buharany basyp alan Gaznaly soltany Mahmyt dürli wadalar berip, Arslan ýabguny ýanyna çagyrýar. Soltan Mahmyt, onuň

goşunynyň köpdügi barada beren maglumatyny alyp, özüne bir uly garşydaş bolar öýdüp, ony Hindistana iberýär. Şol ýerde hem 1025-nji ýylda soltan Mahmyt Arslany Kalanjer galasynda bendi edýär. Ýedi ýyl geçenden soň, 1032-nji ýylda Arslan bendilikde ýogalýar. Mawerannahryň häkimi Ilek Nasr seljuklary ýurtdan kowup çykarmak niýetine başlaýar. Şol sebäpli hem Çagry beg we Togrul beg öz maşgalalaryny, sürülerini aman saklamak üçin howpsuz ýere gitmeli diýip maslahatlaşýarlar. Olaryň esasy maksady 3 müň atly esger bilen Kiçi Aziýa ýöriş geçirip, seljuklar ýerleşer ýaly amatly ýer tapmak ekeni. 1016-njy ýylda Çagry beg rugsat alman, soltan Mahmydyň hökümdarlyk eden ýerlerinden geçip, Anadola ýöriş edýär. Emma ýeňiş gazanyp bilmän yzyna dolanýar. Şondan soň seljuklar Horezme az wagtlyk göçüp barýarlar.

**Seljuk-gaznaly gatnaşyklary.** 1030-njy ýylda soltan Mahmydyň ogly soltan Masud tagta geçeninden soň, onuň esasy işi seljuk türkmenleri bilen çaknyşmak bolýar. 1033-nji ýylda Balkanda oturan oguzlaryň baştutany Ýagmyry, olaryň 50 adamdan ybarat serdarlaryny gyrýar. Şundan soň uruş başlanýar.

1034-nji ýylda özüniň özbaşdaklygyny yglan edýär. Soltan Masuda garşy ýöriş etmek üçin seljuklar bilen ylalaşyk baglaşýar. 1035-nji ýylyň aprelinde Harun Horezmden Horasana tarap goşun çekip ugranda, gaznalylaryň jansyzlary tarapyndan öldürilýär. Serdarsyz galan goşun Horezme dolanýar.

Şeýle ýagdaýda seljuklar Horasana gidip, şol ýerde ýerleşmegi maksat edinýärler. Olar 900 atly bolup, Gaznaly döwletiniň hökümdaryndan rugsat almazdan, Amyderýadan geçip Mary, Nusaý töwereklerinde ýerleşipdirler.

Seljuk serdarlary Togrul we Çagry beg örän parasatlylyk edip, soltan Masuda nama bilen ýüzlenipdirler. Özleriniň Horasany basyp almak niýetleriniň ýokdugyny, diňe oturymly ýaşar ýaly ýer soraýandyklaryny aýdýarlar. Olaryň soraýan ýerleriniň ýokarsy Sarahs, aşagy Paraw aralygy eken. Hatyň soňunda özleriniň harby ýörişlere taýýardyklaryny, nirä ýöriş etmeli bolsa-da, gitjekdiklerini habar beripdirler.

Haty eşiden Masud Gaznaly gazaba münýär, ol özüniň beýik serkerdesi Begdogdy Hajyby agyr goşun bilen Seljuk türkmenleriniň üstüne iberýär. Emma Begdogdynyň goşuny şeljuklaryň harby pirimine sezewar bolup ýeňilýär. Seljuk begleri söweşde gaçyp uruşmak usulyny ulanýarlar. Masud Gaznalynyň goşuny san taýdan köp we agyr ýaraglanandygyna garamazdan, seljuklar tarapyndan iki gezek derbi-dagyn edilýär: birinji gezek Täk (Durun) galanyň töwereginde 1035-nji ýylda, ikinji gezek 1038-nji ýylda Sarahsyň golaýynda.

## 2. Seljuk türkmen döwletiniň döremegi.

Daňdanakan söweşi (1040 ý). Seljuklar gaznaly goşunyndan üstün çykyp, gurultaý geçirýärler we Togrul begi özlerine hökümdar saýlapdyrlar. Togrul beg Musa Ýabguny Mara, Çagry begi Sarahsa iberipdir. 1038-nji ýylyň maýynda Horasanyň merkezi hasaplanýan Nişapury Togrul beg eýeläpdir. Şol ýerde hem soltan diýlip yglan edilipdir.

Seljuklara garşy ýöriş etmäge soltan Masud 50 müň hakynatutma goşun jemläpdir. Hatda hindileriň söweş pillerini hem ulanmakçy bolupdyr.
Seljuklar muny aňyp, maşgalalaryny, mallaryny, emläklerini gum içine iberipdirler. Ýol ugrundaky guýulary bolsa gömüpdirler. Şundan soň Togrul beg we Çagry beg goşunlaryny Abywerde jemläpdirler. Masudyň goşuny bolsa suwsuz horlanypdyr.
Seljuklar bilen Gaznalylaryň arasyndaky aýgytlaýjy söweş 1040-njy ýylyň 23-nji maýynda Marynyň golaýyndaky Daňdanakan galasynyň ýanynda bolupdyr. Seljuklaryň sowut geýnen 16 müň atly goşuny gaznalylaryň üç esse köp ýygnyny derbi-dagyn edýärler. Soltan Masut öz ýurduna gaçyp gidýär. Seljuklar söweş bolan ýerde çadyr dikip, tagt bina edýärler.
Daňdanakanda Togrul beg tagta mündürilip, soltan diýip yglan edilýär. Şondan soň seljukly serdarlar Horasanyň ähli ýerlerine ýaýrapdyrlar. Musa Ýabgu Hyrada ýöriş edip, ony eýeläpdir. Dawut Çagry beg bolsa Balha ýöriş edip, şäheri gabap, gaznalylary ýeňlişe sezewar edipdir. 1043-nji ýylda Horezm seljuk döwletine tabyn edilipdir.
Togrul beg 1043-nji ýylda Reý şäherini öz döwletine paýtagt edinipdir. Togrul beg 1050-nji ýylda döwletiniň merkezi şäherini Reýden Yspyhana geçiripdir. Togrul beg uly goşun bilen 1055-nji ýylda Bagdada giripdir. Halyf Togrul bege şol wagta çenli hiç kime mynasyp görülmedik «Maşrygyň we Magrybyň» ýa-da «Ýedi yklymyň soltany» diýen derejäni beripdir. Togrul begiň döwründe seljuklaryň häkimiýeti Siriýanyň serhedine çenli barypdyr. 1060-njy yylda Togrul begiň söýgüli aýaly Altynjan ýogalýar. 1063-nji ýylyň sentýabrynda Togrul beg 70 ýaşynda ýogalýar we ony Reý şäherine getirip jaýlapdyrlar.
Soltan Togrul beg Reýde (hökümdarlygy 1040 - 1063 ý.), Horasan hökümdary Çagry beg batyr (hökümdarlygy 1040 - 1060 ý.) Maryda galyp, iki dogan gaty agzybir bolup döwleti dolandyrypdyrlar. Togrul beg ilaty agyr salgytlardan boşadypdyr. Togrul begiň adyna ilkinji pul Nişapurda zikgelenilipdir.
Daňdanakan söweşinden soň türkmen halkynyň taryhynda uly öwrülişik başlanýar. 100 ýyldan gowrak höküm süren Seljukly türkmen döwleti döreýär. Seljukly türkmen döwleti tä Bagdatdan Merkezi Aziýa çenli bolan aralykda hökümdarlyk edip, türkmeniň adyny jahana ýaýyp, sebitdäki ähli halklaryň ykbalyna deň göz bilen garap, medeniýetini ösdürmek, ýollar, köprüler, metjitler, kerwensaraýlar gurdurmak işleri bilen meşgul bolupdyrlar.

## 3. Seljuk türkmen döwletiniň gülläp ösen döwri.

*Soltan Alp Arslan. Malazgirt söweşi.* Togrul beg ýogalandan soňra, Çagry begiň ogly tagta eýe bolupdyr. Şondan soň Çagry begiň Horasandaky döwleti bilen Togrul begiň döwleti bir soltanyň hökümdarlygyna geçip, Beýik seljuk türkmenleriniň imperiýasyna öwrülipdir. Halyf Kaýym Biemrillah Bagdatda soltan Alr Arslany ykrar edipdir. Alp Arslan halyfyň iberen haladyny dabaraly ýagdaýda geýipdir.
Alp Arslan hem Togrul begiň ýörişlerini dowam etdirip, 1064-nji ýylda Kawkaza tarap hereket edýär. Ol köp galalary basyp alýar. Gürjüstanyň şazadasy Bagrat IV Alp

Arslana boýun bolup, ýyllyk salgydyny tölemäge razylaşýar. Şol döwürde "Synmaz gala" hasaplanýan Wizantiýa goşuny tarapyndan berk goralýan Ani şäherine Alp Arslanyň goşuny giripdir, rumlular ýeňlişe sezewar edilipdir. **Soltan Alp Arslan 1066-njy ýylda Müňgyşlaga hem ýöriş edýär.**
1071-nji ýylda Müsüri öz döwletine birikdirmek üçin, Alp Arslan uly goşun bilen ýola düşüpdir. Halaby boýun egdirip, soltan şol ýerden Damaska (Şama) ugraýar. Bir günlük ýoly geçenden soň, Wizantiýanyň hökümdary rumlulardan, ýewropalylardan, ruslardan, peçeneklerden, gürjülerden we şol tarapdaky başga milletlerden toplan 200 müňlük goşuny bilen soltan Alp Arslanyň üstüne ýöriş edýär. Soltan ol söweşe garaşmandyr. Onuň esgerleriniň köpüsi uzakda ekeni. Ol esgerlerini ýygnap ýetişmejekdigine gözi ýetip, ýanyndakylar bilen Wizantiýanyň imperatorynyň garşysyna söweşmegi makul bilýär. Alp Arslanyň ýanynda diňe 15 müň esgeri bar ekeni. Roman Diogeniň bolsa 200 müň esgeri bolupdyr.
Alp Arslan söweşe girmezden öň esgerlerine: "Gitmek isleýänler gitsin, bu ýerde ne emr berýän, ne-de gadagan edýän hökümdar bar! Men Allanyň razyçylygy üçin sabyr bilen söweşjek, eger sag galsam, bu Allanyň keremidir. Eger şehit bolsam, oglum Mälik şa şazadadyr (soltan bolmalydyr)" diýip ýüzlenipdir. 1071-nji yylyň 26- njy awgustynda Malazgirt meýdanyndaky söweşde Alp Arslan birleşen Wizantiýa goşunyny ýeňlişe sezewar edýär, imperatory ýesir alýarlar. Soltan imperator bilen şertnama baglaşýar. Şertnama görä, imperator halas bolmak üçin, Alp Arslana 1 million 500 müň dinar pul tölemeli edilýär. Imperator Alp Arslanyň ähli şertleri bilen ylalaşmaly bolýar.
Malazgirt söweşi Anadolynyň türkmenler tarapyndan eýelenmegini üpjün edipdir. Anadoly şol söwesden soň, oguz türkmenleriniň ýurduna öwrülipdir.
Alp Arslanyň asyl ady Muhammet bolup, Alp Arslan onuň hormatlanyp tutulýan adydyr. Alp Arslan "Adyl Soltan" lakamyny-da göteripdir.Seljuk türkmenleriniň hökümdarlaryndan iň beýik şahslaryň biri Alp Arslan 1072-nji ýylda Mawerannahrda öldürilenden soň, Mara getirilip, kakasy Dawut Çagry begiň ýanynda jaýlanypdyr.
Mälik şanyň döwründe döwletiň dolandyrylyşy. Alp Arslan ýaralananda, Mälik şa onuň ýanynda ekeni. Mälik şa (1072 - 1092 ý.) soltan diýlip yglan edilýär. Bagdada habar ýollanylyp, halyf tarapyndan Mälik şanyň soltanlygy ykrar edilýär. Mälik şa soltan bolanyndan soň, imperiýanyň paýtagtyny Yspyhana geçirýär.
Mälik şanyň döwründe Beýik seljuk türkmen imperiýasy giňäp, Siriýany hem öz içine alyp, Ýemenden Mermer deňzine çenli aralyk, Kawkaz, Toharystan, Horezm, Horasan, Eýran bu döwletiň düzüminde bolupdyr. Wizantiýa hökümdarlary oňa salgyt töläpdirler.
Mälik şanyň döwründe Beýik seljuk türkmen imperiýasynyň hemme ýerlerinde diýen ýaly söwda-satyk güýçlenipdir. Beýik Ýüpek ýolunyň janlanyp, ýokary derejede bolandygyny, Alp Arslanyň, Mälik şanyň atlaryna zikgelenen altyn pullardan hem görmek bolýar.

Döwleti edara etmek üçin ýurduň dürli welaýatlaryna häkim edip seljuklaryň nesline degişli wekiller ýaş basgançagyna görä iberilipdir. Bu dessur Oguz handan gaýdan düzgünler ekeni. Horasana, Seýistana, Nişapura, Hemedana, Gürgene we beýleki welaýatlara Togrul bege we Çagry bege ýakyn adamlar häkimlik edipdir.
Seljuklar dünýäniň köp ýurtlaryny eýeleseler-de, türkmenleriň köpüsi özleriniň ata Watany bolan, Gürgen, Sarahs, Mary, Abywerd, Nusaý, Dehistan, Amul, Gürgenç, Was etraplarynda ýaşamagyny dowam etdiripdirler.
Mälik şanyň döwründe wezirlik wezipesi örän güýçli bolupdyr. Ol diňe ýurduň içerki dolandyrylyşy bilen çäklenmän, Beýik Seljuk türkmen imperiýasynyň daşarky syýasaty bilen hem meşgullanypdyr. Muňa mysal edip Alp Arslanyň (1063-1072 ý.) we Mälik şanyň (1072-1092 ý.) döwründe Seljuk döwletinin Beýik weziri adyny alan Nyzamylmülki ýatlap geçmek ýeterlikdir. Ol 30 ýyllap Beýik wezir wezipesini ýerine ýetirip, beýik şahsyýete öwrülipdir. Seljuk soltanlary Nyzamylmülke ähli işleri ynanypdyr.
Emma weziriň ýer paýlamaga hukugy bolmandyr. Ýeri häkimlere we beglere diňe soltanyň özi paýlapdyr. Soltan öz beglerine ykta - harby gulluk üçin ýa-da döwletiň hyzmatynda bolan wezipeli adamlara mülk beripdir. Nyzamylmülk Seljuk döwletiniň dolandyrylyşy barada "Syýasatnama" kitabyny hem ýazypdyr.
Türkmen taýpalary haýsy döwletiň raýatlygynda ýaşasalar-da, özlerine berlen ýaýlalar we suwarymly ýerler üçin şol döwlete salgydyny töläpdirler**. Türkmenler harby hyzmaty döwlet borjy hasaplapdyrlar**. Türkmen atlylary soltanyň goragynda durýan köşk gwardiýasynda (gulam) gulluk edipdirler. **Seljuk soltanlary öz ogullaryna, agtyklaryna harby taýýarlyk we ylym öwretmek üçin ýörite atabeglere terbiýeledendikleri aýdylýar**.
Türkmenler ýerli han-begleriň eden-etdiliklerine ýol bermändirler. Käwagtlarda türkmenleriň Soltana öz talaplaryny bildirip, gozgalaň edýän wagtlary hem bolupdyr**. 1153-nji ýylda şeýle gozgalaň wagtynda Soltan Sanjar ýesir alnypdyr.**
Mälik şanyň soltanlygynyň soňky ýyllarynda wezirleriň we olary goldaýan toparlanyşyklaryň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykypdyr. Beýik seljuk türkmen imperiýasyna birnäçe tabyn döwletler we welaýatlar merkezi döwlete tabyn bolman başlapdyrlar. Kähalatlarda olar bir-biriniň mülklerine çapawulçylyk edipdirler. Şeýle hem, seljuk neberesiniň öz içinde agzalalyk güýçlenipdir. Ýerlerde hökümdarlyk eden seljukly şazada hökümdarlar özbaşdak bolmaga çalşypdyrlar.
1092-nji ýylda soltan Mälik şa aradan çykýar. Mälik şa ýogalandan soň, wezirleriň, harby serdarlaryň ýaş şazadalary goldamagy netijesinde, seljuk döwletinde gapma-garşylyklar, dagynyklyk döwri başlanýar. Bu ýagdaý döwletiň çökmegine esasy sebäp bolupdyr.

## 4. Seljuk türkmen döwletiniň dargamagy.

Beýik Seljuk döwleti Soltan Sanjaryň döwründe. Soltan Sanjar türkmeniň milli gymmatlyklaryna we ylma uly üns beren soltandyr. Soltan Sanjar 1086-njy ýylda, kakasy Mälik şanyň ýörişi mahalynda Sanjar şäherinde dogulýar. Ýaşlykda atabeglik

mekdebini tamamlaýar. Agalary Berkiýarygyň we Muhammet Taparyň golunda hem terbiýe alýar. 1092-nji ýylda Mälik şa ýogalandan soň, Sanjaryň agalary tagt üstünde bäsleşip başlaýar. Ýurtda agzalalyk başlanýar.
Şondan peýdalanyp, garahanly serkerdesi Kadyr han Mawerannahry eýeläp, Mara ýöriş etmek howpuny salyp başlaýar. Sanjar Kadyr han bilen söweşip ýeňýär we Mara dabaraly ýagdaýda girýär. Sanjar Maryda Horasanyň häkimi diýlip bellenilýär. 1118-nji ýylda Sanjar Maryda "Horasanyň soltany" diýlip jar edilýär we döwletiň paýtagtyny Bagdatdan Mara geçirýär.
Soltan Sanjaryň döwründe Mary Maru- Şahu-Jahan adyny alypdyr. Mara döwürdeşleri "Horasan şäherleriniň enesi" diýen at beripdirler. Soltan Sanjar Marydaky köşgünde şahyrlaryň, alymlaryň ençemesini işledipdir. Onuň özi hem oňat goşgulary düzüpdir.
Şahyr Enweri Soltan Sanjaryň köşk şahyry ekeni. Soltan Sanjar Maryda dünýäde iň uly 10 sany kitaphana saklapdyr. Onda dünýä belli Omar Haýýam ýaly alymlar işläpdirler.
Maryda Soltan obserwatoriýasy gurlupdyr. "Men bütin dünýäde sany we ajaýyplygy boýunça bulara meňzeş zady görmedim" diýip, ibn Ýakut XIII asyrda ýazypdyr.
Merwiň lukmanlary, tebigaty öwrenijileri, hasapçylary, astronomlary, taryhçylary, filosofary, şahyrlary bütin Gündogara mälim bolupdyrlar. Olardan görnükli matematik we astronom **Al-Merwezi** dünýäde ilkinji bolup trigonometriýanyň esasy düzgünlerini kesgitläpdir. Soltan obserwatoriýasynda işlän **astronom ibn Talha** şol ýerde hasaplamalary geçipdir. "Asman gurşawyny düşündirmek hakynda" diýen ajaýyp işini ýazypdyr.
Merwde ýaşan alym **al-Hazyny** (XII asyr) Gündogaryň meşhur fizikleriniň biri bolupdyr. Ol dünýäde ilkinji bolup howanyň fziki häsiýetlerini barlapdyr, suwuklyklaryň dykyzlygyny kesgitlemek boýunça özüniň oýlap tapan abzallaryny ulanypdyr.
Merwli taryhçy ibn **Seýit as-Samany** (1113 - 1167 ý.) 40-a golaý iş ýazypdyr. Ol öz işlerinde VIII - XII asyrlarda Merkezi Aziýada ýaşap geçen musulman medeniýetiniň görnükli wekilleriniň, ylymlaryň dürli ugurlary boýunça meşhur alymlaryň, şahyrlaryň, bagşylaryň 2500-e golaýynyň atlaryny tutupdyr.
Soltan Sanjaryň döwletine Türkmenistanyň çäklerinden daşarda Eýran, Owganystan, Kawkaz, Mazendaran, Horezm, Yrak, Kerman ýaly ýurtlar boýun bolýarlar. Emma 1141-nji ýylda Mawerannahra çozup giren garahytaýlylar bilen söweşde Soltan Sanjar ýeňilýär, onuň aýaly Türkan hatyn ýesir düşýär. Köneürgenç soltany Atsyz hem Soltan Sanjara boýun egmejek bolup gozgalaň edipdir (1147 ý.).
1153-nji ýylda Balhda ýaşaýan oguzlar gozgalaň turuzýarlar we ol ýere baran Soltan Sanjary ýeňip, ýesir alýarlar. Gozgalaňçylar Mara çozup, şäheri 3 günläp talaýarlar. Goşun dargap, hazyna boşap, köşk weýran bolup galýar. Diňe 3 ýyldan soň, Soltan Sanjara Mara gaýdyp gelmek başardýar.
Emma indi 40 ýyl höküm süren Soltan Sanjaryň huzuryna hiç kim gelmeýär. Seljuklaryň soltany Soltan Sanjar 1157-nji ýylda dünýäden ötýär. Soltan özüniň dirikä

saldyran "Dar-al-Ahyr" (Ahyret jaýynda) aramgähinde jaýlanylýar. Bu ymaraty Sarahsly ussa Atsyz gurupdyr. Aramgäh özüniň ululygy we owadanlygy bilen tapawutlanýar. 27 metr beýikligi bolan Soltan Sanjaryň aramgähi barada dürli rowaýatlar düzülipdir.

Bu aramgäh doly rejelendi we 2005-nji ýylda halkara ÝUNESKO guramasynda hasaba alyndy. Garaşsyzlyk binasynyň alleýasynda Soltan Sanjaryň heýkeli oturdyldy.

**6-njy tema: Köneürgenç türkmen döwleti we mongollaryň Türkmenistanyň ýerlerini basyp almagy.**

**Soraglar:**

1. Köneürgenç Türkmen döwletiniň döremegi.
2. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti Il Arslanyň we Soltan Tekeşiň öwründe.
3. Mongol döwleti we onuň Köneürgenç Türkmen döwleti bilen gatnaşygy.
4. Jelaleddiniň Mongollara garşy söweşleri.

**1. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň döremegi.**

1043-nji ýylda Horezm Beýik seljuk döwletiniň düzümine girizilýär. Mälik şanyň döwründe Horezmiň hökümdary Anuş tegin bolupdyr. O1oguzlaryň begdili urugyna degişli bolupdyr. 1097-nji ýylda Anuş teginiň ogly Kutbeddin Muhammet (1097 - 1128 ý.) Horezme hökümdar bellenýär. O1 30 ýyldan gowrak wagt Horezmde "Horezmşa" derejesini göteripdir, ol ylma, medeniýete aýratyn üns beripdir, Soltan Sanjaryň ýörişlerine-de gatnaşypdyr.

1128-nji ýylda Horezmşalar döwletiniň tagtyna çykan Gyzyl Arslan Atsyzyň (1128 - 1156 ý.) hökümdarlyk eden ýyllaryny iki döwre bölmek bolýar. Onuň birinjisi 1128 - 1135-nji yyllar bolup, bu döwürde Atsyz Soltan Sanjara ak ýürekden wepaly hyzmat edýär, onuň uly ýörişleriniň hemmesine gatnaşýar. Seljukly goşuny 1130-njy ýylda Garahanly hanyň garşysyna, 1132-nji ýylda bolsa Yrak hökümdarynyň üstüne ýöriş edenlerinde, Atsyz batyrlyk görkezip, urşuň ykbalyny çözmäge uly ýardam edipdir.

Bahylçylyk edýän emirler, serdarlar Atsyzy Soltan Sanjara ýamanlap başlapdyrlar. Şol sebäpli Soltan Sanjaryň Atsyza bolan garaýşy düýbünden üýtgeýär. 1135-nji ýylda gaznaly soltany Bahram şanyň garşysyna ýörişden soň, Soltan Sanjar goşuny bilen Balha gelýär. Balhda Atsyz soltandan rugsat sorap, Horezme dolanýar.

Atsyz Horezme gelenden soň, Soltan Sanjara sala salmazdan, özbaşdak hereket edip başlaýar. 01 Müňgyşlak, Jent aralarynda sähralykda ýaşaýan çarwa türkmenleriň üstlerine talaňçylykly ýörişler geçirip, mal-mülklerini alýar. Soltanyň Horezmdäki adamlarynyň mal-mülklerini ellerinden alýar. Şol hem Soltan Sanjaryň Horezme ýöriş etmegine sebäp bolýar. Soltan Sanjar 1138-nji ýylyň noýabrynda Horezmde Atsyzyň goşunyny ýeňlişe sezewar edýär. Soltan Sanjar Horezmiň hökümdary edip agasynyň ogly Süleýman şany belleýär. Soltan Horasana gidenden, Atsyz Horezme gelip, Süleýman şany ülkeden çykaryp kowýar. 01 1140-njy ýylda Soltan Sanjaryň tabynlygyndaky Buharany basyp alýar. 1141-nji ýylda Atsyz Soltan Sanjaryň Mawerannahra, garahytaýlylaryň üstüne ýörişe ugrandygyndan peýdalanyp, Maryny eýeleýär we soltanyň döwlet hazynasyny alýar. 1142-nji ýylda bolsa Nişapury eýeleýär. Öz adyna hutba okadýar we zikge kakdyrýar.

Katwan söweşinde ýeňlip yzyna dolanan Soltan Sanjar 1143-nji ýylda Horezme ikinji gezek ýöriş edýär. Gazaply söweş gidýän wagty, Atsyz ýene-de soltana töwella edýär. Soltan Marydan alnyp gaýdylan hazynalarynyň ählisini alyp, Atsyzy bagyşlap, yzyna dolanýar.
Soltan Sanjar 1147-nji ýylda üçünji gezek Horezme ýöriş edýär. Atsyz berk Hazarasp galasyna girýär, gala soltanyň goşuny tarapyndan gabalýar. Bu söweşde Atsyz ýeňilşe sezewar bolýar. Adamlaryň uly töwellalary netijesinde, soltan ýene-de Atsyzy bagyşlaýar. Ýaraşykdan soň, Atsyz soltanyň garşysyna çykmaýar.

Soltan Sanjar ýesir düşen wagty Atsyz oguzlara hat ýazyp, soltany bendilikden boşatmaga çagyrmak bilen çäklenmän, 1156-njy ýylda ogly Ilarslany ýanyna alyp, ägirt uly goşun bilen Şähristana gelýär. Ýöne 1156-njy ýylda Soltan Sanjar bendilikden gaçýar. Atsyz soltana hat iberip, özüniň tabynlygyny bildirýär. Emma **1156-njy ýylyň iýul aýynda** Atsyz 61 ýaşynda, ysmaz keseli bilen keselläp aradan çykýar.

Şeýlelikde, soltan Atsyz Horezmiň özbaşdaklygyny gazanyp, dünýäden ötýär. 1157-nji ýylda bolsa 41 ýyllap Seljuk döwletini dolandyran beýik Soltan Sanjar dünýäden ötýär. Türkmen halkynyň taryhynda uly yz goýan Seljuklaryň zamanasy tamamlanýar. Köneürgenç türkmen döwleti barha kuwwatlanyp başlaýar.

**2. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti Il Arslanyň we Soltan Tekeşiň döwründe.**
Horezmşa Il Arslan (1156 - 1172 ý.) Maryny, Nusaýy, Dehistany eýeläpdir. Horezmşa Il Arslan ýöriş edip, öz hökümdarlygyny Mawerannahra we Jende çenli giňeldipdir. Il Arslan 1172-nji ýylda Gürgençde aradan çykypdyr. Horezmşa Tekeş (1172 - 1200 ý.) Merkezi Aziýada iň kuwwatly soltanlaryň biri bolup, Nişapury, Reýi basyp alýar. Günbatar seljuklaryň üstüne ýöriş edip, söweşde soltan Togrul II öldürilýär. Soltan Tekeşiň hökümdarlyk eden ýyllary Köneürgenç türkmen döwletiniň çägi Syrderýadan Yraga çenli giňelipdir. Soltan Tekeşiň barha güýçlenmegi Bagdat halyfyna ýaramandyr. 1200-nji ýylda soltan Tekeş Bagdada ýöriş edýärkä dünýäden ötensoň, horezmşanyň goşuny Köneürgenje gaýdyp gelýär. Tekeş Gürgenje getirilip, özüniň gurduran aramgähinde jaýlanylýar.

Tekeşden soň horezmşalaryň tagtyna onuň ogly ***Alaeddin Muhammet(1200 - 1220 ý.)*** çykýar. Muhammet şa Mawerannahry elde saklamak üçin köp gezek Syrderýanyň kenarlarynda söweşýär. Garahytaýlylaryň paýtagty Otrary eýeleýär (1210 ý). Balh, Gazna welaýatlaryny eýeleýär we ol ýerleri ogly Jelaleddin Meňburua hökümdarlyga berýär. Muhammet şa özüne Soltan Sanjaryň derejesini dakýar, "Isgender Zülkarneýin" diýen lakamy alýar. Hytaýy basyp almagy ýüregine düwýär.

Muhammet şa Bagdat halyfy an-Nasyrdan ähli yslam ýurtlarynyň soltany hökmünde Horezmşanyň ykrar edilmegini talap edýär. Beýle ýagdaý bilen halyf ylalaşmaýar. Şonuň üçin hem 1217-nji ýylda Horezmşa goşun bilen Bagdada ýöriş edýär. Asadabat geçelgesine ýetende, güýçli gar ýagýar we goşunyň bir bölegi heläk bolýar. Alaeddin

Muhammet mejbury ýagdaýda yzyna dolanýar. Şondan soň onuň işi oňuna bolmandyr.
Horezmşa Samarkantda, ejesi Türkan hatyn bolsa Gürgençde (Köneürgençde) hökümdarlyk edýärler. Horezmşa ejesiniň garşysyna gidip bilmeýär. Türkan hatyn öz diýenini ýöredýär. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň şeýle güýçli ösen ýagdaýynda ýurduň içinde agzalalyk, gapma-garşylyklar başlaýar.
Netijede, şeýle ýagdaý Horezmşalar döwletiniň agyr synaga döz gelmän, Çingiz hanyň öňünde boýun egmegine getiripdir.

**Gürgenjiň syýasy-medeni ösüşi.** Köneürgenç türkmen döwleti XII - XIII asyrlaryň sepgidinde Merkezi Aziýany, Owganystany, Demirgazyk Hindistany, Eýrany, Yragy öz tabynlygynda saklapdyr. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň garamagynda 400-den gowrak şäher bolupdyr. Ýurtda ekerançylyk, senetçilik, hünärmentçilik ylym we medeniýet uly ösüşlere eýe bolupdyr. Ajaýyp şahyrlar, edebiýatçylar, taryhçylar, ylym adamlary Horezmde jemlenipdir.

Köneürgenç türkmen döwletiniň paýtagty Gürgenç medeniýetiň, ylmyň, hünärmentçiligiň we söwdanyň iri merkezine öwrülipdir. Şäherde uly ymaratlaryň gurluşygy alnyp barlypdyr. Gürgenjiň hünärmentçilik önümleri dünýäniň köp ýurtlarynda şöhratlanypdyr. Horezm Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşendigi sebäpli, Gürgenje dürli ýurtlardan täjirler, söwdagärler haryt getiripdirler. Olaryň getiren harytlary Horezmiň üsti bilen Alynky Aziýa we Ýewropa ýurtlaryna-da äkidilipdir.

Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde altyn dinardan başga-da, mis pullar hem söwda dolanyşygynda ýörgünli bolupdyr. Täjirler Wolga derýasynyň ýokary akymyndaky halklar bilen söwda aragatnaşygyny ýola goýupdyrlar. 01 ýerden dürli-dürli haýwanlaryň derilerini getiripdirler. Şol döwürde Gäwürgala, Galalygyr, Zamahşar, Şasenem we beýleki köne galalarda ýaşaýyş gyzgalaňly häsiýete eýe bolýar. Bu şäherlerde hem senetçilik, söwda çalt depginde ösüp başlaýar.

## 3. Mongol döwleti we onuň Köneürgenç Türkmen döwleti bilen gatnaşygy.

Mongol döwleti we onuň Köneürgenç döwleti bilen gatnaşygy. Mongollaryň Mawerannahry basyp almagy we Gürgenji ýumurmagy

Mongol döwletiniň döremegi. XIII asyryň başynda Mongoliýanyň sähralyklarynda çarwa taypalarynyň birleşmesi döräpdir. Mongollar birnäçe taýpalara, olar hem öz gezeginde tirelere bölünipdirler. Mongollaryň iň uly taýpasy tatarlar bolupdyr. Mongol taýpalaryny birleşdiren we döwleti esaslandyran tatarlaryň serkerdesi Temuçin bolupdyr.

Ol 1206-njy ýylda Çingiz han adyny alýar we ummasyz köp, berk tertip - düzgünli goşun jemleýär. Söweşe jemlenen mongol atlylary on-ondan bölünipdirler. 100-lük, 1000-lük, 10000-lük görnüşinde düzülipdir. On müňlüge tümen diýlipdir we özbaşyna hereket edip, galalary basyp almaga ukyply bolupdyr. Mongol nökerleriniň ok-ýaraglary, azygy, münülýän we ätiýaçlyk atlary elmydama ýanynda taýyn durupdyr. Goşunlara Çingiz hanyň özi bilen bir hatarda 4 ogly: Juçy, Çagataý, Ugedeý, Tuluý hem-de iki sany meşhur serkerdesi Jebe we Subudaý baştutanlyk edipdirler.
Çingiz han doglanda, gözi gandan doly bolup doglupdyr. Çingiz hanyň tugunda 9 sany ýak öküziniň ýaly bolnpdyr. Çingiz hanyň tagtyna ýagyň - öküzçäniň hamy dnşelip, "Çingiz han bir öküzçäniň hamynyň üstünde oturyp, dünýäni dolandyrypdyr" diýilýän rowaýatlar bar.

Çingiz han goşnuy bilen Hytaýy basyp almaga ugrapdyr we Beýik Hytaý diwarlaryndan geçip, 1215-nji ýylda paýtagt Pekini eýeläpdir. Hytaýyň bar baýlygy we ösen harby tehnikasy, gala ýykýan gurallary Çingiz hanyň eline düşýär. Indi onuň öňünde durup biljek güýç hiç ýerde ýokdy.

*Çingiz han. Muhammet şa.* Horezmşa Muhammet Mawerannahry eýeländen soň, özüni Çingiz handan pes tutmandyr, özüne Isgender Zülkarnaý, ikinji Soltan Sanjar atlaryny berip, Hytaýy basyp almagy arzuw edipdir. Emma Çingiz hanyň özünden öňürti Hytaýy basyp alandygyny eşiden Muhammet şa howpa düşýär. Çingiz han baradaky ýaýran gürrüňleri barlamak üçin Mongoliýa tarap ilçileri iberýär. Horezm şanyň ilçileri birnäçe wagtdan soň, Pekinde Çingiz han tarapyn-dan sypaýyçylyk bilen kabul edilýär.

Çingiz han Muhammet şa barada köp zat bilýändigini we ony Günbataryň patyşasy hasaplandygyny aýdyp, ilçileri sowgat bilen yzyna ugradýar. Söwda kerwenleri iki ýurduň arasynda gatnamagyny dowam edipdir. Çingiz hanyň Horezme gaýdan ilçilerine, asly Horezmli baý täjir Mahmyt Ýalawaç baştutanlyk edipdir. Çingiz hanyň iberen hatynyň ahyrynda, onuň Muhammet şany öz ogullarynyň biri ýaly görýändigini aýdypdyr. Beýle diýmek "Men seni öz hyzmatkärim ýaly görýärin" diýmegi aňladypdyr. Muhammet şa Ýalawaja haýbat atyp, Çingiz han barada hakykaty aýtmagy talap edipdir. Mahmyt Ýalawaç şeýle jogap beripdir: "Siziň Alyhezretiňiz, goşunlaryň Çingiz hanyň goşunlarynyn öňünde edil garaňky gijäniň içindäki tüsse ýalydyr". Mahmyt Ýalawaç Çingiz hanyň ýanyna Horezmşanyň ýagdaýy barada doly maglumatlary eltipdir. 1218-nji yylda Çingiz han Horezmşa bilen şertnama baglaşmak tabşyrygy bilen, öz ilçilerini köp gymmatbaha sowgatlar bilen uly kerwene goşup iberýär. Bu kerwen Syrderýanyň kenaryndaky Otrar şäherçesinde düşläninde, şäher häkimi, Muhammet şanyň dayysy Gaýyrhan, kerwendäki 450 adamyň ählisini içalylykda aýplap tussag edýär we kerweni talaň edip, ählisini ölüme höküm edipdir. Diňe bir düýekeş sypyp gaçýar we ähli wakany Çingiz hana ýetirýär.

Emma Çingiz han gazabyny saklap, Horezme täzeden ilçilerini iberipdir. Bu gezek Muhammet şanyň özi gedemlik bilen baş ilçini öldürmegi, beýlekileriniň sakgalyny kesip, yzlaryna kowup goýbermegi buýrupdyr. Sakgaly kesilen ilçiler Çingiz hanyň ýanyna gaýdyp gelipdir we şondan soň Çingiz han Horezme ýöriş etmegi ymykly ýüregine düwüpdir. Muhammet şa ýurdunda öz raýatlaryna hem rehimsizligi, zulumy rowa görüpdir. Salgytlar telim esse köpelipdir, soňabaka yylda 3 gezek hyraç ýygnap başlapdyrlar. Şol sebäpden halkyň arasynda Muhammet şa nälet okaýanlaryň sany artypdyr. Muhammet şanyň ejesi Türkan hatyn hem örän hilegär we yzgytsyzlyk bilen döwlet işine gatyşypdyr. Abraýly kethudalary, serkerdeleri köşkden kowupdyr, özüne garyndaş gypjakly hyzmatkärlere belent wezipeieri beripdir. Gypjakly serkerdeler Muhammet şanyň permanlaryna gulak hem asmandyrlar. Gürgenjiň şyh – mollalary hem Muhammet şanyň we Türkan hatynyň edýän işlerinden ýaňa gazaba münüpdirler. Şeýle ýagdaý Çingiz hanyň Horezme ýörişini has aňsatlaşdyrypdyr.

Mawerannahryň basylyp alynmagy. Urşuň gutulgysyzlygyna gözi ýeten Muhammet şa harby maslahat geçiripdir. Horezmşalar döwletiniň ruhy sütüni hasaplanan Şyhabeddin Hywaky, şanyň ogly Jelaleddin Meňburny we birnäçe serkerdeler ähli goşuny Syrderýanyň kenaryna jemläp, duşman bilen aýgytly söweşmegi teklip edipdirler.

Emma Muhammet şa goşuny birnäçe böleklere bölüp, öz esasy güýjüni dürli şäherleri we galalary goramaga dargadypdyr. Häkimlere we raýatlara her kim özüni goramaly diýen manyly permanlary iberipdir. Jelaleddin atasyndan goşunlary özüniň baş bolmagynda söweşe ibermegi sorapdyr, emma şa beýle etmäge rugsat bermändir. Horezmşanyň ýeňilmeginiň esasy sebäbi onuň harby hereketleriniň Çingiz hanyň söweş ussatlygynyň öňünde güýçsüz we gowşak bolmagydyr.

1219-njy yylda Çingiz han 200 müňlük atly goşuny bilen Merkezi Aziýa tarap ýola düşýär. Mongollara söwda kerwenleri ýol görkezipdirler we Çingiz han ilki bilen Otrar galasyny gabaýar. Syrderýanyň kenaryndaky bu gala 6 aýlap gabawda saklanandan soň, zabt edilip alynýar. Şol ýerde Çingiz han goşunyň bir bölegi bilen, öz ogly Juçyny Syrderýanyň aşak akymyndaky şäherleri eýelemäge, Çagataý bilen Ugedeýi Gürgenji eýelemäge iberýär. Çingiz hanyň özi Tuluý bilen Buharany, Samarkandy we Mawerannahryň beýleki şäherlerini basyp almaga ugrapdyr.

1220-nji yylyň fewral aýynda Çingiz hanyň goşuny Buharany gabapdyr. Galadaky 12 müň goşunyň serkerdeleri we şäher häkimi boýun egip, galanyň derwezesini açypdyrlar. Diňe 400 sany batyr esgerler birnäçe günläp duşman bilen söweşipdir. Çingiz hanyň buýrugy bilen Buharanyň ähli ilaty meýdana kowlup çykarylýar. Ýaş we daýaw adamlary gabawa düşen beýleki galalary ýykmaga kowup äkidýärler. Buharany doly talap, ýumrup we otlap bolanlaryndan soň, Çingiz han Mawerannahryň paýtagty Samarkanda tarap ýola düşýär.

Buharanyň başyna düşen elhenç waka hakyndaky habarlar, adamlardaky howsalalary we gorkyny has-da artdyrýar. Baryndan beteri ýurduň eýesi Muhammet şa gorkudan ýaňa, akylyny ýitiren ýaly bolýar. Münejjimler Muhammet şanyň ýaman ýyldyza sataşandygyny aýdýarlar. Muhammet şanyň 400 müňe golaý goşuny ýurduň dürli ýerlerine dargadylypdyr. Muhammet şa Samarkandyň goranyş galasyny gurýanlaryň ýanyna baryp: "Eger mongollaryň her bir atlysy, öz gamçylaryny biziň üstümize taşlasalar, gömlüp galarys" diýip,hemmeleri ruhdan düşüripdir. Özi bolsa goşun ýygnamak bahanasy bilen Owganystana, ondan aňryk Gürgene gaçypdyr. Çingiz han Muhammet şany tutup getirmek üçin özüniň baş serkerdeleri Jebe we Subudaýy 30 müň atly bilen kowga iberipdir. Muhammet şa gorkusyna Hazar deňziniň çetki adalarynyň birinde gizlenýär we şol ýerde 1220-nji ýylda dünýäden ötýär. Baştutansyz galan ýurdy mongollar rehimsizlik bilen basgylapdyrlar. Türkan hatyn hem tutulyp, Çingiz hana ýesirlige iberilipdir.

## 4. Jelaleddiniň Mongollara garşy söweşleri.

Çingiz han bilen bolan gazaply söweşlerde şowsuzlyga uçran Muhammet şa ýurdundan mejbury ýagdaýda gidip, 1220-nji ýylda Hazar deňziniň adalarynyň birinde aradan çykýar. Onuň ogly Jelaleddin mongollara garşy gaýduwsyz göreşip, mertligiň ajaýyp nusgasyny görkezipdir. Çingiz han Gürgençden çykyp gaýdan Jelaleddini gola salmak maksady bilen Horasanda galalary yzly-yzyna ýumrup ýören goşunlaryna Marydan Şährislama çenli atly gosunlary goýup, şazadany aňtamagy we tutup getirmegi tabşyrypdyr. Jelaleddin, dogrudan hem, ýanynyň üç ýüz atlysy bilen Nusaýyň golaýynda garawulçylyk çekip ýören 700 atlydan ybarat mongollara duş gelýär. Ol güýji az bolsa-da, ýüz öwürmän edermenlik bilen söweşe girýär we mongol goşunyny doly dargadýar. Jelaleddin mongollaryň at-ýaragyny alyp, Nişapura tarap geçip gidýär. Onuň bu ýeňşine daýhanlar we maldarlar örän begenipdirler. Ýol ugruna Jelaleddiniň ýanyna 30 müň çemesi goşun ýygnanypdyr. Jelaleddin Owganystandaky Gazna şäherine baryp, 70 müňe golaý goşun jemleýär. Jelaleddin goşunlaryň özdiýenli serkerdelerini jebisleşdirmegi we mongollara garşy kuwwatly güýje öwürmegi başarypdyr. Jelaleddiniň goşuny bilen mongollaryň goşuny Owganystandaky Penjşir jülgesinde garpyşýar. Iki gije-gündiz dowam eden söweşde mongollar ýeňilýärler. Olardan az sanly mongol gaçyp Çingiz hanyň ýanyna özlerini atypdyrlar.

Jelaleddiniň garşysyna Çingiz hanyň özi uly goşun bilen gelipdir. Jelaleddin Hind derýasyna tarap çekilýärkä, yzly-yzyna kiçiräk söweşleri edip, duşmanyna uly zyýan ýetiripdir. Aýgytlaýjy söweş 1221-nji ýylyň noýabrynda Hind derýasynyň boýunda Nilýap diýen geçelgäniň ýanynda bolupdyr. Şol ýerde bolan gazaply, san taýdan deň bolmadyk söweşde Jelaleddin ýeňilýär. Jelaleddin ejesini, aýalyny, çagalaryny gämä mündürip, derýanyň beýleki tarapyna geçirmegi buýurýar. Ýöne gämi daşa degip, olar derýada gark bolýarlar. Jelaleddiniň ýedi ýaşly ogly duşmanyň eline düşýär. Ony

Çingiz han ölüme buýurýar. Jelaleddin aty bilen özüni derýa urup, beýleki kenara geçýär. Jelaleddiniň edermenligini görüp Çingiz han haýran galýar. Jelaleddin Hindistanda üç ýyllap bolýar, täze söweşlere taýýarlyk görüp başlapdyr. Emma goşundaky agzalalyk, gaýduwsyz türkmen soltanyny arzyly arzuwlaryna gowşurmaýar.
Jelaleddine öz hökümdarlygyny 1225 - 1231-nji ýyllarda Häzirbegjanda dowam etdirmek başardýar. Jelaleddiniň ykbaly barada dürli rowaýatlar bar. Şolaryň içinde onuň bir kürtüň elinden öldürülşi baradaky gürrüň hakykata golaýdyr. Türkmen hökümdary Jelaleddin Meňburun Köneürgenç döwletiniň iň soňky hökümdarydyr. Ol bütin yslam dünýäsiniň taryhynda iň mert, iň batyr hökümdarlaryň biri bolup geçýär. Köneürgenç döwleti 1231-nji ýylda ýykylýar.

Soltan Jelaleddiniň söweşjeň dosty we kätibi Muhammet an-Nesewi bu gahryman Horezmşa hakynda örän gymmatly maglumatlary beýan edýän kitabyny ýazypdyr.

**7-nji tema: Türkmenleriň dünýä ýaýramagy hem-de döreden döwletleri.**

**Soraglar:**

1. Türkmenleriň dünýä ýaýramagy.
2. Türkmeleriň Memluklylar döwleti.
3. Garagoýunly we Akgoýunly türkmen döwletleriniň döremegi.
4. Osmanly türkmenleriň döwleti.
5. XIV - XV asyrlarda türkmen taýpalary

## 1.Türkmenleriň dünýä ýaýramagy.

Türkmenler gadymyýetde we orta asyrlarda edermen hem merdana millet hökmünde taryhy sahna çykyp, geçmişde şöhratly yz galdyrypdyrlar. X - XVI asyrlar türkmenleriň dünýäniň dürli ýerlerine ýaýrap, uly döwletleri, hanlyklary, beglikleri, atabeglikleri döredip, Aziýanyň we Ýewropanyň syýasy taryhynda, medeniýetinde, ylmynda uly işleri bitirip, öçmejek yz galdyran zamanasy bolupdyr. Bu döwür türkmenler tarapyndan döredilen Garahanly, Gaznaly, Seljukly, Köneürgenç (Horezmşalar), Osmanly, Memluk, Akgoýunly, Garagoýunly türkmenleriň döwletleriniň, türkmen soltanlyklarynyň, begликleriniň has gülläp ösen wagtydyr. XI - XII asyrlarda seljukly türkmenleriň döwleti Günbatara garşy hereket edip, Kiçi Aziýada, Eýranda köpsanly türkmen döwletlerini döredýärler. Şol bir wagtda olar türkmen dilini, däp-dessurlaryny, yslamy ýaýratmakda uly işleri bitiripdirler.

Beýik Seljuk türkmen imperiýasy darganda, dört sany uly döwlete (Siriýa türkmen seljuk döwleti, Kerman türkmen seljuk döwleti, Kum türkmen seljuk döwleti, Yrak türkmen seljuk döwleti), şeýle hem onlarça begliklere we atabegliklere bölünipdir. Orta asyrlarda Eýranda, Kiçi Aziýada, Müsürde, Hindistanda türkmenleriň guran döwletleriniň 25 sanysy, begliкleriniň 29-sy, atabegliklerиниň 4 sanysy bolupdyr. Olar agzalalyga we daşky duşmanlara garşy göreşde birleşmegiň zerurdygyna göz ýetiripdirler. XIII asyryň ahyrynda ol türkmen döwletleriniň birnäçesi birleşdirilip, Türkmen osmanly döwleti döredilipdir. Türkmenleriň ýene-de iki sany uly döwleti - Garagoýunly türkmen döwleti we Akgoýunly türkmen döwleti döräpdir.

Bu döwletler we beglikler Günbatarda we Gündogarda türkmenleriň mirasdüşerleri hasaplanýarlar.

Mälim bolşy ýaly, dürli taryhy sebäplere görä, geçmişde dünýäniň çar künjündäki dürli ýurtlary mekan tutunan türkmenleriň taryhyny öwrenmek, olar bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik bolmady.

1991-nji yylda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi döredildi. Bu gurama türkmen halkynyň ata-babalardan gelýän däp-dessurlary, ruhy gymmatlyklary, garaşsyz türkmen döwletiniň gazanýan üstünlikleri bilen daşary ýurtly

arkadaşlarymyzy dünýä jemgyýetçiligini tanyşdyrmak barada uly işleri edýär. Şonuň ýaly-da dünýä türkmenleriniň medeniýetini, däp-dessurlaryny, halk döredijiligini öwrenmekde, olar bilen halkymyzy tanyşdyrmakda uly çäreleri amala aşyrýar.
Dünýä türkmenleri bilen doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow uly üns berýär. 2007-nji ýylyň oktýabrynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň X ýubileý konferensiýasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu birleşigiň Prezidenti wezipesine saýlandy. Konferensiýada eden çykyşynda milli Liderimiz birleşigiň mundan beýläkki işiniň esasy ugurlaryny, şol sanda arkadaşlarymyz bilen doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, ýurdumyzdaTäze Galkynyş eýýamynda durmuşa geçirilýän özgertmeleri wagyz etmek wezipelerini kesgitledi.

Seljuklylar zamanasyna ýörgünli bolan ***atabegler*** özleriniň terbiýeleýän seljukly şazadalarynyň adyndan bellibir welaýaty, ülkäni dolandyrypdyrlar. Olar şazadalara döwleti dolandyrmagy we harby tälimi öwredipdirler. Atabeglik ady bilen taryha giren Parsda dörän Salyr atabegligini, Häzirbegjandaky türkmenleriň Ildeňizli atabegligini, Şamda esaslandyrylan Börüler atabegligini, türkmenleriň Mosulda we Halapda gurlan Zeňňi atabegligini, Begtegin türkmenleriniň Erbildäki atabegligini görkezmek bolar.

Türkmenleriň döreden ***begliklerini bolsa iki topara bölmek*** mümkin. Olaryň ***birinjisi heniz Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti döremezinden öňki türkmen beglikleri, ikinjisi bolsa Beýik Seljuk imperiýasy dargamagy netijesinde dürli welaýatlary dolandyran türkmen beglikleri degişlidir.*** 01 beglikleriň köpüsi wagtlaýyn dowam edip, bir-birleri ýa-da mirasdüşerleriň oňşuksyzlyklary sebäpli ýykylypdyr. Mongollaryň ýörişleri, aýratyn hem osmanly türkmenleriň imperiýasynyň döremegi netijesinde ol beglikleriň köpüsi öz garaşsyzlygyny ýitirýärler.

## 2.Türkmenleriň Memluklylar döwleti.

Mongollaryň we ýewropaly haçparazlaryň ýörişleriniň dowam eden döwründe, ***1250-nji ýylda Aýbeg türkmen Müsürde türkmenleriň Memluklar döwletini esaslandyrýar***. "Memluklar" ady Müsüriň soltany Salaheddiniň goşunynda ýörite taýyarlanan bölümiň esgerleriniň adydyr. Memluklylar mongollara we haçparazlara garşy durup, edermenligiň nusgasyny görkezipdirler. ***1260-njy ýylda memluklylaryň soltany Gutuz Türkmen mongol hany Ketboganyň goşunyny derbi-dagyn edýär. Bu söweşiň uly taryhy ähmiýeti bolupdyr. Sebäbi bu Jelaleddin Meňburnuň ýeňşinden soň mongollaryň üstünden gazanylan ikinji ýeňişdir.***

*Memluk soltany Beýbars mongollaryň 1265,1269,1271-nji ýyllardaky çozuşlaryny yzyna serpikdirýär. Beýbars haçparazlara garşy hem aýgytly söweşler edýär. 1277-nji ýylda soltan Beýbars aradan çykandan soň, onuň giýewsi emir Kalawun*

*soltanlyga bellenilýär. Ol hem 1290-njy ýylda haçparazlar bilen söweşde wepat bolýar.* Şondan soň memluklylar döwletiniň tagt üstünde şazadalaryň özara göreşleri başlanýar. Döwlet pese düşýär. Şeýle ýagdaýda 1517-nji ýylda Memluklylar döwleti öz hökümdarlygyny osmanly türkmenleriniň soltanyna tabşyrmaly bolýar. Memluklylar döwletinde ylym-bilime, gurluşyk işlerine köp üns berlipdir. Müsürde, Şamda, Halapda ençeme metjitdir medreseler, köşkler, bazarlar we kerwensaraýlar gurlupdyr.

### 3.Garagoýunly we Akgoýunly türkmen döwletleriniň döremegi.

*Garagoýunly türkmenler oguzlaryň ýywa, ýazyr, baharly, awşar taýpalarynyň birleşmesi hökmünde tanalypdyrlar. 1388-nji ýylda garagoýunlylar Töwrizi eýeläp, ony paýtagt edinipdirler.*

Garagoýunly türkmen döwletiniň güýçli bolan döwri ***Gara Ýusubyň*** dolandyran ýyllarydyr (1389-1420 ý). Gara Ýusup Temirleňiň çozuşlaryna mynasyp garşylyk görkezipdir. Temirleň ölenden soň (1405 ý.), onuň mirasdüşerleri hem garagoýunlylary tabyn etmek üçin göreşipdirler. 1420-nji ýylda Temirleňiň mirasdüşeri Soltan Şahruh (1406 - 1447 ý.) uly goşun bilen Gara Yusuba garşy ýörişe ugrapdyr. Şahruhyň goşunlarynyň sany 200 müňe ýetipdir. Gara Ýusup Şahruha garşy söweşmek üçin ugrapdyr. Emma ýolda tarpa-taýyn aradan çykypdyr. Gara Ýusubyň ogly Isgendere Şahruhy ýeňmek başartmandyr. 1435-nji ýylda Jahan şa garagoýunlylaryň hökümdary bolýar. Jahan şa ýurdy gaýtadan birleşdirip, ýokary derejä çykarýar. Jahan şa edebiýata aýratyn üns beripdir, zehinli şahyr bolupdyr. Jahan şanyň dolandyran soňky ýyllarynda akgoýunlylar bilen bäsleşik has-da güýçlenýär. 1467-nji ýylda akgoýunlylaryň patyşasy Uzyn Hasan bilen bolan söweşde Jahan şa wepat bolupdyr.

***Akgoýunly türkmenler oguzlaryň baýandyr taýpasyndan bolupdyrlar. Akgoýunlylar Gara Ýülük Osmanyň (1389 - 1435 ý.) döwründe güýçli döwlete öwrülýär.*** Akgoýunly döwletiniň iň meşhur hökümdarlarynyň biri ***Uzyn Hasan*** (1466 - 1478 ý.) bolupdyr. Uzyn Hasanyň döwründe döwletiň paýtagty Töwriz şäheri bolupdyr. Uzyn Hasan Wenesiýa, Wengriýa, Awstriýa, Rus, Polşa we beýleki döwletlerden ilçileri kabul edipdir. Ol "Kanunnama" kitabyny döredip, döwletini has-da berkidipdir. 1478-nji yylda Uzyn Hasan aradan çykýar. Onuň ogullary tagt üstündäki göreşe başlaýarlar we ýurdy öz aralarynda bölüşýärler. Bu bölünişik Akgoýunly döwletiniň dargamagyna getirýär. Uzyn Hasanyň gyzyndan bolan Ysmayyl şa I (1502 - 1524 ý.) Sefewiler döwletini esaslandyrýar.

### 4.Osmanly türkmenleriň döwleti.

*Oguz türkmenleriň gayy taýpasyndan bolan Ärtogrul beg mongollaryň çozuşlary wagtynda Jelaleddin Meňburnuň esgerleri bilen Anadola gelip, 400 öýlüsi bilen ýurt*

*tutunýar. Rumdaky seljuk soltany Alaeddin Keý Kubat (1219--1235 ý.) Ärtogrul gazynyň edermenligine göz ýetirip, basyp alan ýerlerini oňa mülk edip berýär.* 01 öz mülküni giňeldip, uly beglik döredýär. 1299-njy yylda Ärtogrul gazynyň ogly Osman beg begligiň başyna geçýär. Osman begiň döwründe (1299 - 1326 ý.) türkmenler Bursa şäheriniň töweregindäki ýerleri eýeleýärler. Osmanyň ogly Orhan (1326 - 1361 ý.) Bursa şäherini eýeläp, paýtagt edinýär. Onuň döwründe türkmenler Nikeýany, Izmiri eýeläp, Gara deňziniň kenarlaryna çykýarlar. Arap syýahatçysy ibn Batuta Orhan gazy barada: "Bu soltan iň baý genji-hazynasy, şäherleri we esgerleri bolan türkmen hökümdarlarynyň iň güyçlüsidir" diýip ýazýar.
1353-1357-nji yyllarda osmanly türkmenleriň Balkan ýarym adasyna ýörişleri bolupdyr. 1389-njy ýylda Kosowo meýdanynda osmanly türkmenler serbleri çym-pytrak edýärler. 1393-nji yylda Bolgariýany hem eýeleýärler. Kosowo meýdanynda şehit bolan Myrat I ogly Baýezit Ýyldyrym Osmanly döwletini giňeltmäge çalyşýar. Emma 1402-nji yylda Ankaranyň eteginde bolan söweşde Temirleň Baýezidi ýeňip ýesir alýar. Osmanly türkmen döwletiniň soltany Muhammet II (1451 - 1481 ý.) 1453-nji ýylda 50 günlük gabawdan soň, Konstantinopoly boýun egdirýär. Osman döwletiniň kuwwaty has-da güýçlenýär. Selim Ýowzuň (1512 - 1520 ý.) dolandyran yyllarynda Siriýa, Palestina we Müsür eýelenýär. Osmanly soltany Müsüri eýelemek bilen, musulmanlaryň halyfy derejesini hem öz eline alýar.

Süleýman Kanunynyň (1520 - 1566 ý.) döwründe Osman imperiýasyna ýewropanyň köp hökümdarlary salgyt töläpdirler. Osmanly türkmen döwletiniň medeniýeti gülläp ösüpdir.

Döwletiň paýtagty Stambulda dünýä meşhur ýadygärlikler bolan Topgapy köşgi, Süleýmaniýe we Ahmediýe metjitleri gurlupdyr. Osmanly türkmenleriň şygryýetinde Ýunus Emre, Mähri hatyn, Garajaoglan ýaly şahyrlar ajaýyp eserleri döredipdirler. XVII asyrdan başlap osmanly türkmenlerin döwleti pese düşüp başlaýar.Birinji Jahan urşunyň netijesinde 1922-nji ýylda Osmanly türkmenleriň imperiýasy ýykylýar.

## 5. XIV - XV asyrlarda türkmen taýpalary

**Ýazyrlar, salyrlar we ärsarylar.** Merkezi Aziýany mongollar basyp alandan soňra, türkmenleriň köpüsi Maňgyşlaga, Balkan dagynyň töwereklerine, Hazar deňziniň kenarlaryna göçüp barypdyrlar. ***Mongollaryň zarbasy netijesinde Horezmşalaryň taryhynda uly orun tutan ýazyr türkmenleriniň birleşmesi dargapdyr***. XII - XIII asyrlarda ýazyrlaryň birleşmesine Maňgyşlakda, Balkanda we Horasanda ýaşaýan türkmen taýpalarynyň ähli̇si diýen ýaly giripdirler. Yazyrlaryň birnäçe uly galalary bolupdyr. Gündogary öwreniji W.W. Bartoldyň hasap etmegine görä, ýazyrlaryň birleşmesine girýän taýpalaryň sany örän köp bolupdyr we ýazyr diýilse, oňa aýratyn bir halk hökmünde garapdyrlar. Yazyr birleşmesi dargandan soň, olaryň bir bölegi Kiçi Aziýa tarap çykyp gidýärler, beýleki bir bölegi bolsa Caradaşlylar ady bilen biziň günlerimize çenli saklanyp gelýär.

Abulgazynyň "Türkmenleriň nesil daragty" diýen işinde XIV-XV asyrlarda türkmen halkynyň etniki düzümi barada anyk maglumatlar berilýär.

XIV-XV asyrlarda türkmenleriň arasynda **Salyr taýpa birleşmesi** döräpdir. Salyr taýpa birleşmesine girýän taýpalar iki bölege - "içki" we "daşky" salyrlar diýilýän böleklere bölünipdirler. ***Deňiz ýakasynda ýaşan salyrlara "içki" salyrlar, Garagum sährasynda mekan tutan salyrlara bolsa "daşky" salyrlar diýlipdir.***

***Daşky salyrlara ärsary, teke, saryk we ýomut taýpalary giripdir. Daşky salyrlarda ärsary taýpasy öňdäki orny eýeläpdir.***

***Ärsary taýpasynyň düýbüni tutan Ärsary baý, Ärsary baba barada türkmenleriň hem-de goňşy halklarymyzyň arasynda dürli maglumatlar bar. Taryhy maglumatlara görä, Ärsary baý XIV asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçen taryhy şahs bolupdyr.***

Türkmen taýpalarynyň ählisiniň içinde Ärsary babanyň edermenligini, adamkärçiligini, rehimdarlygyny, akyl-paýhasyny, sowatlylygyny, sahylygyny wasp edýän rowaýatlar aýdylýar.

Abulgazy "Türkmenleriň nesil daragty" atly kitabynda Ärsary babanyň salyr ilinde Balkan töwereginde ýaşan döwletli we musulmançylyga boýun synan adam bolandygy, onuň Köneürgençde Şeref ally şyha 40 düýe peşgeş berip, öz haýyşyny aýdyp, arapça dini kilaplary türkmençä geçirip bermegi sorandygy barada aýdylýar. Şyh Şeref bolsa ähli dini meseleleri terjime edip, bir kitap ýazýar. Kitaba *"Mu'in al murid"* "Müridler, ýagny yslamy goldaýjylar üçin gollanma" adyny goýup, ony Ärsary baba berýär. Abulgazynyň aýdýan "Müridler üçin gollanma" kitabynyň ýazylan döwri 1313 - 1314-nji ýyllar hasaplanýar.

Abulgazynyň "Şejere i teräkime" - "Türkmenleriň nesil daragty" kitabyna görnükli alymlar W.W. Bartold, A.Ý. Yakubowskiý, A.N. Kononow, S.P. Tolstow örän ýokary baha berýärler. Olar türkmenleriň taryhyna degişli başga şunuň ýaly eseriň ýoklugyny nygtapdyrlar. Abulgazy bu eserini 1660-1661-nji ýyllarda ýazypdyr. Abulgazynyň işinde Ärsary babanyň ýörite agzalmagy onuň mertebesiniň, hormatynyň örän belent bolandygyna güwa geçýär. Ärsary babanyň gonamçylygy Balkan welaýatyndaky Tüwer obasynyň golaýynda ýerleşýär.

**Hyzrili, alili, düýejiler.** Abulgazynyň berýän maglumatlaryna görä Hazar deňzine guýan Uzboýuň ýakasynda örän köpsanly türkmen taýpalary ýaşapdyrlar. Uzboýuň ýakasynda "Üçil" ady bilen belli bolan hyzrili, alili, düýejiler Altyn Ordanyň hany Janybege (1341 - 1357 ý.) tabyn bolupdyrlar. Altyn Orda synandan soňra "Üçil" birleşmesi Horezme tabyn bolupdyr we şoňa salgyt töläpdirler. Horezme golaý ýaşan adakly - hyzyrlar bolsa Horezm hanlarynda nöker gullugyny berjaý edipdirler. Abulgazynyň eserinde Balkan daglarynyň töwereginde ýaşan esgi taýpasyny dolandyran Aýaz han barada gürrüň edilýär.

Okly-gökleňler Etrek-Gürgen boýlarynda, Astrabada golaý ýerlerde ýaşapdyrlar. Soň tekeleriň, ýomutlaryň, ärsarylaryň düzümine giren burkaz, soltanyz (soltan eziz), olam, agar ýaly tireler Türkmenistanyň gadymy medeni oazisleri bolan Murgapda, Lebapda ýaşapdyrlar.

Dag eteklerinde gadymdan nohurly, mürçeli, sünçeli, änewli, mehinli ýaly türkmen taýpalary-da ýaşapdyrlar. Gündogarşynas W.W. Bartold "Türkmen halkynyň taryhynyň oçerki" diýen işinde XIV asyrda Maryda ýaşan "sanjary" atly türkmenler barada-da maglumat getirýär. Şol zamanda Kelat, Abiwert, Nusaý, Goçant galalaryny we Mary oazisini edara eden çungurbany (jangurbany) taýpasy barada-da ýazýar.

Altyn Ordany esaslandyran Baty hanyň döwründen başlap Horezm, Maňgyşlak, Balkan daglarynda, Uzboýda ýaşan türkmenlere Altyn Ordanyň täsiri güýçli bolupdyr. Türkmen taýpalarynyň uly toparyna Baty hanyň ady bilen baglap, «söýünhan türkmenleri» diýip at berlipdir. Söýünhan birleşmesine öňki ýazyr we salyr taýpa birleşmelerine giren türkmenleriň aglabasy degişli bolupdyr. Çowdurlar, igdirler, abdallar, bozajy, burunjyk, gurban ýaly kiçiräk taýpa-tireler birleşmesi «esenhan türkmenler» adyny alýar. Olar, esasan, Maňgyşlakda ýaşapdyrlar. Türkmenleri söýünhan we esenhan diýip iki topara bölmek däbi halk döredijiliginde, folklorda saklanyp gelipdir.

Emma türkmen taýpalarynyň ýerleşişi soňky asyrlarda düýpli üýtgäpdir. Goňşy döwletleriň yzygiderli çozuşlary, öri we ekin meýdanlary ugrundaky göreş, Maňgyşlakda we Balkanda suwuň azalmagy türkmen taýpalaryny öňki ýaşan ýerlerinden göçmäge mejbur edipdir. Amyderýanyň Derýalyk we Uzboý şahalary boýunça suwunyň doly kesilmegi türkmenleriň başga ýerlere göçüşinde aýgytlaýjy rol oýnapdyr.

**8-nji tema: Türkmen-rus gatnaşyklary we Türkmenistany Russiýanyň basyp almagy.**

**Soraglar:**

**1.** XVIII asyrda Türkmen-rus gatnaşyklary. Hojanepes.

**2.** XIX asyryň başlarynda türkmen-rus gatnaşyklary . Kyýat han, Nurmuhammet şan.

**3.** Rus goşunlarynyň türkmen ýerlerine aralaşmagy. Gökdepe söweşi.

**4.** Zakaspi oblastynyň döredilmegi.

**5.** Türkmenistan birinji jahan urşy ýyllarynda.

## 1. . Türkmen-rus gatnaşyklary. Hojanepes.

XVIII asyrda türkmen halky dagynyklygy, tire-taýpa dawalary ýüze çykmagy sebäpli, bitewi döwlete birleşip bilmändirler. Şondan peýdalanyp goňşy özbek, galmyk hanlary, Eýran şalary türkmenleriň üstüne häli-şindi talaňçylykly çozuşlary edipdirler. Amyderýanyň akymynyň üýtgemegi, Uzboýuň ýuwaş-ýuwaşdan guramagy, kerwen ýollarynyň kesilmegi sebäpli, türkmenler öňki oturan ýerlerini terk edip, başga ýerlere göçüpdirler.

Pýotr I (1682-1725 ý.) döwründe Russiýa bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze döwri başlanypdyr. Pýotr I Baltika deňzi arkaly Yewropa ýol açypdyr. Rus döwletini Yewropa kysymly döwlete öwürmek üçin täze manufakturalary, zawodlary gurduryp başlapdyr. Iňlisleriň Hindistany eýeläp köp çig-mal, pagta alýandygyny eşiden Pýotr I hem Hindistana ýol açmagy ýüregine düwüpdir. 01 ýollar bolsa "Türkmenleriň ýurdunyň üstünden" geçipdir. 1722 - 1723-nji ýyllarda Pýotr I özi harby ýöriş edip, Kaspi deňziniň günbatar kenarlaryny eýeläpdir. Pýotr I Merkezi Aziýanyň baýlyklaryna eýe bolmagyň ýollaryny gözläpdir.

Hojanepes Söýün ogly 1678-nji ýylda Maňgyşlakdaky Yykylgan diýen obada dünýä inipdir. 01 edenli, il içinde abraýly ýaşuly bolup, halk onuň sözüne gulak asypdyr. Hojanepes türkmen taýpalaryny agyr durmuşdan çykarmagyň aladasyny edipdir. 1713-nji ýylda türkmen ýaşulularynyň maslahaty bilen patyşa Pýotr I-niň ýanyna ugrapdyr. Köp kynçylyklary we wakalary başdan geçirip, 1714-nji ýylyň ýazynda Hojanepes patyşanyň huzuryna, Sankt-Peterburga barypdyr. Hojanepes rus patyşasyna Amyderýanyň ozal Hazar deňzine guýandygyny, emma Hywa hanynyň derýanyň öňüni bentläp, Arala tarap sowandygyny, derýanyň ugrunda altyn çykýan ýeriň bardygyny,

derýa bilen gämili ýüzüp Hindistana baryp bolýandy-gyny aýdyp, türkmenleriň adyndan derýany öňki ugruna akdyrmak üçin Hywa hanynyň gurduran bendini açmaga kömek sorapdyr. Pýotr I Hojanepesi üns bilen diňläpdir we bu mesele patyşany gyzyklandyrypdyr. Pýotr I Hazar deňziniň gündogar kenarynda berkitme gurup, şol ýerden täze ýurtlary basyp almakçy bolupdyr.

*Aleksandr Bekowiç Çerkasskiniň baştutanlygyndaky ekspedisiýalar.*

Pyotr I-niň permany esasynda *A.B. Çerkasskiý* 1715-1717-nji ýyllarda üç gezek Türkmenistana barlag ýörişini geçiripdir. Barlag ýörişiniň esasy wezipelerini imperatoryň özi kesgitläpdir. Amyderýanyň akymynyň öňki ugruny anyklamak, Hindistana gidýän ýollary öwrenmek, Hazar deňziniň kenarlarynda berkitme gurmak, Hywa hanlygyny raýatlyga yrmak, Buhara barada maglumat toplamak tabşyrylypdyr. 1715-1716-njy ýyllardaky geçirilen iki barlagda Hazar deňziniň gündogar kenary öwrenilip berkitmeler gurlupdyr.

1717-nji ýylyň tomsunda A. Çerkasskiniň 3-nji barlag ýörişi başlanypdyr. Barlaga 3 müň adam gatnaşypdyr. Yörişe gatnaşanlar Astrahandan Gurýewe (Ural derýasynyň boýunda), ol ýerden hem tomsuň jöwzasynda Hywa tarap ýola düşüpdirler. 45 günlük ýörişde suwsuzlykdan gaty horlanypdyrlar. Horezme *120 km* galanda, A. Çerkasskiý patyşanyň adyndan Hywa hany Şirgaza ilçilerini ýollapdyr. Şirgazy han ruslaryň öz mülküne aralaşmagyny islemändir we atly goşuny bilen ruslaryň garşysyna söweşe başlapdyr. 3 günlük söweş han üçin şowsuz tamamlanypdyr. Şonda Şirgazy han hilegärlige ýüz urupdyr we A. Çerkasskiý bilen gepleşiklere başlap, barlag ýörişini myhman hökmünde kabul etjekdigine ant içipdir. Ruslary "myhman almak" üçin Horezmiň bäş ýerinde - Hywa, Hazarasp, Şabat, Haňka, Gürleň galalarynda taýýarlyk görendigini aýdypdyr. Rus barlagçylary böleklere bölünenden soň, Şirgazy hanyň goşuny ýeke-ýekelikde olary gyrypdyrlar. A. Çerkasskiniň özi hem hanyň buýrugy bilen öldürilipdir. Şeýlelikde, A. B. Çerkasskiniň barlag ýörişi pajygaly ýagdaýda tamamlanypdyr.

Şirgazy han A.B. Çerkasskiý bilen ilki duşuşan wagty, ondan özüne *Hojanepesi* bermegi talap edipdir. Emma A.B. Çerkasskiý Hojanepesi hana bermändir, gaýtam arabadaky goşlaryň arasynda gizlemegi tabşyrypdyr. O1 arabanyň üstünde üç günläp gizlenip ýatypdyr. Hojanepes A.B. Çerkasskiniň we onuň ýoldaşlarynyň çapylanyny görüpdir. Şu uly gyrgynçylykda ruslara ýolbelet bolup gaýdan Hojanepese gaçmak başardypdyr.

Ony Hywa hanynyň atly goşunynda gulluk edýän Agamuhammet diýen bir türkmen ýigidi ýanynda gizläp saklapdyr we assyrynlyk bilen öz obasyna ugradypdyr. Emma ömrüniň ahyryna çenli Hojanepesi Hywa hanynyň adamlary yzarlap ýörüpdirler. Şol sebäpli Hojanepes astrabatly türkmenleriň arasyna göçüp gitmäge mejbur bolupdyr. Öz dogduk obasyna - Maňgyşlaga gaýdyp barmagy arzuw edipdir. Ahyry hem Maňgyşlaga gitmekçi bolupdyr, emma Gyzylsuwuň töwereginde Hojanepes garakçylaryň elinden wepat bolupdyr. Türkmenler Astrahandaky rus häkimiýetlerine hat ýazyp, Hojanepesi

we onuň bilen bile giden kethuda Seýidahmet soltany sorapdyrlar. Emma hiç hili netije bolmandyr. Pýotr I-den soňky rus patyşalary Hazar kenarlaryny we Merkezi Aziýany basyp almak niýetinden el çekmändirler. XVIII asyryň ikinji ýarymynda *W. Kopytkowskiniň, J. Tokmaçýowyň* barlagçylary Hazar kenaryny ürç edip öwrenipdirler. 1782-nji ýylda Graf Woýnowiçiň barlag ýörişi bolupdyr we Çeleken ýarym adasynda türkmenler bilen dostlukly söwda gatnaşygy ýola goýlupdyr.
Netijede, Pýotr I-niň döwründen başlap Russiýa bilen türkmenleriň arasynda täze gatnaşyklar başlapdyr. Türkmen-rus gatnaşyklarynyň ösmeginde kenarýaka türkmenleri uly rol oýnapdyrlar. Türkmenleriň ýurdy Russiýa ýaly uly ýurduň ýollarynyň ugrunda ýerleşýärdi. Bu ýol XIX asyryň ahyrynda Russiýanyň Türkmenistany basyp almagyna getirdi.

## 2.XIX asyryň başlarynda türkmen-rus gatnaşyklary. Kyýat han. Nurmuhammet işan.

**Türkmenleriň ruslar bilen gatnaşygy.** XIX asyryň birinji ýarymynda türkmen-rus gatnaşyklarynda Maňgyşlak türkmenlerine uly orun degişlidir. Sebäbi Russiýadan Merkezi Aziýa hanlyklaryna ýollar Maňgyşlagyň üstünden geçipdir. Türkmenler deňiz arkaly Russiýadan gelýän täjirleri, ilçileri öz ulaglary bilen üpjün edipdirler, olary garşy alypdyrlar, ýola salypdyrlar. Hywa hanlary tarapyndan gysylýan türkmenler Rus döwletiniň özlerine howandarlyk etmegini isläpdir, onuň raýatlygyna geçmäge tarapdar bolupdyrlar.

Maňgyşlak türkmenleri özleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegi baradaky haýyşnamalaryny Russiýanyň Daşary işler ministrligine gowşurypdyrlar. 1803-nji ýylda Maňgyşlagyň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilýändigi barada Aleksandr I tarapyndan gol çekilen şahadatnama olara gowşurylypdyr.

Türkmenler Rus döwletinden Maňgyşlakda berkitme gala gurmagyny, onda kiçeňräk goşun bölüminiň ýerleşdirilmegini hem haýyş edipdirler. Sebäbi olar özleriniň raýatlyga kabul edilmegi bilen, Hywa hanyndan, goňşy gazak hanlaryndan goralmagyna, türkmen-rus söwda gatnaşyklarynyň ösmegine umyt baglapdyrlar.

Hazar deňziniň kenarlaryna patyşa Russiýasynyň barlag ekspedisiýasy guralýar. Patyşa hökümeti Türkmenistany özüne bakna edinmek üçin ony yzygiderli öwrenmegini dowam etdirýärdi. Türkmenler bolsa Rus döwletiniň raýatyna geçip, parahat durmuşda ýaşamak isleýärdiler. Russiýa howandar hökmünde garapdyrlar.

1819 - 1821-nji ýyllarda Hazaryň türkmen kenarlaryna uly ekspedisiýalar gelipdir. Şol ekspedisiýalara **maýor *M.I. Ponomarýow* we kapitan *N.N. Murawýow*** ýolbaşçylyk edipdirler. Türkmenleriň ynamyna girmek üçin N.N. Murawýow özüne ***Myrat beg*** diýip at goýupdyr. Ekspedisiýa döwründe Ponomarýow hem, Murawýow hem türkmenleriň dur-muşy, ýaşaýşy we olaryň ruslara garaýşy barada köp maglumatlar ýygnapdyr.

Rus hökümeti tarapyndan 1832-nji we 1836-njy ýyllarda ***G.S. Kareliniň*** baştutanlygynda ýene-de iki sany ekspedisiýa guralypdyr. Olaryň birinjisi Hazar deňziniň gündogar kenarlaryny gözden geçirmek we täze berkitme gurmak üçin ýer saýlap almak maksady bilen iberilipdir. Bu ekspedisiýa Maňgyşlakda 1834-nji ýylda galanyň (häzirki Aktau) düýbüni tutupdyr. 2-nji ekspedisiýa döwründe Karelin deňziň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň taryhyna, etnografiýasyna, medeniýetine degişli köp materiallar toplapdyr. Deňziň kenaryndan Hywa, Astrabatdan Merkezi Aziýa hanlyklaryna barýan kerwen ýollaryny anyklap, ýazga geçiripdir.
Kareliniň we Kyýat hanyň tagallasy bilen 1836-njy ýylda kenar ýakasynda ýaşan ýomut türkmenleriniň kethudalarynyň maslahaty bolupdyr. Esenguluda geçen bu maslahata türkmenleriň 180 müňe golaý ilatyndan ýörite saýlanan 118 sany kethuda gatnaşypdyr. Bu maslahatda Russiýadan howandarlyk soramak barada karar kabul edilipdir we ony patyşa hökümetine gowşurmagy Karelinden haýyş edipdirler.

**Kyýat han.** Kenarýaka türkmenleriniň ruslar bilen gatnaşyklarynda **Kyýat han (1754 - 1843 ý.)** uly işleri bitiripdir. Kyýat han öz döwrüniň parasatly adamy bolupdyr. Onuň ady taryhy sahnada **1813-nji ýylda Gülüstan şertnamasy** bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Rus häkimiýetleri Kyýat hany kenarýaka türkmenleriniň kethudasy hökmünde ykrar edipdir. Kyýat han deňiz kenarlaryna gelýän rus ekspedisiýalaryny kabul edipdir, möhüm işleri bitiripdir.

1819 - 21-nji ýyllardaky Ponomarýowyň we Murawýowyň ekspedisiýasy wagtynda Kyýat hanyň söwda işlerine giň ýol açylýar. Netijede, Kyýat han we onuň ogullary Astra-bat, Mazenderan, Baku, Astrahan arasyndaky söwdada esasy täjirleriň birine öwrülýärler. Kyýat hanyň ogullary we agtyklary Tbilisiniň we Sankt-Peterburgyň dürli okuw jaýla-rynda okap bilim alypdyrlar.

1834-nji ýylda astrahanly täjir Aleksandr Gerasimow Hazar deňziniň kenar ýakasyndaky türkmenleriň arasyna aýlanyp, şol ýerde Kyýat han bilen dostlaşýar. 1836-njy ýylda Kareliniň ekspedisiýasy wagtynda Esenguluda kenarýaka türkmenleriniň maslahaty bolup, Kyýat han kenarýaka türkmenleriniň baş hany edilip bellenilýär. Russiýadan howandarlyk soramak barada karar kabul edilipdir. Ony patyşa hökümetine gowşurmagy Karelinden haýyş edipdirler.

Patyşanyň ikiýüzli syýasaty zerarly dürli bahanalar bilen 1842-nji ýylda Kyýat hanyň uly ogly Yagşymämmet tussag edilýär. Ony boşatmaga synanyşan Kyýat hanyň özi 89 ýaşynda aglamakdan iki gözi gapylyp, Russiýanyň zyndanynda ýogalýar. Kyýat han paty-şa Russiýasyny adalatly hasaplapdyr, oňa ynanypdyr we şol syýasatyň gurbany bolupdyr.

**Nurmuhammet işan.** Türkmen-rus gatnasyklarynyň taryhynda uly yz galdyranlaryň biri-de ***Nurmuhammet işan*** **(1806 - 1871 ý.)** bolupdyr. Nurmuhammet işan pähimpaýhaslylygy, öňdengörüjiligi, gönümelligi bilen tapawutlanypdyr. Onuň tagallasy bilen

1835-nji ýylda Maňgyşlakdaky türkmen taýpalarynyň wekillerinden 1800-e golaý öýlüsi rus raýatlygyna kabul edilipdir.
Patyşa hökümeti tarapyndan 1846-njy ýylda Maňgyşlagy düýpli öwrenmek üçin guralan ekspedisiýanyň baştutany ***M.I. Iwanin*** türkmenleriň görnükli wekili Nurmuham-met işan bilen duşuşypdyr, pikir alşypdyr. M.I. Iwanin Nurmuhammet işana köp sowgatlar beripdir. 01 bolsa özüne berlen sowgatlary garyp-gasarlara paýlapdyr. M.I. Iwanin ekspe-isiýa barada ýazan hasabatynda Nurmuhammet işanyň Maňgyşlak topragynda Russiýa üçin iň ynamdar adamdygy barada ençeme gezek ýazypdyr.

Nurmuhammet işan Russiýanyň howandarlygynda Maňgyşlakdaky durmuşyň gülläp ösmegini isläpdir. Ol ilatyň parahat ýaşamagy üçin Maňgyşlakda berkitmeleri gurmagy, Hywanyň we Buharanyň üsti bilen Hindistana söwda ýoluny açmagy rus hökümetiniň

ýolbaşçylaryna maslahat beripdir. Nurmuhammet işan türkmenleriň parahat durmuşyny goramak üçin Hywa hanynyň ýanyna-da birnäçe gezek gidipdir. Nurmuhammet işan iň soňky gezek Hywa hany bilen gürrüňdeş bolup, öz iline gaýdyp gelýärkä, ýolda gümürtik ýagdaýda aradan çykypdyr.

Kyýat hanyň we Nurmuhammet işanyň türkmenleriň parahat we agzybir durmuşy ugrunda alyp baran asylly işleriniň uly ähmiýeti bar. Emma ol döwürde olaryň eden arzuwlary amala aşmandyr.

**Gazawat gyrgynçylygy (1873** ý.). XIX asyryň ortalarynda Hywa hanlygynda, takmynan, 35 - 40 müň öýli türkmen ýaşapdyr. Türkmenler ozalkylary ýaly, Hywa hanlygynyň syýasy durmuşynda uly rol oýnapdyrlar. Sebäbi olar Hywa goşunynyň esasyny düzüpdirler. Patyşa hökümetiniň goşunlary Hywa çozanlarynda, olara garşylyk görkezen esasy güýç türkmenler bolupdyr. Hywa hany patyşa hökümetine boýun egse-de, türkmenler oňa boýun bolmak islemändirler.

Patyşa hökümeti Hywany eýeläninden soňra hanyň ýanynda maslahatçy-diwan döredýär. Onuň düzümine ýerli han-begler bilen bilelikde ruslaryň wekilleri hem giripdirler. Şol wekilleriň üsti bilen Hywa hanynyň alyp barýan işlerini öz maksatlaryna gönükdiripdirler. Seýitmuhammet Rahym II han patyşa hökümetiniň öňünde türkmenleri rus-hywa harby çaknyşyklarynyň esasy günäkäri edip görkezipdir.

Rus baştutanlary geljekde Hywa hanlygyny Russiýanyň tabynlygynda saklamak üçin, onda esasy güýç bolup duran türkmenleri boýun egdirmeli diýen netijä gelýärler. Öz harby hereketlerini aklamak üçin bolsa türkmenleri "kakabaş", "talaňçy" diýip aýplaýardylar. Patyşa goşunlary türkmenleri boýun egdirmegi, olara uçursyz köp mukdarda azyk önüm-lerini salgyt hökmünde getirmegi talap etmekden başlapdyr. Türkmenleri çykgynsyz ýag-daýa salmak üçin, olar 610 müň manat möçberinde harby kontribusiýa tölemeli edilýär. Iki hepde möhlet bellenýär. Salgydyň möçberi Germaniýanyň 1871-nji ýylda Fransiýadan alan harby salgydyndan-da has köp ekeni.

Türkmenlerde bu agyr salgydy tölemäge nagt pul bolmansoň, olar altyn-kümüş şaý-seplerini, halylaryny, mundan başga-da, goýun, düýe, at tabşyrypdyrlar.
General Kaufman salgyt tölemegiň möhletiniň gutarandygyny bahana edip, türkmenleri jezalandyrmak maksady bilen, iki sany jezalandyryş otrýadyny düzüpdir. Olaryň birine general Golowaçýow, beýlekisine bolsa Kaufmanyň özi ýolbaşçylyk edipdir.

Bu iki otrýad 1873-nji ýylyň iýul aýynyň 7 - 24-i aralygynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabyndaky Gazawat ýabynyň boýunda ýaşan türkmenleriň üstüne baryp, örän köp bigünä adamlary gyrypdyr. Patyşa goşunlary türkmenleriň obalaryny, emläklerini, goşlary bilen bilelikde otlapdyrlar. Gaçyp barýan bosgunlaryň yzyndan ýetip, olary hem gyrypdyrlar. Türkmenler güýçli duşman bilen ýüzbe-ýüz durup söweşipdirler. Emma duşmanyň güýji we ýaragy olardan üstün çykypdyr. Öýsüz-öwzarsyz galan ilala edilen zalymlygyň, talaňçylygyň çägi bolmandyr.

General Golowaçýowyň jeza beriji goşuny türkmenleriň öz maşgalalaryny halas etmek üçin Ysmamyt ata gonamçylygyna tarap barýan türkmenleriň yzyndan ýetip, rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Bu aldym-berdimli pursatda aýallar hem çep elinde çagasyny göterip, sag eli bilen duşmana garşy söweşe giripdirler. Zeýkeş kölüniň ýanyndaky söweşde iki müňe golaý dürli ýaşdaky adam gyrlypdyr. Olaryň bir bölegi köle gark bolupdyrlar ýa-da onuň töweregindäki batgalykda batyp galypdyrlar.

Golowaçýowyň topary öz harby hereketlerni dowam etdirip, Ylanlynyň golaýynda-ky Çendir obasyna baryp ýetipdir. Bu ýerdäki söweşde türkmenlerden 800 adam wepat bolupdyr. Türkmenleriň aňynda bu aýylganç waka "Gazawat gyrgynçylygy" ady bilen galypdyr.

Patyşa goşunlarynyň alyp baran bu urşuna boýdan-başa gatnaşan "Nýu Ýork gerald" atly amerikan gazetiniň habarçysy Artur Mak Gahan ruslaryň türkmenler baradaky syýasa-tyna "Yakyş operasiýasy" diýip baha beripdir. Onuň tassyklamasyna görä türkmenleriň Gazawatda köpçülikleýin gyrylmagy bütin dünýäde ýazgarylypdyr. 01 özüniň şeýle elhenç gyrgynçylygyny bütin ömründe görmändigini ýazýar. Onuň "Oksusdaky harby hereketler we Hywanyň syndyrylmagy" atly kitaby bitarap awtoryň wakalary hakykata golaý beýan edip bilendigi üçin örän gymmatlydyr. 1873-nji ýyldaky Gazawat söweşi edil Garrygalada, Sarahsda, Maryda we 1881-nji ýylda Gökdepede bolan söweşler ýaly, türkmen halkynyň öz ýurdy, topragy, onuň erkinligi ugrundaky göreşiň gahrymançylykly sahypasy bolup taryhymyza girdi.

## 3. Rus goşunlarynyň türkmen ýerlerine aralaşmagy. Gökdepe söweşi.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Ahalteke oazisini parahatçylykly ýol bilen rus raýatlygyna geçirmäge mümkinçilik bolupdyr. Ilat ruslara açyk duşmançylyk bildirmändir. Emma kenarýaka Türkmenistany eýelän rus häkimiýetleriniň eden-

etdilikleri, türkmenler barada kemsitmeleri duşmançylyk meýillerini güýçlendiripdir. Şeýle ýagdaýda Gökdepede Ahal tekeleriniň uly maslahaty çagyrylypdyr.
Maslahata Ahalyň baş hany Nurberdi han we Orazmämmet han, Gurbanmyrat işan, Dykma serdar, Hanmämmet atalyk ýaly tire baştutanlary gatnaşypdyrlar. Her kim öz tiresiniň pikirini äşgär edipdir. "Patyşa goşunlaryna ýaragly garşylyk görkezmelimi ýa-da söweş etmezden tabyn bolmalymy?" diýen pikir maslahatlaşylypdyr. Ahyrynda rus goşunlary bilen ýaragly söweş etmeli diýen netijä gelnipdir we ählihalk kasamy kabul edilipdir. Duşmandan goranmak üçin Diňlidepede ýygnanmak we gala gurmak karar edilipdir. Galanyň gurluşygyna Nurberdi hanyň ogly Berdimyrat han bilen Orazmämmet han ýolbaşçy bellenilipdir. Galany uly il bolup gurup başlapdyrlar.

**Birinji Ahalteke ekspedisiýasynyň derbi-dagyn edilmegi.** Ahaly harby güýç bilen boýun egdirmek entek Gyzylarbadyň (häzirki Serdar) (1877 ý.), Hojagalanyň we Bendeseniň (1878 ý.) ýanyndaky çaknyşyklardan başlanypdyr. "Ahalteke ekspedisiýalary" diýlen at bilen taryha giren bu harby ýörişler jemi iki gezek guralýar. Onuň maksady güýç ulanmak bilen Ahal oazisini patyşa Russiýasyna boýun etmek bolupdyr. Ahaly basyp almak üçin harby ekspedisiýany gurnamak baradaky meýilnama 1879-njy ýylyň ýanwarynda pätyşa Aleksandr II tarapyndan tassyklanypdyr.

Birinji Ahalteke harby ýörişi 1879-njy ýylyň tomsunda başlanypdyr. Harby ýörişe ilki rus-türk uruşlarynda şöhrat gazanan general Lazarew ýolbaşçylyk edipdir. General Zakaspä gelenden soň Ahal hanlaryna hat ýollap, gep-gürrüňsiz boýun egmegi talap edipdir. Garşylyk görkezenleriň rehimsiz jezalandyryljakdygyny aýdýar.

Onda şeýle setirler bar: "Men, general-adýutant Lazarew, Ak patyşa tarapyndan uly goşun bilen sähra ýöriş geçirmek üçin bellendim. Siziň tiredeşleriňiz mundan birnäçe ýyl ozal biziň Mihaýlow aýlagynda ýerleşýän toparymyzyň üstüne çozuş edipdirler, geçen ýyl bolsa olar Hojagala çozupdyrlar. Şonuň üçin hem men siziň galtamanlaryňyzy mugyra getirmäge we sizde asudalygy berkarar etmäge borçludyryn. Siziň üstüňize aç-açan barýandygymy mälim edýärin we eger siz uruşmakçy bolsaňyz, men muňa örän şatdyryn... Golaý wagtda men öz goşunlarym bilen siziň üstüňize ýöriş ederin. Meniň maslahatymy Ahal tekelerine aýt, goý, olar meni öz ýerlerine baranymda boýun synyp, öňümden çyksynlar. Eger olaryň boýun synyp gelmek niýeti ýok bolsa, onda olara duýduryp goý, soňra hiç zady menden görmesinler".

Bu wakalar türkmenleriň duşmana garşy uruşmak pikirlerini has-da güýçlendiripdir. Ahal hanlary Aşgabatda gyssagly maslahat geçirip, goranmak işini çaltlandyrmak kararyna gelipdirler. Ahala baş han edilip Nurberdi hanyň ogly Berdimyrat hany, oňa maslahatçy edilip Orazmämmet han we Gurbanmyrat işan bellenipdir.

General Lazarew her biri 450 adamdan ybarat 16 batalýon, kazaklaryň 18 ýüzlügi, 2 atly eskadron, 34 top we başga-da köp mukdarda harby enjamlar bilen Gökdepä tarap ýola düşüpdir. Emma ol 14-nji awgustda Çat obasynda aradan çykansoň, ýörişe ýolbaşçylygy general ***Lomakin*** dowam etdiripdir.

Ahal ilaty rus goşunlarynyň ýolundaky obalary howul-halat taşlap, Gökdepä göçüpdirler. Türkmenler Gökdepäniň gala diwarlaryny uly il bolup gurmaga başlapdyiiar. Galanyň meýdany 100 ga golaý bolup, onuň içine 45 müň adam ýygnanypdyr. Olardan diňe 25 müňüsi ýarag göterip biljek erkek adamlar ekeni.
Oňat ýaraglanan rus goşuny Gökdepe galasyna 1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda zabt edýär. Türkmenler haýran galarlyk derejede tutanýerlilik hem-de köpçülikleýin gahrymançylyk görkezipdirler. Gala ýygnanan ähli ilat: aýal-erkek, garrylar, çagalar ýurduň azatlygy we erkinligi ugrundaky ganly jeňde deňi-taýy bolmadyk edermenligiň, gaýduwsyzlygyň, durnuklylygyň nusgasyny görkezipdirler. Patyşa goşunlaryna türkmenleriň arasynda ýekeje-de dönüklik edeni ýa-da Watanyny satany tapmak başartmandyr. Patyşa goşuny ölen-ýaralananlaryndan 450 adam ýitgi çekip, yza dolanmaga mejbur bolupdyr. Galany goraýjylardan hem 2 müňe golaý adam ýitgisi bolupdyr. Watan üçin gurban bolanlaryň arasynda görnükli sazanda Amangeldi Gönübek, Berdimyrat han, Dykma serdaryň ogly Hakberdi serdar ýaly halkyň mert ogullary bolupdyr. Ahalteke harby ýörişiniň derbi-dagyn edilmeginde esasy güýç duşmana garşy halkyň agzybir aýaga galmagy bolupdyr.

Şeýlelik bilen, 1879-njy ýylyň birinji Ahalteke harby ýörişi ruslar üçin şowsuz gutarýar. Bu ýagdaý Russiýanyň hökümdarynyň lapyny keç etdi. "Merkezi Aziýada rus ýaragy masgaralandy, ýurduň abraýyna zyýan ýetdi" diýip, gazet-žurnallarda uly goh-galmagal turupdyr. Her edip-hesip edip, patyşa Russiýasy türkmenleriň gözüniň oduny almagy hem-de rus ýaragynyň abraýyny dikeltmegi niýet edinýär.

**Patyşa goşunlarynyň galany gabamaga synanyşan döwri.**

**Ikinji Ahalteke ekspedisiýasynyň harby hereketleriniň başlanmagy.** 1879-njy ýyldaky Ahalteke harby ýörişiniň derbi-dagyn edilmegi Gökdepäni goraýjylaryň ruhuny belende göteren bolsa, rus patyşasy Aleksandr **I** we onuň generallaryny ahmyr çekdiripdir. Türkmenler bilen birýüzli etmek üçin 1880-nji ýylyň ahyrynda ikinji Ahalteke ekspedisiýasy guralypdyr. Bu gezek harby ýöriş has taýýarlykly, öz döwründe oňat ýaraglanan, köpsanly toplary bolan saýlama goşun bilen üpjün edilipdir.

Ekspedisiýa ýolbaşçylyk etmek rehimsizlikde ýakasyny tanadan patyşa generaly ***M.D.Skobelewe*** tabşyrylypdyr. 01 Krasnowodskä gelen dessine goşun, ok-ýarag toplamakdan başga-da, esasy ünsüni demir ýol gurmak işine berýär. Ýoluň gurluşygyna esgerlerden başga-da, ýerli türkmenler çekilipdir. Olardan ummasyz düýe, ýaby, araba hem toplanypdyr. Birnäçe aýdan demir ýol Gyzylarbada çenli ýetirilipdir. Bamy obasynda ähli güýçlerini ýygnapdyr. Skobelew hemmeleri eýmendirjek söweş operasiýasyna taýynlanypdyr.

Türkmenlerde ruslaryň harby güýji barada anyk maglumat bolmandyr. Olar galanyň goragyny güýçlendirmek maksady bilen Mara we Hywa türkmenlerine ýüz tutupdyrlar. Gala ýygnanan ilat, takmynan, 45 müň, söweşe ukyply adamlar bolsa 25 müň töweregi ekeni. Duşmana päsgel berer ýaly galanyň daş ýüzüne çuň garym gazylypdyr. Gala

ýygnanan esasy dört tiräniň öz hany galanyň bir ganatyny berkitmeli we berk goramaly edilipdir. Galanyň içinde ähli işlere umumy ýolbaşçylyk Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işanyň hem-de Orazmämmet hanyň elinde jemlenipdir. Esasan, gylyç, pyçak, hyrly tüpeň, gyrkylyk, synny berkidilip ýasalan naýza bilen ýaraglanan türkmenler şol döwrüň iň kämil ýaragly rus goşunyna garşy döş gerip göreşmeli bolupdyrlar.
Rus goşunlary öňe süýşüp, Gökdepä golaý Ýegenbatyr, Ýaňgala obalaryny eýeläpdir. Türkmenler tarapyndan berk goralan Jümmi galasyndaky söweşde ruslardan general Petrusewiç we onuň 72 sany atlysy öldürilipdir.

1880-nji ýylyň 23-nji dekabrynda rus goşuny Gökdepäniň üstüne hüjüm edipdir. Emma birbada zabt edip galany boýun egdirmek başartmansoň, gabaw taktikasyny ulanypdyrlar. Galanyň alkymynda toplary goýup. galanyň içini dyngysyz top okuna tutupdyrlar. Llatyň gürlügi, azyk-suw ýetmezçiligi, depeden top okunyň birsyhly ýagdyrylmagy galany goraýjylaryň ýagdaýyny agyrlaşdyrypdyr.

Şol agyr günlerde türkmenler Dykma serdaryň teklibi bilen ruslaryň üstüne gije duýdansyz çozmak taktikasyny ulanmagy karar edipdirler. Gijeki çozuş üç gezek geçirilipdir. 28-nji dekabrda geçirilen ilkinji gijeki çozuşlyga meýletin 4 müň adam gatnaşyp, duşmanyň 100-den gowragyny hatardan çykaryp, köp ok-ýarag olja alypdyrlar. Ruslar gapyl galypdyrlar. Bu ýeňiş türkmenleriň ruhuny göteripdir. Gökdepe urşuna başdanaýak gatnaşan Öweztagan Kätibi, Annagylyç Mätäji ýaly watançy şahyrlar türkmen ýigitlerini duşman bilen gaýduwsyz söweşmäge çagyrypdyrlar.

Türkmenleriň 30-njy dekabrdaky gije eden ikinji çozuşy hem şowly geçipdir. 1881-nji ýylyň 4-nji ýanwaryndaky üçünji çozuşa 12 müň adam gatnaşypdyr. Emma bu çozuş ruslaryň güýçli garşylygyna duş gelip, türkmenleriň köp ýitgi çekmegi bilen bes edilipdir.

Güýçler deň bolmandyr, şonda-da Gökdepe galasy 20 günläp gabawa döz gelmegi başarypdyr. General Skobelew Gökdepäni zabt edip almak üçin onuň diwarynyň aşagyna däri goýmak işlerini çaltlandyrypdyr.

**Rus goşunlarynyň Gökdepe galasyna aýgytly hüjüme geçmegi.** General Skobelew urşuň öňüni almak barada türkmenler bilen gepleşik geçirmek islemändir. Galanyň zabt edilen gününe çenli türkmenler deň bolmadyk söweşlerde örän agyr we howply günleri başdan geçiripdirler. Türkmenler galanyň demirgazyk-gündogar burçuny goramaklygy Ahalyň baş hany Magtymguly hana we Dykma serdara tabşyrypdyrlar. Diwaryň guşluk burçuny goramagy Hezretguly hana we onuň adamlaryna tabşyrypdyrlar. Orazmämmet hana galanyň tutuş günorta diwaryny we kybla burçuny goramagy ynanypdyrlar. Diňlidepäniň gapdalyny, günbatarky diwary we demirgazyk burçuny goramak Magtymguly hana we Sopy hana tabşyrylypdyr. Türkmenler galanyň astynda duşmanyň nagym gazýandyklaryny aňypdyrlar. Ýöne patyşa goşuny şeýdip galanyň içine girjek bolýandyr öýdüp, olara gaýtawul bermek üçin gylyçlaryny, paltalaryny taplap garaşypdyrlar.

General Skobelew Gökdepe galasyny zabt etmek üçin ummasyz köp ok-ýarag, goşun getiripdir. Gala üç tarapdan hüjüm etmek rus serkerdeleri Kuropatkine, Koželkowa we Gaýdarowa tabşyrylypdyr. Olar gala girip, türkmenleriň esasy berkitmesi Diňlidepäni basyp almaly ekenler.
Galany goraýjylar gijesine gylyçdyr, pyçak bilen ýaraglanyp, duşmanyň öňýan tarapyna çozup gaýdýar ekenler. Olaryň özleri hem az gyrylmandyr.

Gökdepäni gabap ýatan duşmanyň atan oky boş ýere düşmändir. Sebäbi ilat gaty gür ekeni. Soňabaka ölenlcri jaýlamaga ýer tapdyrmandyr. Iýmit we suw ýetmezçilik edipdir, şonda-da galany goraýjylar boýun egmändirler.

**Gökdepe galasynyň synmagy.** Basylanyna gözi ýeten galany goraýjylaryň diri galanlary Garaguma tarap gaçypdyrlar. Olar, esasan, garry-gurty, çaga-çuga, aýal-gyzlar ekeni. Türkmenlerde "Gözi ganly general" adyny alan Skobelewiň buýrugy bilen esgerler gaçanlaryň yzyndan kowup ýetip, rehimsiz gyrypdyrlar. Käbir çeşmelere görä türkmenleriň bu gyrgynçylykda umumy ýitgisi 30 müňden gowrak adam bolupdyr. Olaryň arasynda Gökdepe galasynyň gahrymançylykly goranyşyna baştutanlyk eden Kerimberdi işan, Orazmämmet han, Dykma serdaryň ogly Hakberdi han we başgalar bar ekeni.

Galanyň synan gününiň ertesi Skobelew dört günüň dowamynda "baranta", ýagny rugsatly talaňçylyga rugsat beripdir. Galanyň düýbünde bazar açylypdyr. Rus esgerleri galadan gaty köp mukdarda teke halylaryny, şaý-sepleri, kümüş uýanlary, gap-gaç, geýim-gejim we beýleki zatlary ýygnap äkidipdirler. Gökdepe galasynyň synmagy mynasybetli rus patyşasy Aleksandr II ýörite medal çykarypdyr. Medalyň ýüzünde «За взятие штурмом крепости Геок-Тепе 12-го января 1881 года» ("1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepäni zabt edip alanlygy üçin") diýen ýazgy bar eken. Gökdepe galasyny eýelemäge gatnaşanlaryň, olara kömek berenleriň hemmesi şol medal bilen sylaglanypdyrlar. Gökdepäni ýer bilen ýegsan etmek arzuwyna ýeten general Skobelew 1881-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda "ýeňijileriň " paradyny geçiripdir.

## 4. Zakaspiý oblastynyň döredilmegi

Patyşa hökümeti Mary oazisini eýelemäge uly ähmiýet beripdir. Gökdepe galasy synandan soň, Mary oazisindäki ýagdaý has çylşyrymlaşypdyr. Emele gelen ýagdaýdan çykmagyň dürli ýollary gözlenipdir. Ilatyň bir topary ruslara garşy uruşman, parahatçylykly ýol bilen birleşmegiň tarapdary bolupdyr. Ikinji topar bolsa ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmagy ündäpdir.

Mary oazisi bilen baglanyşykly iňlis-rus bäsdeşligi hem üzül-kesil ýitileşipdir. Iňlis içalylary türkmenleri ruslara garşy göreşmäge çagyrypdyrlar, olara kömek bermegi wada beripdirler. Patyşa çinownikleri hem Marynyň ilatyny Russiýa birikdirmek üçin

dürli hilegärliklere ýüz urupdyrlar. Ilki bilen ilatyň arasynda täsiri uly adamlara sylag-sowgat, harby çin bermek arkaly öz tarapyna çekipdirler.
Aşgabatdan Mara dürli harytlar ýüklenen söwda kerweni ugradylypdyr. Rus goşunlary kem-kemden gündogara süýşmeklerini dowam etdirip Duşagy, Mänäni, Tejeni eýeläpdirler. Asly kawkazly musulman, patyşagoşunlarynyň *stabs-kapitanyM.Alyhanow-Awarskiý* Mara ähli ýagdaýlary öwrenmek üçin iberilipdir. Alyhanowyň ýanynda rus raýatlygyny kabul eden Magtymguly han hem gidýär. Magtymguly hanyň ejesi Güljemal han, dogany Yusup han we birnäçe tire-taýpa hanlary bilen Alyhanowyň özi gepleşikleri geçirip, Marynyň ilatyny we abraýly hanlaryny öz tarapyna çekýär.

**1884-nji ýylda bolan Mary geňeşi.** Mary oazisini patyşa Russiýasyna birleşdirmek meselesini ara alyp maslahatlaşmak üçin 1884-nj i ýy lyň 1 -nji ýanwarynda Geňeş çagyrylypdyr. Geňeşe Marynyň ähli tire-taýpa hanlary, kethudalary, aksakallary gatnaşypdyrlar.

Geňeş örän çekeleşikli geçipdir. Ahyr netijede Mary türkmenleriniň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmäge razydyklary barada karar kabul edilipdir. Emele gelen taryhy ýagdaýa dogry düşünen geňeşiň agzalary ilaty gyrgyna bermejek bolup, mejbury suratda şeýle karara gelipdirler. Haýyşnamany Marynyň 4 sany tire hany we 24 sany aksakaly 1884-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda Aşgabada getirip, Zakaspiý oblastynyň naçalnigi general *A.Komarowa* gowşurypdyrlar. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň mes toprakly Mary oazisi patyşa Russiýasyna parahatçylykly ýol bilen mejbury suratda birleşdiripdir.

General Komarow öz otrýady bilen 1884-nji ýylyň 22-nji fewralynda Aşgabatdan Mara ugrapdyr. Onuň otrýadyny Marynyň töwereginde Gajar hanyň 4 müň atlysy ýaragly garşy alypdyrlar. Rus otrýady bilen bolan çaknyşyklarda Gajar han ýeňlipdir we tussag edilipdir. Maryda ymykly ornaşanlaryndan soň, Yolöten, Pendi, Sarahs etraplarynyň ilaty hem parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň raýatlygyna kabul edilipdir. Şeýlelikde, Türkmenistan doly patyşa Russiýasynyň golastyna düşüpdir.

Mary oazisiniň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasyna birleşmeginde Güljemal han (1836-1919 ý.), Magtymguly han (1857- 1919 ý.) uly rol oýnapdyrlar. Güljemal han Nurberdi hanyň aýalydy.Nurberdi han ýogalandan soň, onuň abraýy Mary oazisinde has ýokary göterilipdir. 01 Gökdepe urşunyň netijesine anyk göz ýetirip, Mary oazisiniň patyşa Russiýasyna söweşsiz birikmeginiň tarapdary holup hereket edipdir. Mary birikdi-rilenden soň, rus patyşasynyň çagyrma gy boýunça Güljemal han öz ýakyn adamlary bilen Sankt-Peterburga barypdyr. Patyşa oňa gymmatbahaly sowgatlar gowşuryp, 2000 manat möçberinde ömürlik pensiýa belläpdir. Onuň ogly Yusup hana bolsa milisiýanyň kapitany diýen harby at berlipdir. Patyşa hökümeti Magtymguly hana bitiren hyzmaty üçin syla-gyny ýetiripdir. Oňa ilki maýor, soňra podpolkownik çini berilýär. 01 birnäçe gezek Sankt-Peterburga baryp gelipdir, ikinji döwlet Dumasynda

türkmenleriň adyndan wekilçilik edipdir. Patyşa hökümeti Magtymguly hana hem ömürlik uly pensiýa belläpdir.
Patyşa hökümeti Meňli hana, Sary hana, Gara işana we Teke hana harby çin berip, ýokary aýlyk belläpdir. Olaryň hemmesi uýezd başlygy ýa-da pristawlyk wezipesine bellenilýär. Güljemal hana we ogly Yusup hana Baýramalyda köşk salnyp berilýär. Oba kethudalary bolsa "Görkezen yhlasy üçin" diýen ýazgyly kümüş medal bilen sylaglanypdyrlar.

**Daşköpriniň ýanyndaky bolan söweş (1885 ý.).** Mary türkmenleriniň parahatçy-lykly ýol bilen Russiýa birikdirilmeginden soň, Yolöten, Pendi we Sarahs etraplarynyň ilatyny rus raýatlygyna geçirmekde Magtymguly han uly hyzmat bitiripdir we 1884-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda bu etraplar hem parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň düzümine giripdirler.

Rus goşunlarynyň günorta tarap süýşmegi iňlislere ýaramandyr. Şonuň üçin olar owgan emirine Guşgy we Pendi sebitlerini eýelemegi maslahat beripdirler. Owgan goşunlaryna tälim berer ýaly öz harby serkerdelerini iberipdirler, ýarag kömegini edipdirler. Owgan goşuny tiz wagtdan Guşgy derýasynyň Murgaba guýýan ýerindäki Akdepeden dumly-duşa ýaýrap ugrapdyrlar.

Şonuň üçin 1885-nji ýylyň ýanwar aýynda general A.W. Komarowyň we podpolkownik M. Alyhanowyň baştutanlygynda iki sany harby topar owganlary gysyp çykarmak üçin Murgap derýasyndaky örän möhüm hasaplanýan Daşköprä tarap süýşüp ugrapdyrlar. Iňlis generaly Lemsdeniň Alyhanowa hat iberip, eger ruslar Daşköprini eýeläýse, Angliýa Russiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny keser diyip haýbat atmagynyň peýdasy degmändir.

1885-nji ýylyň 18-nji martynda Dasköpriniň ýanynda rus we owgan goşunlarynyň arasynda aýgytlaýjy söweş bolupdyr. 4000 adamlyk owgan goşunlary hernäçe batyrgaý söweşseler-de, rus goşunlarynyň has güýçli top oklarynyň we oňat harby täliminiň öňünde durup bilmändirler. Iňlis harby serkerdeleri söweşiň netijesine göz ýetirip, owganlary taşlap gaçypdyrlar. Owganlardan 500 adam bu söweşde hatardan ýok edilipdir we olaryň Guşgy, Pendi sebitlerini eýelemek synanyşyklary şowsuz tamamlanypdyr. Söweşde rus goşunlary-da ýitgi çekipdirler. Söweşde türkmen atlylarynyň baştutany Seýitnazar ýüzbaşy uly edermenlik görkezip wepat bolupdyr.

**Rus-eýran, rus-owgan araçäginiň çekilmegi we onuň netijeleri.** Patyşa Russiýasy Türkmenistany doly eýeläninden soň, Eýran we Owganystan döwletleri bilen araçägi kesgitlemek meselesi orta çykýar. Uzaga çeken gepleşiklerden soň, Russiýa we Eýran döwletleri özara ylalaşyk esasynda araçäk çekmek meselesini doly tamam laýarlar. Owgan araçäginiň çekilmegi barada gepleşikler patyşa Russiýasynyň we Angliýanyň ylalaşygy boýunça çözülipdir. 1885-nji ýylyň awgust aýynda Londonda alnyp barlan gepleşikler netijesinde iki döwletiň wekilleri ylalaşyga gol çekýärler.

1886 - 1887-nji ýyllarda patyşa Russiýasy bilen Owganystan we Eýran döwletleriniň arasynda serhet çekilende, türkmen halkynyň bäh bidi göz öňünde tutulmandyr. Netijede, şol çekilen serhediň aňyrsynda türkmenleriň uly bölegi galmaly bolupdyr. Serhet Russiýanyň we Angliýanyň ylalaşygy boýunça çekilipdir.
Russiýa öz harby bähbitlerinden ugur alyp, serhedi derýalaryň hanasy, daglaryň gerşi ýa-da jülgesi boýunça geçiripdir. Sowet döwründe şol çekilen araçäk berk goralýan ýapyk serhede öwrülipdi. Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň, biziň serhetlerimiz halklarymyzyň dostlukly gatnaşyklaryna ýardam edýän hoşniýetli goňşuçylyk serhedine öwrüldi.

Patyşa Russiýasynyň Türkmenistany doly eýelemegi üçin 20 ýyldan gowrak wagt gerek bolupdyr. Türkmenistan 1917-nji ýyla çenli patyşa Russiýasynyň baknasy bolupdyr. Onuň senagaty üçin çig mal bazasy bolup hyzmat edipdir.

Sowet totalitar ulgamy döwründe türkmen halkynyň taryhynyň ýoýlup beýan edilişi ýaly, patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp alşy hem nädogry teswirlenip gelindi. "Türkmenistan Russiýanyň düzümine meýletin birikdi" diýen düşünje-kesgitleme döredildi.

1993-nji ýylda Aşgabatda taryhçy alymlaryň "Patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp almagy: sebäpleri we netijeleri" diýen temadan ylmy konferensiýa geçirildi. Konferensiýada Türkmenistanyň görnükli alymlary çykyş etdiler we patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp alandygy hem-de ony öz baknasyna öwrendigi anyk faktlar arkaly beýan edildi.

**Zakaspiý oblastynyň döredilmegi we onuň edara edilişi.** 1874-nji ýylda Zakaspiý harby bölümi döredilýär. Oňa demirgazykda Maňgyşlakdan başlap günortada Etrek derýasyna çenli bolan Hazar deňziniň gündogar kenarlary girýärdi. Şol ýylda kabul edilen "Zakaspiý ülkesinde harby dolandyryş hakynda wagtlaýyn düzgünnama" görä, bu bölüm Kawkaz harby okrugyna tabyn edilýär. Bu düzgün girizilende türkmenleriň taryhy, millet aýratynlyklary, onuň bähbitleri göz öňüne tutulmandyr. Bölümiň baştutanyna gubernatoryň hukugy berlipdir we onuň edaralary Krasnowodskide ýerleşipdir.

Rus goşunlary Ahalteke oazisini basyp alandan soň, onda mäkäm ornaşmak maksady bilen patyşa hökümeti täze perman çykarýar. 01 perman esasynda 1881-nji ýylyň maýynda Ahal sebiti hem Zakaspiý harby bölümine goşulýar. 1882-nji ýylda Zakaspiý harby bölüminiň esasynda täze Zakaspiý oblasty döredilipdir. Oblastyň merkezi bolsa täze düýbi tutulan Aşgabat şäheri bolupdyr.

1883 - 1886-njy ýyllar aralygynda Zakaspiý oblasty barha giňelýär. 1884-nji ýylda Mary, Tejen, Ýolöten, Sarahs Zakaspiý oblastyna birikdirilýär. 1885-nji ýylda Daşköpri söweşinden soň Pendi, Guşgy hem Zakaspiniň düzümine girizilýär. 1897-nji ýyldan başlap Zakaspiý oblasty Türküstan general gubernatorlygynyň düzüminde dolandyrylyp

başlanýar. Zakaspiý oblastyny edara etmek üçin 7 pristawlyga bölünen 5 sany uýezd - etrap döredilýär: Maňgyşlak, Krasnowodsk, Aşgabat, Tejen, Mary uýezdleri. Zakaspiý oblasty patyşa Russiýasynyň Türkmenistandaky agalygyny üpjün etmek maksady bilen döredilýär. Patyşa häkimiýetleri türkmen halkynyň ykbaly barada alada etmeýärdi. Türkmenler indi bäş bölege bölünip, Zakaspiý oblastynda, Hywada, Buharada, Eýranda we Owganystanda ýaşaýardylar. Türkmen halky patyşa hökümetiniň alyp baran baknalyk syýasaty netijesinde bir-birlerinden üzňe bolupdyrlar.

**Baknalyk dolandyryşynyň aýratynlyklary.** Oblast, uýezd, pristaw başlyklary patyşa hökümetine ynamdar rus serkerdelerinden bellenilipdir. Oblast başlygynyň häkimiýeti dolandyrmakda çäklendirilmedik hukugy bardy. Ähli ýerli häkimiýet, polisiýa, goşun şonuň ygtyýarynda bolupdyr. 01 ýerli ilatyň wekillerini aşaky wezipelere belläp bilýärdi. Uýezd we pristaw naçalnikleri hem özlerine ynanylan ýerde doly ygtyýarly hojaýyn-lardy. Olar özleriniň ynamdar adamlaryndan wolostnoýlary, oba arçynlaryny, kazylary, miraplary wezipelere belleýärdiler. Olar bolsa "ak patyşanyň" permanlaryny, naçalnikleriň buýruklaryny berjaý edýän sadyk hyzmatkärlerdi. Wolostnoýlar we arçynlar ilatdan öý başyna düşýän salgydy ýygnapdyrlar, daýhanlary gazy-haşar, bent, we köpri gurmak ýaly işlere çekipdirler.

Zakaspiý oblastynda iş ýöredijilik diňe rus dilinde alnyp barlypdyr. Halkyň aglaba köpüsi öz meseleleri boýunça arz edip bilmändirler. Iş dolandyryjylar eden-etdilik, parahorlyk edipdirler, adamlary gorkuzyp, agalyk sürüpdirler. 1897-nji ýylda geçirilen ilat ýazuwy boýunça Zakaspiý oblastynyň meýdany 532 müň kw km barabar bolup, ilatyň sany 382,5 müň adamdan ybaratdy. Oblastyň esasy ilaty bolsa türkmenler bolupdyr.

**Zakaspiý demir ýolunyň gurulmagy.** Patyşa hökümetiniň harby we ykdysady bähbitleri, täze basylyp alnan ülkede demir ýol gurluşygyny çalt depginde amala aşyrmagy talap edipdir. Patyşa goşunlarynyň türkmen topragyna aralaşmagy bilen şol ýoluň ilkinji relsleri Krasnowodskä getirilip başlanypdyr. Demir ýoluň gurluşygy 1880-nji ýylyň iýun aýynda, Gökdepe söweşine taýýarlyk görülýän döwürde başlanypdyr. 1881-nji ýylyň sentýabr aýynda bolsa Gyzylarbada ýetirilipdir.

1884-nji ýylda Mary oazisiniň ilaty patyşa Russiýasyna mejbury birikdirilenden soň, demir ýoluň gurluşygy has güýçli depgin bilen täzeden dowam etdirilýär. 1885-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Aşgabat şäherine ilkinji otly gelipdir. 1886-njy ýylyň tomsunda demir ýol eýýäm Mara ýetirilipdir. Demir ýol liniýasy çalt dowam etdirilip, Amyderýa barýança çekilýär. Derýanyň üstünden wagtlaýyn agaç köpri gurlupdyr. 1901-nji ýylda Amyderýanyň üştünden uly demir ýol köprüsi gurlupdyr. Bu polat ýol 1888-nji ýylda Samarkanda baryp ýetýär. Zakaspiý demir ýoly gurlup gutarandan soň, Orenburg - Daşkent demir ýoly gurlupdyr.

Şunlukda, Merkezi Aziýanyň territoriýasynda jemi 4 müň kilometre ýakyn polat magistraly çekilipdir. 1898-nji ýylda Ýolöteniň we Pendiniň üsti bilen Russiýa

imperiýasynyň iň günorta çeti bolan Guşgy galasyna demir ýol çekilipdir. Zakaspiý demir ýoly Krasnowodskiden Mara, Marydan Çärjewe, Kagana, Daşkentden Orenburga çenli hyzmat edip, bütin Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetini patyşa Russiýasy bilen pugta baglanyşdyrypdyr. Demir ýoluň baslanýan ýerinden Krasnowodsk gämi duralgasy (port) döredilipdir.
Zakaspide demir ýol gurluşygynyň ähli işleri general-leýtenant M.N.Annenkowyň ýolbaşçylygynda alnyp barlypdyr. Gurluşyk işleri agyr tebigy şertlerde, esasan, esgerleriň, şeýle hem bu ýere möwsümleýin iş gözläp gelen ýüzlerçe ýerli ilatyň güýji bilen amala aşyrylypdyr. Demir relsleri, şpallary çekmek üçin ýerli ilatdan iş mallary, gara öý, keçe we beýleki zatlar alnypdyr.

**Täze şäherleriň we senagat kärhanalarynyň döredilmegi.** Zakaspiý demir ýolunyň gurulmagy bilen baglanyşykly onuň boýunda 50-ä golaý ululy-kiçili demir ýol duralgalary, demir ýol ussahanalary, depolar gurlupdyr. Gyzylarbatda wagon abatlaýjy zawod, Aşgabatda, Maryda we Çärjewde parowozlary abatlaýjy ussahanalar peýda bolupdyr, telegraf simleri çekilipdir.

1869-njy ýylda Krasnowodsk şäheriniň, 1881-nji ýylda Aşgabat şäheriniň, 1884-nji ýylda Mary şäheriniň, 1886-njy ýylda Tejen şäheriniň düýbi tutulypdyr. Mundan başga-da 1880 - 90-njy ýyllarda Gazanjyk, Gyzylarbat, Bäherden, Kaka, Guşgy ýaly birnäçe şäherçeler döredilipdir. Bu ýerlerde ilkibada rus işçileri, harby gullukçylar, kärhana eýeleri, söwdagärler, senetçiler ýaşapdyrlar.

Zakaspiý demir ýolunyň gurulmagy Türkmenistanyň söwda-ykdysady ösüşine uly itergi beripdir. Patyşa hökümeti Türkmenistany Russiýanyň agrar-çig mal ojagy hasaplasa-da, käbir zerur bolan zawod-fabrikleri we söwda merkezlerini açmaga rugsat bermeli bolupdyr. Olar, esasan, oba hojalyk önümlerini işläp bejerýän kärhanalardan we ýerasty baýlyklary gazyp alýan promysellerden ybarat bolupdyr.

Nebitli ýerleri eýelemek ugrundaky bäsleşikde üstün çykan norwegiýaly doganlar Nobeliň firmasy Çelekendäki nebitli ýerleri eline alypdyr. Ýerasty baýlyklarymyz bolan nebitdakyl, kükürt, duz alnyşy artyp, Russiýanyň dürli şäherlerine iberilipdir.

Zakaspiniň şäherleinde oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän pagta arassalaýjy, sabyn gaýnadýan, çigit ýagyny çykarýan, un üweýän, çakyr we konditer kärhanalary gurlup başlanypdyr.

Çig mal işläp bejerýän senagatda birinji orun pagta arassalaýjy zawodlara degişlidi. 1892-nji ýylda Maryda iki sany pagta arassalaýjy zawod gurlupdyr. 1897-nji ýylda Zakaspiý oblastynda 7 sany pagta arassalaýjy zawod bolupdyr. Taýýar pagta, ýag, sabyn, esasan, Moskwa, Yaroslawl, Iwanowo-Woznesenk ýaly merkezi dokma senagat kärhanalaryna iberilipdir.

## 5. Türkmenistan I Jahan urşy ýyllarynda

1914-nji ýylda patyş Russiýasynyň birinji Jahan urşuna goşulmagy bilen (Üçler we Antanta harby bileleşikleri) ähli ýerde bolşy ýaly, türkmen obalaryndan alynýan salgytlary ýygnamak has-da agyrlaşypdyr. Uruş bahanasy bilen indi ilatdan at, düýe, araba we beýleki zatlar alnyp başlanypdyr. Mysal üçin, diňe Mary uýezdiniň ilatyndan goşun üçin 3073 atyň, 500 düýäniň, 210 arabanyň, 10765 telpegiň, 1413 gara öýüň, 600 keçäniň pes bahalar bilen alnandygy; 321 müň manat puluň, 130 atyň, 12206 telpegiň, 130 keçäniň bolsa hiç hilli tölegsiz ýygnalandygy barada Zakaspiý uýezd naçalnigi Türküstan general-gubernatoryna iberen hatynda görkezipdir.

Patyşa çinownikleriniň eden-etdilikleri halkyň närazylygyny barha güýçlendiripdir. Bu çydamsyz ýagdaý 1916-njy ýylda türkmenleriň umumymilli-azat edijilik hereketiniň başlanmagyna sebäp bolupdyr we tutuş Türküstan ülkesini öz içine alypdyr.

**1916-njy ýylda Hywa türkmenleriniň gozgalaňy.** Hywa türkmenleriniň gozgalaňlary eýýäm 1914-nji ýylda başlanypdyr. Hywa hanlarynyň ýer-suw meselesi babatda adalatsyz syýasaty, üstesine-de, uruş üçin dürli görnüşli salgytlary tölemäge türkmenleriň zorluk bilen boýun ediljek bolunmagy gozgalaňyň başlanmagynyň esasy sebäbi bolupdyr. Hywa hany Isfendiýar ilatdan ýygnaýan 24 dürli salgydyny az görüp, türkmenler üçin täze "At salgydyny" girizýär, urşa kömek bahanasy bilen ilaty talaýar, rus patyşasyna arkasyny diräp, türkmenleri toba getirmek üçin 110 müň manat jerime salyp, zor bilen ýygnadyp başlapdyr. 1914-nji ýylyň dekabrynda Türküstan general-gubernatory ***Martson*** front üçin hywaly türkmenlerden 10 müň sany possun bermegi talap edýän perman çykarýar. Türkmenlerden 30 müň adamy ýygnap, urşa ibermäge taýynlamagy buýurýar. Türkmenleriň gahar-gazaby artyp, **Şammy keliň (1873 - 1918)** baştutanlygynda türkmen etraplarynyň ilaty ýaraga ýapyşýar. Olar obalaryndan hanyň wekillerini çykaryp kowýarlar, salgyt ýygnap ýören birnäçe ýasawullary öldürýärler. Gazawatdaky hanyň häkiminiň köşgüni talaýarlar. 1915-nji ýylyň 7-nji iýunynda Hywanyň 30 km golaýyndaky Akderbent diýilýän ýerde uly söweş bolupdyr. Söweşde Hywa hanynyň goşuny türkmen-lerden ýeňilýär we gozgalaňçylara eglişik etmeli bolupdyr. Hywa hany Isfendiýar Daşkende gyssagly habar ýetirýär. General-gubernatoryň buýrugy bilen Dörtgüldäki harby bölümden polkownik ***Kolosowskiý*** 200 atly jeza beriji otrýady bilen Hywa hanyna kömege gelipdir.

Halkyň halys degnasyna degen zat oňa gyz salgydynyň salynmagy bolupdyr. 1916-njy ýylyň ýanwar aýynyň ilkinji günlerinde 14 ýaşly özbek gyzy, 15 ýaşly garagalpak gyzy hanyň haremhanasyna getirilip, öldürilip, gizlinlikde atasy öýüne eltilip taşlanýar. Bu ahwalat ile aýan bolup, Hojail, Maňňyt, Şabat, Ürgenç, Manak, Gürlen etraplarynyň ilatyndan 3 müňe golaý elleri tüpeňdir pyçakly, atly-pyýada adamlar Hywanyň üstüne ugrapdyr. Olar Şammy kele we beýleki taýpa-tire serdarlaryna Isfendiýar hany tagtdan agdaryp, özünem öldürmäge, patyşa emeldarlaryny Hywadan kowmaga kömek

bermeklerini sorap ýüz tutupdyrlar. 1916-njy ýylyň 18-nji ýanwarynda Şammy keliň baştutanlygynda 1500 atly Hywa tarap ýola düşüpdir.
19-njy ýanwarda gozgalaňçylar Hywanyň alkymyna gelipdirler. Dowla düşen köşk emeldarlary maslahat geçirip, gozgalaňçylary şähere goýbermän saklamak, Isfendiýar hany tagtdan el çekmäge boýun etmek, göwnemese öldürmek, han tagtyna bir wagtyň özünde iki adamy-özbeklerden Isfendiýar hanyň uly dogany Seýit Abdyllany we türkmenlerden Jüneýit hany çykarmagy karar edýärler.
Şondan soň işan-pirleriň märekä çykyp, wagyz-nesihat etmegi gozgalaňy birbada togtadýar. Oňa çenli polkownik Kolosowskiý öz otrýady bilen Hywa gelip, gozgalaňçylaryň birnäçesini tussag edip, zyndana taşlaýar, köpüsiniň ýaraglaryny ellerinden alyp, özlerinem gamçylap, öýli-öýüne kowup goýbcrýär.

1916-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda gozgalaňçylar ýene-de Hywany gabaýarlar we hanyň emeldarlarynyň, baýlaryň mülklerine çozup, zatlaryny talap başlaýarlar. Bu gezek Jüneýit hanyň özi gelip, töwella edip, halky öýli-öýüne dargadýar.

Hywa türkmenleri Şammy keliň baştutanlygynda Manak, Gylyçbaý, Kyýat, Maňňyt, Daşoguz, Gazabat, Şabat, Gürlen galalaryny eýeläp, 8-nji fewralda ýene-de Hywany gabap, şähere dökülýärler. Hanyň köşgüni eýeläp talaýarlar. Polkownik Kolosowskiniň otrýady bilen söweşe girýärler, zyndanlary açyp, bendileri boşadýarlar.

13-nji fewralda Jüneýit han Hywa gelýär we talaňçylygy bes etdirýär. Öz haremhanasynda aýal geýiminde gizlenen Isfendiýar hany tapdyryp, aýagyna ýykdyrýar. Hywa hany ant içip, ähli zada kaýyl bolýar. Jüneýit han türkmenleri Hywadan alyp, yzyna gaýdýar. Isfendiýar han bolsa gyssagly goşun sorap Daşkende habar ýollaýar.

15-nji fewralda general Galkiniň 5 müň esgerli top-tüpeňli goşuny Hywa ýetip gelýär. Dessine gozgalaňa gatnaşandyr diýlip güman edilýän adamlardan 700-sini dardan asdyryp, hossarlaryna bermegi gadagan edýär.

15-nji martda general ***Galkin*** türkmen obalarynyň üstüne çozuş edýär. Şammy keliň atlylary duşmany geçirmejek bolup söweşe girýärler. Ok-ýaragy gurat goşun gozgalaňçylardan 1500-e golaý adamy gyrypdyr. Galkiniň jeza beriji otrýady iki ýarym aýyň dowamynda

türkmen obalaryny aýlanyp, bigünä adamlaryň müňlerçesini gyrypdyr. Şeýdip, 1916-njy ýyl "***Galkin ýyly*** " ady bilen halkyň ýadynda ömürlik galypdyr.

2-nji maýda general Galkin Daşkende şeýle habar iberipdir: "Hanlykda öňki düzgün-tertip doly dikeldildi. Ýakyn ýyllarda türkmenler tertibi bozar diýmäge hiç hili esas ýok". Emma beýle bolmady, erkanalygy hemme zatdan eý görýän türkmen ýene-de baş göterdi.

**1916-njy ýylda Tejen daýhanlarynyň gozgalaňy**. Tizara milli azat edijilik hereketiniň täze bir ýokary göterilişi başlanýar. Patyşa Nikolaý II (Ak patyşa) bakna edilen halklardan uruş barýan ýerlerde goranyş desgalarynyň gurluşygy üçin işçileri **pälä** almak barada perman çykarýar (**parsça "pälä - işçi").** 1916-njy ýylyň 6-njy iýulynda harby ministriň buýrugynda imperiýanyň rus däl halklaryndan pälä jemi 250 müň adam, şol sanda Zakaspiý oblastyndan 15 müň adam almak tabşyrylýardy.
Pälä gitmek ýene-de garyplaryň paýyna düşüpdir. Hanlar, kethudalar, ýasawullar, hat-petek gatnadýanlar, dilmaçlar, kazy-kelanlar pälä gitmekden boşadylypdyr. Barly adamlarada obasyndan deregine birini tutup ibermäge rugsat berilýär. Ak patyşanyň permany jar edilen badyna türkmen obalarynyň ilaty ýygnanyşyp, "ölmeli bolsa ölmeli, ýöne pälä adam bermeli däl" diýen karara gelipdirler. Daýhanlaryň päle sebäpli gozgalaňlary Krasnowodsk, Tejen, Mary uýezdlerinde has-da güýçli bolupdyr.

Halk hereketiniň güýçli bolan ýerleriniň biri Tejen uýezdidir. Oktýabr aýynyň başynda Tejen uýezdinden 100-den gowrak ýaş ýigit zorluk bilen ýygnalyp äkidiljek wagty obalaryň ilaty öz adamlaryny bermejek bolup gozgalaň turzupdyr. Rus otrýady gozgalaňy basyp ýatyrýar we 22 adamy tussag edip, Tejeniň türmesine äkidýär.

Oktýabryň 5-nden 6-syna geçilýän gije Tejen uýezdiniň Utamyş wolostyndan eline ilen zady bilen ýaraglanan 2500-e golaý daýhan Alty sopynyň hem-de Eziz hanyň baştutanlygynda uýezd edarasynyň üstüne ugraýarlar. Gozgalaňçylaryň bir topary Tejen derýasynyň üstünden geçýän köprini eýeläpdirler. Beýleki bir topary Tejen şäherindäki demir ýol menziline hüjüm edýär. Ruslara ýaranjaňlyk edip, iliň gözünden düşen **Mömin Pälwan (Hümmet Wolostnoý)** gaçyp, uýez naçalnigi polkownik Belanowiçe gozgalaňçylaryň şähere ýetip gelýändigini habar berýär. Polkownik bada-bat goşunlary goýmaly ýerinde goýuşdyryp, gozgalaňçylary oka tutýar. Ýüzlerçe gozgalaňçy öldürilýär, ýaralanýar. Gozgalaň basylyp ýatyrylýar, gozgalaňçylaryň 45-si tussag edilýär. Şondan soň päleçilige adam alnyp başlanýar.

**Etrek-Gürgen sebitlerine general Madritowyň jeza beriji ýörişi.** Etrek-Gürgen etraplarynda hem salgytlar, päleçilik halkyň gahar-gazabyny döredipdir. 1916-njy ýylyň 17-nji awgustynda Çekişler pristawlygynda ***Baba Gylyjyň, Mergen arçynyň, Esen hanyň, Şyhy hanyň*** ýolbaşçylygynda gozgalaňçylaryň 3000-e golaý atlysy pristawlyklaryň, serhet postlarynyň üstüne çozup başlapdyr. Köp obalaryň adamlary mallaryny, zatlaryny alyp serhetden aňryk gidip ugrapdyrlar. Soňra bu gozgalaň tiz wagtdan Akgala, Kümüşdepe, Kümmetkowus, Marawdepe etraplaryna hem ýaýrapdyr. Patyşa goşunlarynyň gozgalaňy basyp ýatyrmaga güýji ýetmändir.

Türküstan goşunlarynyň baş serkerdesi general Kuropatkin öz iň ynamdar adamy, rehimsiz general Madritowy gyssagly goşun bilen Etrek-Gürgene iberip, "topalaňçy" türkmenleriň garşylygyny syndyrmagy, baştutanlaryny ele salmagy, ähli ýaraglary

ýygnamagy, ähli atlary we gara öýleri almagy, pälä degişli adamlary tiz ýygnap ugratmagy buýrupdyr.

Aşgabatdan, Krasnowodskiden top-tüpeňli, ykjam ýaraglanan goşun Etrege barypdyr. General Madritow "topalaňçy ilatyň " malyny, öýüni, haly-palas, şaý-seplerini alyp, öňünden çykan obalary otlap, ilatyny gyryp, zorlap, 3-nji dekabrda Gürgen derýasyna ýetipdir. General Madritow ele düşen türkmenlerden 700 adamy atyp öldürýär. Halkyň elinden 3200 tüpeň, 5 müň düýe, 5 müň at, 100 müň dowar, 2,5 müň iri sahly mal, 5 ýüz öý, müňlerçe haly-palas, şaý-sep talanyp alnypdyr. Ilatyň gyrylmagyny bes etmek üçin Baba Gylyç, Mergen arçyn we beýleki gozgalaňa ýolbaşçylyk edenler boýun egip gelipdirler.
Şeýlelikde, 1916-njy ýylda Türkmenistanda urşa, baknalyk düzgünlerine we ýerli han-beglere garşy milli azat edijilik gozgalaňlary bolup geçdi. Bu gozgalaňlar Türkmenistanyň taryhynda Gökdepe söweşinden soň halkyň öz erkanalygyny gazanjak bolup başlan ilkinji ýaragly çykyşy bolupdy.

**9-njy tema: Türkmenistan Garaşsyzlyk döwründe.**

**Soraglar:**

**1.** Milli özbaşdaklyga tarap gadam.

**2.** Jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň özgerdilmegi.

**3.** Türkmenistanda ykdysady özgertmeler, bazar gatnaşyklaryna geçilmegi.

**1. Milli özhaşdaklyga tarap gadam.** 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap öňki SSSR-iň dargamak döwri başlandy. Onuň düzümine girýän respublikalar garaşsyzlygyny talap edip başladylar. Respublikalaryň öz içinde hem milletara gapma-garşylyklar başlanyp, olar ýaragly çaknyşyklara çenli baryp ýetdi. SSSR-de ykdysady kynçylyklar güýçlendigiçe, respublikalaryň garaşsyzlyk ugrundaky hereketi güýjedi. Respublikalar özygtyýarlylygy hakyndaky jarnamalary kabul etdiler.

1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda TSSR Ýokary Sowetinde Türkmenistanyň Özygtyýarlylygy hakynda jarnama kabul edildi.

Jarnamada "Türkmenistan SSR-i özygtyýarly döwlet bolup, öz çäklerinde häkimiýeti doly amala aşyrýar. Ol türkmen halkynyň milli döwletiniň goralmagyny we aman saklanylmagyny üpjün edýär" diýilýär.

Jarnama Türkmenistan SSR-niň çäkleriniň we deňizdäki ykdysady zolagynyň çäklerindäki ýerüsti we ýerasty baýlyklarynyň, howa giňişliginiň, suw we beýleki tebigy baýlyklarynyň türkmen halkynyň eýeçiligindäki milli genji-hazynasydygy we Respublikanyň özygtyýarlylygynyň maddy esasy bolup durýandygy aýdylýar.

Jarnamada Türkmenistan SSR-nde onuň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň hökmürowanlygy, onuň ýeriniň dowam edýän serhetlerde eldegrilmesizdigi, halk tarapyndan erk bildirilmese üýtgedilip bilinmejekdigi nygtalýar. Jarnama Respublikanyň jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn garşylandy.

**2. Jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň özgerdilmegi**

**Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň döredilmegi.** Jemgyýeti özgertmek çuň manysynda milleti özgertmegi, ony ruhy-ahlak taýdan täzeden döretmegi aňladýar. Bu milli döwletiň kemala gelmeginde örän möhüm orun bolup durýar. Garaşsyzlygymyzy almagymyzyň yzysüre, Halk Maslahatynda (1992 ý.) Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň başlanýandygy yglan edildi. Oňa jemgyýetçilik guramalary, intelligensiýa wekilleri goşuldylar.

1994-nji ýylda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň I gurultaýynyň mejlisi boldy.

Milli Galkynyş hereketi - Garaşsyz Türkmenistany ýakyn 10 ýylyň dowamynda dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşmak, onuň halkynyň eşretli, bagtly ýaşamagy ugrundaky ählihalk göreşidir. Ol parahatçylygy, agzybirligi, jebisligi,

tutanýerli zähmeti baýdak edinen halkyň öz bagtyna ýetmek ugrundaky mukaddes göreşidir. Ata Watanda - Türkmenistanda ösen ykdysadyýeti, ylmy, medeniýeti, ajaýyp ýaşaýyş we durmuş şertlerini döretmek ugrundaky türkmen
halkynyň at-abraýyny, mertebesini arşa götermek üçin alnyp barylýan işlerdir.
Milli Galkynyş hereketiniň ruhy sütüni ynsan mertebesini beýige galdyrmakdan ybaratdyr. Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň 1-nji gurultaýy Milli geňeşi saýlady. Gurultaýda Galkynyş hereketiniň başlyklygyna Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazow saýlandy. Şol döwre çenli Türkmenistanyň Demokratik partiýasy (1991 ý.) döredilipdi. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy (1991 ý.), Kärdeşler arkalaşygy (1993 ý.), Ýaşulular maslahaty, Zenanlar birleşigi (1994 ý.) işläp başladylar. Milli "Galkynyş" hereketiniň Milli geňeşi olaryň alyp barýan işleriniň esasy ugurlaryny kesgitleýär we durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär.
Umumymilli "Galkynyş" hereketinin II (1996 ý.), III ( 2001 ý.), IV (2006 ý.) we nobatdan daşary V (2007 ý.) gurultaýlarynda herekete girýän guramalaryň alyp barýan işleriniň jemi jemlenildi. Nobatdan daşary V gurultaýda "Galkynyş" hereketiniň, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Başlyklygyna Türkmenislanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow saýlanyldy.
Häzirki wagtda Umumymilli "Galkynyş" hereketine 70-e golaý jemgyýetçilik guramalary we döredijilik birleşmeleri girýär. Olar Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri we daşary syýasatyny giň köpçülige düşündirmek, jemgyýeti ahlak we ruhy taýdan tämizlemek işini alyp barýarlar.

**Umumymilli "Galkynyş" hereketine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň işi.**

***Türkmenistanyň Demokratik partiýasy.*** 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda bu syýasy-jemgyýetçilik guramanyň gurultaýy bolup geçdi. Partiýanyň başlyklygyna Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A Nyýazow saýlanyldy. TDP öz Maksatnamasyna we Düzgünnamasyna laýyklykda işleýän özbaşdak syýasy guramadyr. Onuň esasy maksady Türkmenistanyň döwlet gurluşyny pugtalandyrmakdan, ýurtda umumadamzat gymmatlyklaryna esaslanyp, ynsanperwer demokratik jemgyýeti gurmakdan, adamyň hukuklaryny hem-de mynasyp ýaşaýyş şertlerini üpjün etmegi kepillendirmekden durýar.
Demokratik partiýa öz işlerini Umumymilli "Galkynyş" hereketine girýän jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde alyp barýar.
Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň metbugat neşirleri "Galkynyş" we "Wozroždeniýe" ady bilen çap edilýär.

***Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy.*** Guramanyň 1991-nji ýylyň noýabrynda bolup geçen I gurultaýynda oňa Magtymguly Pyragynyň adyny dakmak karar edildi. Gurultaý guramanyň Maksatnamasyny we Düzgünnamasyny tassyklady. Guramanyň öňünde ýaşlary Watana wepaly ruhda terbiýelemek, ýurduň garaşsyzlygyny aýap saklamak, ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak işlerine işeňňir gatnaşmak wezipesi goýuldy.

Ýaşlar guramasynyň işiniň esasy ugurlaryny “Wagyz - nesihat” habar beriş topary alyp barýar. Olaryň esasy wezipesi ähli döwlet maksatnamalaryny düşündirmekden we wagyz-nesihat etmekden ybaratdyr.
Ýaşlar guramasy milli medeniýeti, sungaty ösdürmäge, ýaş zehinleri ýüze çykarmaga, ýaş ýerine ýetirijileri höweslendirmäge uly üns berýär.
Köpçüligiň arasynda neşekeşlige we beýleki zyýanly endiklere garşy göreş çäreleri: tegelek stollar, duşuşyklar, ýaşulularyň çykyşlary guralýar.
***Kärdeşler arkalaşyklary*** 1993-nji ýylda döredildi. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ençeme gymmatly başlangyçlary bar. Olaryň möhüm wezipesiniň adamlaryň saglygyny, abadançylygyny aýap saklamakdan ybaratdygy nazara alnyp, kärhanalarda we guramalarda zähmet hem durmuş şertleriniň jem gyýetçilik gözden geçirilişi guralýar.
Kärdeşler arkalaşyklary dürli baýraklary döretmek, olar bilen önümçiligiň öňdebaryjylaryny sylaglamak, üpjünçiligi pes maşgalalaryň çagalaryna okuw esbaplaryny mugt bermek, Täze ýyl sowgatlaryny gowşurmak ýaly çäreleri geçirýär. Kärdeşler arkalaşyklary ilat arasynda terbiýeçilik, neşekeşlige we beýleki zyýanly endiklere garşy göreşmek, şäher we obalary abadanlaşdyrmak işlerine işeňňir gatnaşýarlar. Arkalaşyklar adamlaryň gujur-gaýratyny önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, zähmetiň goralyşyny gowulandyrmaga, önümçilikde talabalaýyk şertleriň döredilmegini gazanmaga gönükdirýärler.
***Ýaşululaiyň maslahaty*** - geňeşi - halk demokratiýasynyň tapylgysyz bir görnüşi. Türkmenler asyrlarboýy has möhüm, derwaýys meseleleri parasatly gojalaryň ýygnanyşygynda ara alyp maslahatlaşypdyrlar.
Ýaşularyň I maslahaty (1990 ý.) Türkmenistan garaşsyzlygyny almagynyň öň ýanynda geçirildi.
Ýaşularyň II - VI maslahatlarynda (1991 - 1995 ý.) Türkmenistanyň ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýy, Konstitusiýanyň taslamasy, “10 ýyl abadançylyk” , “Saglyk” maksatnamalary ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýaşularyň VII maslahatyndan (1996 ý.) başlap ýaşularyň ýygnanyşygy Umumymilli “Galkynyş” hereketiniň hem-de Halk maslahatynyn mejlisleri bilen bilelikde geçirilýär. IX Ählihalk maslahatynda (1999 ý.) “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry» Milli maksatnamasy, XII Ähliha1k maslahatynda (2001 ý.) Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasy, XIV Ähliha1k maslahatynda (2003 ý.) “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli maksatnamasy kabul edildi. Şeýle hem Ähliha1k maslahaty Halk Maslahaty diýip atlandyryldy.
XX Halk Maslahatynda (2007 ý.) oba hojalygyny ösdürmek bilen bagalanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda döwlet dolandyryş ulgamy hökmünde Halk Maslahaty ýatyryldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen

Türkmenistanyň Ýaşulular maslahaty döredildi we onuň I mejlisi 2009-njy ýylyň 6-njy martynda Türkmenabat şäherinde geçirildi. Türkmenistanyň Ýaşulular Maslahatynyň nobatdaky mejlisi 2010-njy ýylyň 14-15-nji maýynda
Daşoguz şäherinde geçirildi.
Ýaşulularyň maslahatynda "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 - 2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasy kabul edildi.
***Türkmenistanyň Uruş weteranlarynyň guramasy*** 1995-nji ýylda döredilip, 1999-njy ýylda oňa Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň ady dakyldy.
Weteranlar guramalary weteranlaryň zähmet, ýaşaýyş jay baradaky we beýleki hukuklaryny goramagy, Watan goragynda wepat bolanlaryň ýadygärliklerini aýawly saklamagy, "Hatyra", "Şöhrat" kitaplarynyň ýazylmagyna ýardam etmegi öz borjy hasap edýär.
***Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi*** 1994-nji ýylda döredildi. Zenanlar birleşigi haýyr-sahawat işlerini özüniň raýatlyk hem ynsanlyk borjy hasap edýän zenanlary öz hataryna goşýar. Birleşigiň näsaglara, ýetim çagalara we maýyplara howandarlyk etmek ýaly ynsanperwer işi kän. Öz hataryna 1 milliona golaý aýal-gyzlary birleşdirýän gurama ýurdumyzda bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde olaryň zähmete we dynç alşa hukuklaryny goramaga, maşgalany, enäniň we çaganyň goraglylygyny pugtalandyrmaga, ýaş nesli döwrebap terbiýelemäge ýardam edýär.
**3. Türkmenistanda ykdysady özgertmeler, bazar gatnaşyklaryna geçilmegi**
**"10 ýyl abadançylyk" maksatnamasynyň kabul edilmegi.** Türkmenistanda halkyň bähbidini we milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan "10 ýyl abadançylyk" maksatnamasy işlenip düzüldi we 1992-nji ýylda Halk Maslahatynda kabul edildi. Maksatnamada ýakyn 10 ýylyň içinde ýurdumyzda syýasat, ykdysadyýet, durmuş we medeniýet babatda ýetilmegi göz öňünde tutulýan sepgitler bellenildi.
Garaşsyzlygymyzdan ozal ýurdumyzyň ykdysadyýeti merkeze bagly bolup, birtaraplaýyn, ýagny diňe çig mal öndürmäge uýgunlaşdyrylypdy. Garaşsyz döwletiň raýatlaryny bolelin durmuşda ýaşatmak, senagaty, oba hojalygyny we beýleki pudaklary ösdürmek üçin ykdysady özgertmeleri geçirmek zerurdy.
Türkmenistanda dünýä tejribesine we öz milli aýratynlyklaryna esaslanýan bazar ykdysadyýetine geçmekligiň *türkmen nusgasyny* durmuşa geçirýär.
Türkmenistanda özbaşdak bazar ykdysadyýetine geçmek üçin zerur bolan dört şertiň dördüsem bar. Olar, *birinjiden,* ýurtdaky syýasy durnuklylykdan, *ikinjiden,* "Açyk gapylar" we hoşniýetli bitaraplyk syýasatlaryndan, *üçünjiden,* geçiş döwrüniň döwlet gözegçiligini üpjün edýän güýçli häkimiýetden we demokratiýadan, *dördünjiden,* düýpli maýa goýumlaryndan we çig mal serişdelerinden ybaratdyr.
Türkmenistany gülläp ösüp barýan ýurda öwürmegi maksat edinýän ykdysady özgertmede eýeçiligiň garyşyk görnüşini döretmäge, eýeçiligiň dürli görnüşlerini saklap, hususy eýeçilige-de ýol açmaga, olaryň utgaşykly ösdürilmegini üpjün etmäge ugur alyndy. Käbir GDA döwletleriniň bazar ykdysadyýetine geçmekde ulanylan

çürt-kesik özgertmek (şok terapiýasy) usuly ret edildi, döwlet eýeçiliginde duran milli baýlyklarymyzyň dargadylmagyna ýol berilmedi.
Oýlanyşykly düzülen ykdysady reformanyň ýene-de bir aýratynlygy ykdysadyýetiň ösdürilmegi uly kärhanalaryň gurluşygyna başlamak bilen däl-de, ownuk we ortaça telekeçiligi ösdürmekden, daşary ýurt maýalaryna we tehnologiýalaryna giň ýol açmakdan başlanyldy.
Türkmenistanda ykdysadyýeti *kem-kemden özgerimek (ewolýnsion)* ýoly saýlanyp alyndy. Döwlet ykdysadyýetde bazaar gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär we onuň kadaly ösüşini dürli usullar arkaly goldaýar.
Şeýlelikde, bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasynyň häsiýetli taraplary onuň özboluşlylygydyr, milli däp-dessurlaryň, reformalaryň endigan, kem-kemden amala aşyrylmagynyň doly göz öňünde tutulmagydyr. Ykdysady reformalaryň sosial hajatlara gönükdirilendigi we ilatyň durmuş taýdan goraglylygydyr, ýurduň raýatlarynyň hal-ýagdaýy barada döwletiň alada edýänligidir.
**Geçiş döwri, onuň aýratynlyklary.** Türkmenistanda Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda köne, sowet jemgyýetçilik ulgamyny üýtgedip gurmak, emele gelýän täze demokratik gurluşy dumuklaşdyrmak, ýaş döwletiň ähli ugurlarda ösüp başlamagyny gazanmak üçin geçiş döwri üçin 10 ýyl göz öňünde tutulypdy. Geçiş döwründe jemgyýetiň agzybirligini, asudalygyny üpjün etmek üçin "10 ýyl abadançylyk" maksatnamasy işlenip düzülipdi we durmuşa geçirilipdi. Emma täze
jemgyýeti kemala getirmek, adamlaryň aňyny hem täzelemek kyn we çylşyrymly mesele bolup çykdy.
Şol sebäpli, IX Halk Maslahatynda (1999 ý.) *"Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry* "Milli maksatnamasy kabul edildi. Milli maksatnamany amala aşyrmagyň birinji tapgyrynda (2000 - 2005 ý.) ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly bäsleşige ukyply senagat önümleriniň hilini ýokarlandyrmak, oba hojalyk pudaklaryny ösdürip, azyk garaşsyzlygyny pugtalandyrmak wezipesi goýuldy.
2006 - 2010-njy ýyllarda göz öňünde tutulan ikinji tapgyrda ykdysadyýetiň sazlaşykly ösüşini saklap, senagat önümçiligini adamlaryň durmuş hajatlaryna gönükdirmek göz öňünde tutuldy.
Türkmenistanyň sosial-ykdysady, medeni durmuşynyň ähli taraplaryny öz içine alan milli maksatnama toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, ykdysady özbaşdaklyk gazanmak, esasy önümleri ýurduň özünde öndürmek, şäherlerde we obalarda täze iş ýerlerini döretmek, ilaty maddy taýdan goldamak; ekologiýa çärelerini geçirmek ýaly ugurlara aýratyn üns berildi. Maksatnamada bellenilen ähli ugurlar boýunça işler üstünlikli durmuşa geçirilip başlandy.
Ýurdumyzyň kuwwatynyň artmagy bilen baglanyşyklylykda ykdysadyýetiň ösüşini has uzak möhlete meýilnamalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykdy. Mysal üçin, “Tükmen köli”, “Tükmenistan - Hytaý” gaz geçirijisi, “Aşgabat - Garagum - Daşoguz” demir ýoly ýaly uly gurluşyklar milli maksatnamada göz öňünde tutulmandy.

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli maksatnamasy 2003-nji ýyldaky XIV Halk Maslahatynda kabul edildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda täze Galkynyş eýýamynda bu milli maksatnamamyz üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň halkynyň ýaşaýyş-durmuşy günsaýyn eşrete öwrülip, döwletimiz özüniň ykdysady görkezijileri boýunça dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirilýär.

**Döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylmagy.** Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçilip başlanmagy bilen zerur kanunçylyk namalarynyň uly toplumy kabul edildi.

Eýýäm garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda “Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakyndaky”, “Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky” (1992ý.), “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakyndaky” (1993 ý.) kanunlar we “Daşary ýurtlaryň inwestisiýalaryny we maýa goýumlaryny goramagyň kepilnamalary hakyndaky” (1993 ý.) kararlar kabul edilip, olarda bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe ýurduň ykdysady ulgamynyň kanunçylyk esaslary kesgitlenildi.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertleri göz önünde tutýan “Açyk gapylar” syýasaty yglan edildi. *"Açyk gapylar”* syýasaty bu daşary ýurt maýa goýumlaryna, harytlaryna derwezeleri giňden açmakdyr, daşary ýurt maýadarlaryny bilelikdäki kärhanalary gurmak işine çekip, milli ykdysadyýeti häzirki zaman tehnologiýasy bilen enjamlaşdyrmak we dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply önümleri öndürmekdir.

“Açyk gapylar” syýasaty, daşary ýurt telekeçileriň emläkleriniň eldegrilmesizliginiň kanun arkaly kepillendirilmegi öz netijelerini berdi, daşary ýurt firmalary, telekeçileri Türkmenistany syýasy taýdan durnukly döwlet hökmünde tanap, onuň ykdysadyýetine maýa goýup başladylar.

Türkmenistanda kabul edilen döwleteýeçiligini hususylaşdyrmak hakyndaky kanunda (1993 ý.) *“Eýeçiligi döwleliň garamagyndan aýyrmak”* düşünjesiniň manysyna kesgitleme berilýär. Ol hojalygy dolandyryş ygtyýarlyklarynyň we wezipeleriniň kärhanalar derejesine berilmegini, döwlet eýeçiliginiň başga eýeçilik görnüşlerine, ýagny belli bir köpçüligiň ygtyýaryndaky kärhanalara, paýdarlar jem gyýetlerine, kooperatiwlere, döwlet eýeçiliginde durmaýan beýleki kärhanalara öwrülmegini aňladýar.

Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak 1994-nji ýylda başlady we tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. 1999-njy ýyla çenli dowam eden birinji tapgyrda ilata durmuş taýdan hyzmat edýän söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, halkyň sarp edýän harytlaryny öndürýän kärhanalar, gurluşyk materiallary, senagatynyň kärhanalary, gurluşygy togtadylan we gurluşygy taşlanan önümçilikler hususylaşdyryldy. 1999-njy ýyldan başlap uly senagat, gurluşyk, ulag kärhanalary, şeýle hem beýleki pudaklaryň kärhanalary hususylaşdyrylýar. Hususylaşdyrmagyň bu tapgyrynda paýdarlar jemgyýetleri, kompaniýalar, maýa gaznalary, aksiýa (gymmatbaha kagyzlary) bazary döredilýär.

Döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylmagy telekeçiligiň ösmegine, ykdysadyýetiň döwlete degişli däl böleginiň pugtalanmagyna itergi berýär. Telekeçileriň, fermerleriň, kärendeçileriň milli gatlaklary döreýär we ösüp barýar. Olar ýurtda esasy hususy haryt öndürijiler bolup durýar.
2008-nji ýylyň 17-nji martynda hormatly Prezidentimiziň karary esasynda Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi, döwletiň ykdysady gurluşynda milli telekeçiligiň, hususy sektoryň mynasyp orun eýelemegine ýol açdy. Ýurt Baştutanymyz 2009-njy ýylyň martynda bolup geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda oba hojalygynda-da telekeçiligiň ornuny has pugtalandyrmak barada çözgütleri orta atdy. Şonda hormatly Prezidentimiz: "Ykdysadyýetiň oba hojalyk toplumyny girdejili etmek üçin ony ýuwaş-ýuwaşdan bazar gatnaşyklaryna geçirip, girdejili pudaga öwürmelidiris" diýip aýtdy.
Hormatly Prezidentimiziň hasapdan öçürilen oba hojalyk tehnikalaryny kärendeçilere bermek baradaky karary oba adamlarynyň ýurduň umumy ösüş hereketine işjeň goşulmaklaryna, obany ösdürmekde öz orunlaryny giňeltmekde şert döretdi. Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisinde "Hususy telekeçilere
hemmetaraplaýyn goldaw bermek boýunça hem yzygiderli iş alyp barmaly. Telekeçileri gerek bolmadyk artykmaç barlaglardan, zerur bolmadyk dürli resminamalary taýýarlamakdan dyndannaly" diýip nygtady.
goýlan harytlardyr.